TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

MYRAT ALLAKOW

ABU ALY IBN SINANYŇ ÖMRI WE YLMY MIRASY

AŞGABAT - 2010

Synçylar:

Annaorazow J. (Magtymguly adyndaky TDU, uly mugallym)
Hamraýew G. (Magtymguly adyndaky TDU, uly mugallym)

Kitapda Gündogaryň beýik akyldary Lukman Hekimiň (Abu Aly ibn Sinanyň, Awisennanyň) durmuş ýoly, şeýle-de medisina, filosofiýa, logika we beýleki ylymlar boýunça ýerine ýetiren işleri barada maglumatlar berilýär.

Kitap ýokary okuw mekdepleriň mugallymlary we talyplary üçin niýetlenen. Ondan mekdep mugallymlary, taryh, geografiýa, jemgyýeti öwreniş, matematika fizika we beýleki ugurlaryň hünärmenleri-de peýdalanyp biler.

Jogapkär redaktory: Kulyýew K. (Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy)



GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Türkmen halkynyň ençeme alymlary, şahyrlary uzak asyrlaryň dowamynda öz köptaraply ylmy we ajaýyp çeper eserleri bilen türkmeniň adyny şöhratlandyrdy. Olar ylmy we çeper döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşüne önjeýli goşant goşdular.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow

GIRIŞ

Ady adamzat jemgyýetiniň taryhynda altyn harplar bilen ýazylan ynsanlar dünýäde bardyr. Olar onçakly köp hem däldir. Olaryň biride ylymlaryň dürli ugurlary boýunça zähmet çekip, dünýäde özüni tanadan akyldar, beýik alym Lukman Hekimdir. Has takyk aýdanda Gündogaryň orta asyrlar akyldary Abu Aly Hüseýin ibn Abdallah ibn Aly ibn Hasan ibn Sina edil şular ýaly beýiklerdendir. Dünýä we Günbatar ýurtlarynda onuň ady Awisenna diýlip tutulsa, Merkezi Aziýada Lukman Hekim ady bilen tanalýar. Ol ylymlaryň filosofiýa, logika (mantyk), matematika, astronomiýa, geologiýa, mehanika, fizika ýaly ugurlary bilen meşgullanýar.

Lukman Hekim bir ýa-da birnäçe milletiň akyldary däldir diýip adalatly aýdylýar. Onuň pikirleriniň, döredijilikli zähmetiniň, ynamlylygynyň ylmy hem adamkärçilik batyrlygynyň, azatlyk söýüjiliginiň beýikligi, akyldaryň işini we durmuşyny bütin adamzadyň hyzmatyna goýup, müdümilik edipdir. Onuň ady şu günki günde adamzat taryhynda iň köp tanalýan alymlaryň biri bolup, filosoflaryň magaryfçylaryň arasynda uly hormat hem guwanç bilen tutulýar.

XX asyryň tanymal alymlary A. Guaşan, Geýer, gaýtadan dikildiji Mikelanželo ýalylar Abu Aly ibn Sina uly hormat goýupdyrlar. Onuň adamzat jemgyýeti üçin çeken zähmetine mynasyp baha beripdirler.

Abu Aly ibn Sina hem edil Muhammet Musa al-Horezmi, Abu Nasr al-Faraby, Abu Reýhan Biruny, Omar Haýýam ýaly orta

asyr medeniýetiniň we ylmynyň parlak ýyldyzydyr. Ady ýokarda tutulan gerçekler Gündogaryň rennesans döwrüniň ýüregi bolup, adamzat jemgyýetiniň taryhynda özlerine mynasyp orunlary eýelediler.

Eliňizdäki kitap beýik galkynyşlar we täze özgerişler zamansynda döwrebap ylmy nesli ýetişdirmekde mugallymlara oňat gollanma bolup biler.

Golýazmany okap, onuň mazmunyny gowulandyrmak maksady bilen beren gymmatly maslahatlary we kömekleri üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili kafedrasynyň dosenti f.y.k. B. Weýisowa, Türkmenistanyň Medeniýet institutynyň uly mugallymy K. Kulyýewe, dünýä taryhy kafedrasynyň uly mugallymy, t.y.k. J. Annaorazowa, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy M. Penjiýewe öz minnetdarlygymyzy bildirýäris.

Kitap dogrusyndaky pikirleriňizi we maslahatlaryňyzy aşakdaky salga ibermegiňizi haýyş edýäris: Aşgabat şäheri, Türkmenbaşy şaýolunyň 31-nji jaýy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, kartografiýa kafedrasy.

IBN SINANYŇ DURMUŞ ÝOLY

Abu Aly Hüseýin ibn Abdylla ibn Aly ibn Hasan ibn Sina, Günbatarda Awisenna - filosoflaryň şasy, Gündogarda Abu Aly ibn Sina – bolsa, ol Aş-Şeýh-ar-Reýis ady bilen arap dünýäsinde uly meşhurlygyna eýedir. Bu Beýik adam, orta asyrlaryň beýik alymy, akyldary barada dünýäde köpsanly rowaýatlar aýdylandyr.

Abu Aly ibn Sina (40-45 ýaşlarynda).

Abu Aly al-Hüseýin ibn Abdulla ibn al-Hasan ibn Aly ibn Sina Merkezi Aziýaly beýik alym – ensiklopediýaçydyr. Ol 980-nji ýylyň 16-njy awgustynda Buharanyň ýakynynda ýerleşýän uly bolmadyk Afşana obasynda (Özbegistan respublikasynyň häzirki Buhara welaýaty) eneden dogulýar. Häzirki Afşana obasy irki orta asyrlarda türkmen taýpasy afşarlaryň döreden şäheridir (afşarlar häzirki wagtda Eýranda, Türkiýede ýaşaýarlar). Akyldaryň soňky ady Ýewropada “Awnsina (Авиценна, Avicenna)” ady bilen

ýoýulýar. “Sina” dari dilinde “merjeni deşiji (swerleýji)” manyda türkmen diline terjime edilýär[1].

Muhammet Musa al-Horezmi, Abu Reýhan Biruny ýaly alymlardan tapawutlylykda Abu Aly ibn Sina gysga bolsa-da, özüniň terjimehalyny galdyryp gidipdir. Ol “Ömür ýazgysy” diýen at bilen taryha giripdir. Akyldaryň ylmy mirasyny öwrenýän, onuň aýry – aýry eseri hakda pikir ýöredýän her bir adam “Ömür ýazgysyna” seretmeli bolýar. Alymlaryň köp sanlysy traktatyň mazmunyny berse, käbirleri öz kitaplarynda terjimesini doly berýärler.

Abu Aly ibn Sinanyň “Ömür ýazgysy” atly eseri özi hem-de şägirdi (okuwçysy) Abu Ubeýda Juzjany tarapyndan ýazylypdyr. Olar bir-birinden ujypsyz tapawutlanýan iki görnüşde ýazylypdyr. Bu traktatyň has irräk ýazylan nusgasy Abul Hasan Beýhaky tarapyndan 1160-njy ýylda ýazylypdyr. Has soňky mysaly bolsa arap alymlary tarapyndan ýazylýar. Bu bolsa al-Kiftiniň “Akyldarlaryň taryhy” (1200 ý.) we Usaýbiýanyň “Lukmanlaryň terjimehallary hakynda maglumatlaryň çeşmesi” (1242 ý.) diýen traktatynda berilýär.

X asyryň taryhçy alymy Muhammet Narşahynyň bellemegine görä akyldaryň ýaşan döwründe Afşana obasy “Afşana uly şäherden we güýçli berkitmeden durýar. Şähere birnäçe obalar (ýaşaýyşlar) degişli bolup, ol ýerde hepdelik bazar bolýar we kesgitlenen günlerde adamlar ol ýere (Afşana) şäherden çykyp mukaddes ýer hökmünde zyýarat edýärler” diýip belleýär.

Ibn Sinanyň kakasy Abdallah ibn Hasan medeniýetli we özbaşdak adam bolupdyr. Buharada ol salgytlary ýygnaýjy wezipesinde işleýär. Özüniň gulluk borjy boýunça Afşana obasynda hem bolýar, ol ýerde öz maşgalasy üçin jaý gurýar we şol obadan bir gyza öýlenýär.

---

[1] Абу Али Ибн Сина. “Жизнеописание”. В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

“Meniň kakam, - ibn Sina özüniň awtobiografiýasynda belleýär – Balh şäherinden. Ol ýerden Buhara şäherine Nuh ibn Mansuryň hökümdarlyk edýän döwründe gelýär we köşk diwanynda – konselýäriýa işleri bilen meşgul bolýar. Oňa hökümdar Buhara şäheriniň ýakasynda ýerleşen býulikler merkeziniň biri bolan Harmaýsam sebitini dolandyrmagy tabşyrýar. Afşana ýakyn ýerleşen obalaryň birinden meniň ejemi Sitarany gelin edip alýar.

Rus alymy Ý. N. Zawadowskiniň bellemegine görä Ibn Sina Merkezi Aziýanyň pars-dary dillerinde gürleýän awtohton ilatyna degişli hasaplanylýar. Haçan-da kiçijik Hüseýin bäş ýaşyna ýetende Buhara şäherine ýaşamaga göçýärler. Buharada kiçijik Hüseýini başlangyç musulman mekdebine okuwa berýärler. Ol ýerde kiçijik Hüseýin on ýaşyna çenli okaýar. Soňra ibn Sinany kakasy Gurhany we söz (slowesnyh) ylymlaryny öwrenmege berýär. Bu ýerde hem kiçijik Hüseýin özüniň ökdeligi, ýatkeşligi bilen tapawutlanýar.”[1].

Akyldaryň kakasy material taýdan baý bolýar we ogluna ýeterlik hemme taraplaýyn bilim bermek üçin çemeleşipdir (ymtylypdyr). Onuň 5-6 ýaşynda wagty dogany Mahmyt eneden dogulýar.

Kakasy Hüseýini hindi matematikasyny öwretmek üçin matematik lakamly Mahmyt Massohyň ýanyna (käbir maglumatlarda öýüne çagyrypdyr diýlip berilýär) iberipdir. Akyldara matematikany Abu Abdullah an-Natali hem öwredýär. Ysmaýyl Zahytdin bolsa fikhiň çylşyrymly, gümürtük düzgünlerini düşündiripdir. Ol kanunlary öwreniş ylymlaryny jikme – jik has anyk ele alypdyr we delilleri esaslandyrmak üçin logikanyň zerurlygyna göz ýetiripdir. Ýaşlykda öwrenilen kanun Hüseýine çekişme geçirmegiň dürli ugurlaryny (sungatyny), delilleri emele getirmäge (formirlemäge) hem-de ýalňyş zatlara düzediş girizmägi

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

öwredipdir. Bu zatlar tä ömrüniň ahyrky günlerine çenli akyldara zerur bolupdyr.

Hüseýiniň ajaýyp ukyby ir döwürlerde (wagtlarda) ýüze çykarylýar. On ýaşdan soňra kakasy ibn Sinany mekdepden alýar we soňraky bilim almalar diňe öýlerine mugallym çagyrmak bilen geçirilýär. Ol has güýçli depginler bilen matematika, fizika, kanunöwreniş, logika, astronomiýa, filosofiýa, geografiýa we beýleki birnäçe ylymlary özleşdiripdir.

Maşgaladaky asuda we durnukly ýagdaý, ýaşajyk ynsana gün günden ösmäge we kämilleşmäge ýardam berýär. Ibn Sina ýaşlygyny Buhara şäherinde geçirýär. Buhara şol döwürde arap halyfatynyň paýtagty Bagdat şäheri bilen bäsleşipdir. Ol Gündogaryň iň bir iri medeni merkezi hasaplanypdyr.

Ibn Sinanyň özi kakasynyň ynanan ysmaýylatlar sektasyna, olaryň geçiren birnäçe ýygnanyşyklaryna gatnaşan bolsa-da, olara degişli bolmaýar. Ysmaýylatlar yslamyň ortadoksal (sünnitler) sektasyna garşy durýan adamlar bolupdyrlar. Bu sekta VIII asyryň ortalaryna Bagdat şäherinde Ysmaýyl (VI şeýit ymamy Ysafar Sadygyň uly ogly) atly ynsanyň ady bilen beglanyşyklykda emele gelipdir.

Kiçijik Hüseýin çagalykdan bütin dünýäni tanamaga höweslenipdir (ymtylypdyr). Onuň ilkinji mugallymy an-Nataly bolýar. Beýik akyldar özünden öň ýaşap geçen beýik alymlaryň eserleri boýunça käbir predmetleri (dersleri) özleşdirýär, soňra Gurhany öwrenýär. Ondan soňra bolsa, akyldar dünýäniň syrlaryny açmaga ýardam beren beýik alymlaryň traktatlaryny öwrenmäge başlaýar. Olardan: horezmli Muhammet Musa al-Horezmi oňa hindi hasabyny – arifmetikanyň esaslaryny we deňlemeleri çözmegiň iki usulyny – algebranyň esaslaryny öwredýär. Gadymy grek filosofy Porfiriý Tirli (b.e. öňki III asyr) Aristoteliň logikasy bilen tanyş edýär. Gadymy grek alymy we matematigi Ýewklid (b.e. öňki III asyr) – geometriýanyň gapysyny açýar. Gadymy grek alymy we matematigi Klawdiý Ptolomeý (b.e. II asyry) astronomiýa bilen tanyşdyrýar. Emma Abu Nasr al-Faraby bolsa

akyldara uniwersal ylym bolan metafizikanyň we filosofiýanyň syrlaryny açyp görkezmege mümkinçilk döredýär.[1]

Dürli bilimleriň syrlaryny ele almakda Hüseýin öz mugallymlaryndan has-da ökde (üstün) çykýar. Ol mugallymy Abu Abdallah an-Natali barada aşakdakyny ýazýar: "Men mugallymymdan logikanyň başlangyçlaryny öwrenenimden soňra, nähili sorag berse-de, onuň mazmunyna mugallymyň özünden oňat giriýärdim (düşünýärdim). Soňra men logikany okamak bilen meşgullandym we bu ylmyň inçe syrlaryny özbaşdak anykladym. Şeýle-de Ýewklidiň "Başlangyçlary" boýunça 4-5 teoremany mugallymyň ýolbaşçylygynda, emma galanlaryny bolsa özbaşdak anykladym we ondaky kynçylyklary çözüşdürdim. Soňra biz Klawdiý Ptolomeýiň "Almagest (kosmografiýa we astronomiýa boýunça traktat)" kitabyny öwrenmäge girişdik. Haçan-da biz kitabyň giriş bölümini gutaryp (tamamlap) geometriki formulalara geçenimizde, an-Natali meni okatmaga güýçsüzdi (ukypsyzdy). Ol maňa "Özüň oka, teoremalary çöz, soňra meniň ýanyma gel we jemiňi maňa görkez, men saňa bilmedik zadyňy düşündirerin, näme dogry, näme-de dogry däl". Bu ýerde men mugallyma düşünmeýän birnäçe subutnamalaryny özbaşdak habar berdim. Emma mugallymyň özi köp zatlaryň manysyna meniň berýän maglumatlarymyň esasynda düşündi (öwrendi)" diýip belleýär.

Beýik akyldar 15 ýaşynda Gresiýanyň, Rimiň, Müsüriň, Hindistanyň we beýleki ýurtlaryň beýikleriniň lukmançylyk boýunça klassiki işlerini öwrenmäge başlaýar. Emma ol diňe bir teoretiki medisina bilen meşgullanmaýar we köp gezek amaly praktiki medisina degişli bolan işleri hem geçirýär. Bu barada Abu Aly ibn Sina: "...Men şol wagtlar medisinany öwrenmek bilen meşgullanýardym, okan zatlarymy kesellerde gözegçilik etmek bilen doldurýardym, bu bolsa mende islendik keseli bejermegiň birnäçe usullaryny tapmagyma ýardam berdi. Bu zatlary bolsa şol döwrüň kitaplaryndan tapmak mümkin däldi" diýip belleýär. Käbir

[1] Абу Алы ибн Сина и его естественные науки. Ташкент. 1981.

ylmy çeşmelerde ibn Sinanyň ýeretik lukmanlar bilen duşuşyklary barada ýatlanylýar. Bu ýerde olar adamlaryň we atlaryň jesedini kesip (açyp) öwrenýärler. Muny bolsa dürli organizmleriň meňzeşliklerini anyklamak üçin geçiripdirler[1].

Akyldar öz ýatlamalarynda: "Men görenlerime aňkamy aşyrdym. Men görenlerime haýran galdym... Bu maňa gorkuly... Men bir dini bozdum, emma men munuň üçin özümi näletlemeýärin. Men adamy (gurluşyny) öwrenmek üçin we diňe şonuň üçin bu işleri edýärin" diýip belleýär. Ol 16 ýaşynyň içinde teoretiki we praktiki medisinany doly, ýeterlik derejede öwrenýär we tiz wagtyň dowamynda diňe bir Buharanyň çäginde tanymal bolman, eýsem ondan daşarda hem uly meşhurlyga eýe bolýar. Ýaş alymyň ensiklopediki dünýägaraýyşy (duýgusy) akyldaryň diňe bir kämilliginiň we zehinliliginiň (talantynyň) netijesi bolman, eýsem onuň üstaşyr (artykmaç) dartgynly çeken zähmetleri bilen baglanyşyklydyr.

Akyldar öz biografiýasynda: "Men özümi kitaplary okamaga birýarym ýyla ýakyn wagty bagyş etdim. Şol wagtlar men gijelerine ýatmaýardym diýen ýaly. Gündizine hem ylymdan başga hiç bir zat bilen meşgullanmaýardym. Şular ýaly günleri, haçan-da dialektikany, fizikany we matematikany öwrenýänçäm dowam etdirdim. Bu ylymlary özleşdirmek adam üçin örän kyndyr. Soňra men Aristoteliň metafizikasyna ýüzlendim, emma men onuň mazmunyna 40 gezek okap çyksam hem düşünmedim, ýat tutdum diýip belleýär. Emma bir gezek agşamara elmydama gelip gidýän Buharadaky kitap bazarynyň içinden geçip barýarkam kitap satyjy maňa kitaby satyn almagy haýyş etdi (hödürledi). Bu bolsa Abu Nasr al-Farabynyň Aristoteliň "Metafizikasyna" komentariýa kitaby bolup çykýar. Öýe gelip men bu kitaby okap çykdym we

---

[1] Абу Али Ибн Сина. "Жизнеописание". В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

onuň kömegi bilen ýatdan bilýän zatlaryma oňat düşündim” diýip belleýär.[1]

Akyldaryň bu bellikleri bir tarapdan, ýaş alymyň öz isleýän maksadyna ýetmek üçin has durnuklydygyny, beýleki bir tarapdan Buhara şäheriniň ýokary medeniýetiniň bolandygyny görkezýär. Şol wagtlar Buhara şäheriniň kitap bazaryndan erkin ýagdaýda ajaýyp eser bolan Abu Nasr al-Farabynyň Aristoteliň “Metafizika” kitabynyň “komantariýasynyň” satyn alynmagy haýran galdyryjy hadysadyr.

Abu Aly ibn Sina 17 ýaşyna ýetende Gündogaryň ýene-de bir beýik akyldary Abu Reýhan al-Biruny bilen tanyş bolýar.

999-njy ýylda Buhara şäheri garahanlylar tarapyndan basylyp alynýar. Şonuň üçin hem beýik akyldar 1005-nji ýylda Buhara şäherini terk etmeli bolýar we ol ýerden gadymy Horezmiň paýtagty bolan Gürgenç şäherine gelýär. Bu ýerde şol wagtlar öz döwrüniň has tanymal (meşhur) alymlary ýaşapdyrlar. Olardan: taryhçy, matematik, astronom, geodeziýaçy Abu Reýhan Biruny, filosof, lukman we matematik Abul-Haýr Hammar we beýlekiler bolupdyrlar. Ibn Sinanyň bu alymlar bilen bilelikdäki işleri biliminiň soňraky artmagyna ýardam berýär. Akyldaryň Horezmde işlän ýyllary has-da önjeýli hasaplanylýar. Emma geliň biz ýene-de Buharada 999-1005-nji ýyllara gaýdyp geleliň. Beýik akyldar bu ýerden dessine gitmezliginiň sebäbini Buharada uruş zerarly köpsanly ýaraly-şikesli, kesel adamlaryň, ondan başga-da uruş bilen baglanyşykly jesetleriň köp bolmagy bilen düşündirmek bolar. Ol ýerde beýik akyldar medisinanyň anatomiýa ugry boýunça bilimleri kämilleşdirmek we ony ymykly ele almak üçin köp sanly işleri geçiripdir[2].

Abu Aly ibn Sina Gürgenç şäherine gelen dessine “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” we “Sagalma kitabyny” ýazmaga başlaýar. Bu traktatlar bolsa öz gezeginde akyldara

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

[2] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985. 57-59 стр.

mynasyp şöhratlara alyp gelýär. “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” kitabynyň birinji bölüminde anatomiýa degişli bolan bölüm bar. Bu bölümi akyldar özünden öň ýaşap geçen grek akyldarlary Gippokratdan we Galenden has düşnükli we aýdyň beýan edýär. Emma Galeniň anatomiýasy görnükli açyş hasaplanýardy. Bu kitap Ýewropa ýurtlarynda 1500 ýyldan gowrak peýdalanylýar. Emma beýik akyldara Galenden üstün çykmak nähili ýagdaýda başartdyka?

Ibn Sinany filosofiýadan we matematikadan okadan we bilim - ylym beren ynsanyň ady taryhda saklanyp galypdyr. Bu ynsan horezmli alym Abu Abdallah an-Nataly bolupdyr. Onuň Buhara şäherine gelenine entek köp wagt geçmän eken. Ol ysmaýylatlar sektasyna degişli bolupdyr. Abu Reýhan Biruny bu alym barada “Men Abu Abdallah al-Hüseýin ibn Ybarýym at-Tabary an-Natalynyň tebigatda durmuşyň mukdary baradaky maslahatlaryny okadym” diýip belleýär. Käbir çeşmeler Abu Abdallahyň medisina ylmy bilen meşgullanandygy barada maglumatlar berilýär. Ol bu ylmy şu ýaýlymdan iri hünärmen lukman we filosof Abul Faraj ibn at-Taýyb (1043 ýylda aradan çykan) bolandygy bellenilýär.[1]

Okuw dowam etdirilýär we gysga wagtyň içinde Ibn Sina öz halypasyny köp ýerde çykalgasyz ýagdaýda galdyrýar.

Ýaşajyk Hüseýin Ýewklidiň “Başlangyçlar” kitabyndan mugallymynyň kömegi bilen bary ýogy dört-bäş teoremasyny bilelikde, emma galanlaryny özbaşdak öwrenýär.

Soňra beýik akyldar Klawdiý Ptolomeýiň “Almagest” kitabyny gysga wagtyň içinde ele alýar. Ondaky berilýän teoretiki maglumatlar kämillik bilen özleşdirýär.

Ýaş alym ylmy eserleri ýazmaga has ýaşlykdan başlaýar. Ol goňşusy Abul Hasan al-Arugynyň haýyşy boýunça “Ýygyndy” atly eserini ýazandygy barada özüniň awtobiografiýasynda belläp

---

[1] Şol ýerde 61-62 стр.

geçýär. Bu kitap matematikadan özge ähli ylymlary öz içine alypdyr. Bu wagt beýik alym ýigirme bir ýaşyna gidipdir.

Beýleki bir goňşusy asly horezmli, kanunçy Abu Bakr al-Barkynyň haýyşy boýunça "Jem we netije" atly 20 kitapdan ybarat bolan eserini ýazýar. Şeýle-de oňa bagyşlap özüniň etika degişli bolan "Minetdarlygyň we günäniň kitaby" atly eserini ýazýar.[1]

Şu döwürde hem beýik akyldar meteoritleriň gaçmagy we olaryň düzümine degişli bolan birnäçe gözegçilikleri geçirýär. Ol bu ýerde Wenera we Merkuriý planetalarynyň Gün diskiniň üstünden geçişine gözegçilik edýär.

Samanitler (samanylar) döwleti şol döwürlerde özüniň iň soňky wagtlaryny başdan geçirýärdiler. Ol ilki bilen garahanlylar (garagoýunlylar), Bogra han tarapyndan, soňra bolsa Mahmyt Gaznaly tarapyndan basylyp alynýar. Şol wagt hem Ibn Sinanyň kakasy aradan çykýar.

Ol käbir sebäplere görä Buhara şäherini taşlap Gürgenç şäherine tarap gitmeli bolýar. Akyldar özüniň dogduk mekany bolan Buhara şäherine gaýdyp hiç haçan gelmeýär. Ol özüniň bütin ömrüni diýen ýaly şäherden şähere, bir feodalyň öýünden beýlekisine geçmek bilen sergezdanlykda bolýar. Ol Gürgenjiň, Hamadanyň, Abiwerdiň, Tusyň, Reýiň, Gürgeniň, Kazwiniň, ýene-de Hamadanyň, Yspyhanyň hökümdarlarynyň köşklerinde bolýar. Ol bir ýerde wizir wezipesinde bolsa, beýleki bir ýerde zyndana taşlanýar, emma ol bir minut hem özüniň döredijilik işini bes etmeýär.

Abu Aly ibn Sina Horezme ýurduň has-da ösen döwürleri gelýär. Ony bu ýerde ýakun dostlary ruhy goldaw bilen garşy alýarlar. Horezmliler öz ýäşaýan ýerinde iň ýokary material we ruhy medeniýeti döretmegiň başarypdyrlar.

IX asyrda ýaşan görnükli arap geografy Ahmet Ýakuby Gürgenç şäheri (Horezmiň merkezi) barada: "Ýagny, men dünýäde Horezmiň esasy (baş) şäheri ýaly baýlygyň görnüşleri we ilatyň

---

[1] Из философского наследия народов Востока. Ташкент. 1972.

mukdary boýunça uly hem-de şeýle asuda, durnukly, mylaýym halkly merkez bardyr öýdemok” diýip belleýär.

Ahmet ibn Aby Ýakub ibn Jafar ibn Wadih al-Katib al-Abbasi al-Ýakuby arap taryhy edebiýatçylarynyň progmatik wekilleriniň ilkinjisi hasaplanylýar. Ol IX asyryň başlarynda, ýagny 820-830-njy ýyllarynda dogulýar we 897-nji ýylda aradan çykýar. Alymyň doglan ýeri dogrusynda taryhda hiç hili maglumat galmandyr. Emma onuň ýaşlygynyň esasy böleginiň Ermenistanda geçendigi bellenilýär. Kämillik ýaşlarynda Horasanda Tahyridleriň köşgünde gulluk edýär. Bu dinastiýa ýykylandan soňra Hindistana syýahat edýär. Ol ýerden Müsüre (Ýegipede) gelýär we ömrüniň ahyrky günlerine çenli şol ýerde galýar[1].

Ahmet Ýakuby tarapyndan taryha degişli “Taryh(Ta’rih)”, şeýle-de “Ýurtlaryň kitaby(Kitab al-buldun)” atly geografiki eserler ýazylýar. Ýurtlaryň kitaby 891-nji ýylda Müsürde ýazylyp gutarylýar. Geografiki eser özüniň mazmuny boýunça Ibn Hordadbegiň dolandyryş – geografiki maglumatnama eserine has ýakyndyr. Emma ondan tapawutlylykda Ahmet Ýakuby bu kitaba hut özüniň geçiren gözegçiliklerniň netijeleri hem girizilýär.

Ahmet Ýakubynyň bu iki eseri biziň günlerimize gelip ýetipdir we geçen asyryň ahyrlarynda “Kitap al-buldan” golland arapşynasy M. de Guýeniň “Bibliotheka geographorum arabicorum» seriýasyna girizilýar. Ol bolsa öz gezeginde seriýanyň 7-nji tomyny düzýär.

Horezmiň we onuň paýtagty Gürgenç şäheri özüniň ykdysady we medeni ösüşüni başyndan geçirýärdi.

Horezm şasy Mamun II ibn Mamunyň (999 – 1017 ýý.) hökümdarlyk eden döwri Horezmiň iň gülläp ösen döwrüne gabat gelýär.

Mamun II köşgünde şol döwürde ady äleme meşhur bolan alymlar we filosoflar ýygnanypdyr. Olaryň arasynda genial horezmli alym – ensiklopediýaçy Aby Reýhan Biruny bolupdyr.

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985. 18-20 стр.

Onuň eserleri astronomiýanyň problemalaryna, matematika, fizika, geografiýa, farmakognoziýa, taryha, etnografiýa, filologiýa degişli bolupdyr. Olaryň arasynda Birunynyň mugallymy we Ibn Sinanyň dosty hem-de mugallymy astronom we lukman Abu Sahl Isa ibn Ýahýa al-Masihi bar eken. Abu Aly ibn Sina al-Masiha özüniň burçlary ölçemek baradaky işini bagyş edýär. Olardan başga-da bu ýerde eginme –egin goldaw berip işlän we ýaşan lukman Abul Haýyr ibn al-Hammar, Abu Reýhan Birunyň halypasy we mugallymy, ýaşlykdan ganatynyň aşagynda saklan görnükli alym, Horezm şasynyň ýegeni Abu Nasr ibn Yrak we beýleler bolupdyr[1].

Öz döwrüniň tanymal filosoflary we lukmanlary bilen tanyş bolmak ibn Sinanyň çalt gülläp ösmegine we kämilleşmegine görnükli täsir edýär.

Abu Aly ibn Sinanyň iki ensiklopediki işleri bolan "Lukmancylyk ylmynyň kanunlary (Al-Kanun fitt - tibb)" we "Sagalmagyň kitaby" atly eserleriniň esaslary, elbet-de Horezmde - Gürgenç şäherinde goýulýar.

Özünden birnäçe ýaş uly bolan Biruny bilen ibn Sinany diňe dürli taraply ylmy gyzyklanmalar baglanyşdyrýardy. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly bu iki dünýä belli ynsanlar bir - biriniň ylmy eserlerini dolduryp üstüni goşup durypdyrlar. Eger-de Abu Reýhan Biruny astronomiýa, fizika, geologiýa, matematika, geodeziýa ylymlary boýunça gyzyklanýan bolsa ibn Sina has köpräk filosofiýa, psihologiýa we medisina ýaly ylymlar bilen meşgullanypdyr[2].

Abu Aly ibn Sina özüniň ylmy eserleri bilen filosof – mistik alymy Abu Seýit Meýheni (Mäneli) bilen hem arabaglanyşykly bolýar. Ol Nişapurdaky we Horosanyň oňa ýakyn şäherleriniň sufy mekdepleriniň baştutany bolýar. Ol musulman äleminde ady belli ägirtler hökmünde tanalypdyr. Olaryň alşan

---

[1] Şol ýerde sah. 24-25.

[2] Сайфуллаев Н.М. Ибн Сина – логик – наватор. В кн.: Торжество Разума. Душанбе. 1988.

hatlary biziň günlerimize çenli 10 hat görnüşinde saklanyp galypdyr. Abu Seýit mäneli Abu Aly ibn Sinadan käbir ylmy soraglara jogap bermegi soraýar. Beýik akyldar hem edil şolar ýaly 10 soraga ylmy esasda jogap berýär.

Ibn Sinanyň Gürgençdäki öndürijilikli işleri, 1012-nji ýylda soltan Mahmyt Gaznalynyň gatyşmagy bilen arasy üzülýär. Ol Horezm şasyna hat ýazýar. Bu hatda köşkde gulluk edýän dünýä ady belli alymlaryň ählisiniň Gürgençden Gazna şäherine ýollanmagyny talap edipdir.



Abu Aly ibn Sina (55 ýaşlar töweregi).

Mahmyt Gaznalydan çekinýän Mamun II alymlara gelen hatyň mazmuny bilen tanyş edýär we bu meseläni her bir alymyň özüniň çözmegini duýdurýar. Alymlaryň köpsanlysy hat bilen ylalaşmak bilen Gazna şäherine ugraýarlar. Emma Abu Aly ibn Sina bilen bilelikde käbir alymlar bu hat bilen ylalaşmaýarlar.

Ibn Sina soltan Mahmyt Gaznalynyň müňkür bolan çakylygyna ynanmaýar. Özüiniň dosty Abu Sahl Masihi bilen bilelikde, gizlin ýagdaýda derwişleriň eşigini geýip gije Garagum çölüniň içi bilen Eýrana gaçýarlar. Ýolda olary tupan gaplaýar, çägeli tüweleý olaryň ýolbelediniň (prowodniginiň) azaşmagyna getirýär. Suwsuzlyk we açlyk Abu Sahl Masihiniň ýolda aradan çykmagyna sebäp bolýar. Nişapura gelenlerinden soň bolsa, ibn Sina bu şäherde galmakçy bolýar, emma onuň bu ýerde hem yzarlanýandygyny duýup, bu ýerden Gürgen (Jurjan) şäherine gaçmaga mejbur bolýar. Soltan Mahmyt Gaznaly ibn Sinanyň gaçandygyny eşidip ähli ýere akyldaryň portretini iberýär.

Gürgen şäherinde Ibn Sina ömrüniň ahyryna çenli hyzmat eden okuwçysy, dosdy, ömrüniň galan 25 ýylynyň dowamynda ähli işlerde diýen ýaly goldaw beren Abu Ubeýda al-Juzjany bilen tanyş bolýar.

M. Asymow we M. Dinorşaýewiň Abu Aly ibn Sinanyň Gürgençden has irräk döwürde gaýtmagynyň esasy sebäplerinin biri hökmünde 1013-nji ýylda (33 ýaşynda) Mamun II-niň weziri Abul Hasan Sähläni wezipesinden boşadylmagy, şonuň ýaly-da al-Mamun bilen Horezmiň tanymal (barly) adamlarynyň arasynda ýaramaz gatnaşyklaryň döremegi bilen düşündirmek isleýärler. Bu bolsa biziň pikirimizçe ynandyryjy delil däldir. Muny bolsa Al-Mamun II-niň hökümdarlyk eden döwrüniň soňky günlerine çenli, onuň ýanynda ilkinji maslahatçy we weziri wezipesinde işlän Gündogaryň beýik akyldary Abu Reýhan Biruny (973 - 148 ýý.) bolupdyr. Galyberse-de Birunyň halypasy we mugallymy Abu Nasr ibn Yrak (952 -954 ýý.) hem köşkde ynamly we täsirli adam hasaplanypdyr. Olar bolsa Abu Aly ibn Sina gowy garapdyrlar we hormatlapdyrlar.[1]

Beýik akyldar Gürgende ýaşan döwründe örän önjeýli ýagdaýda ylmy işleri ýazypdyr. Bu ýerde ibn Sina Abu Muhammet (Mahmut) Şirazy diýen ylma diýseň hormat goýýan adam bilen

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

tanyşypdyr. Ol akyldaryň ylmyna – bilimine, akyl-paýhasyna uly hormat goýupdyr. Şonuň üçin hem ol beýik lukmanyň ýaşamagy we işlemegi üçin jaý satyn alyp (gurup) beripdir. Satyn alnan (gurlan) jaý Şirazynyň goňşusy bolupdyr. Olar bu ýerde ýygy – ýygydan duşuşyp ylmyň köp meseleleri boýunça pikir hem alşypdyrlar. Şirazy Abu Aly ibn Sinanyň ýanyna gelip gadymy grek alymlarynyň köp sanlysyny öwrenipdir. Olardan: Klawdiý Ptolomeýiň "Almagesti", Strabonuň "Geografiýa" eserlerini bellemek bolar. Akyldar agzalan kitaplary ýygnananlara gaty ses bilen okap berýär eken.

Okuwçysy Abu Ubeýda Juzjanynyň berýän maglumatlaryna görä, Gürgende (Jurjanda) akyldar köpsanly kitaplary ýazypdyr. Ol kosmologiýa we eshatologiýa degişli kitaplary ýazýar. Öz gözegçiliklerinin netijesinde astronomiki gözegçilikleriň kitabyny toplaýar. Abu Aly ibn Sina özüniň saldamly eseri "Lukmançylyk ylmynyň kanunlarynyň" birinji bölüminiň Klawdiý Ptolomeýiň "Almagestine" komentiriýsini (düşündirişini) şol ýerde ýazýar. Gürgende beýleki ylmy traktatlaryň ençemesini ýazypdyr. Abu Ubeýda Juzjanynyň şaýatlyk edýän maglumatlaryna görä beýik akyldar öz ýazan kitaplarynyň katalogyny hem düzýär. Bu ýerde ol 46 eser ýazypdyr. Olaryň sanawy bolsa, akyldaryň "Ömür ýazgysy" kitabynda ýerleşdirilipdir. Beýik alymyň "Kitab al-Awsat fil mantyk" - "Logika boýunça orta kitaby" hem Gürgen şäherinde ýazylypdyr.[1]

Emma berilýän maglumatlara görä beýik akyldar Gürgenden hem gaçmaly bolýar. Onuň sebäbi bolsa, Mahmyt Gaznaly akyldary bu ýerde hem yzarlamagyny döwam etdiripdir. Abu Aly ibn Sina bu ýerden Reý (Tähran) şäherine gelýär. Reý şäheri şol döwürlerde (X –XI asyrlarda) Eýranyň ylmy merkezleriniň biri hasaplanypdyr. Bu ýerde Abu Mahmut Hamid

---

[1] Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации – С. П. Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации, М. – Л., 1948.

al-Hojendi özüniň dünýä belli sektantyny ýasandygy, bu guraly beýik akyldar Abu Reýhan Birunynyň görendigi baradaky maglumatlary, elbet-de Abu Aly ibn Sina bilýän bolsa gerek. Bu şäherde Abu Reýhan Biruny 997 – 1000 –nji ýyllarda bolýar.

Bu şäherde beýik lukmanyň ünsüni başga bir, akyldar üçin örän gymmatly hem zerur zat özüne çekipdir. Reýde öz döwrüniň ullakan keselhanasy bar eken. Bir wagtlar onda meşhur Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razy (865-925 ýý.) Günbatarda Razes ady bilen tanalýan beýik alym (akyldar) işläpdir. Olardan başga-da Reý şäherinde öz döwründe dünýä belli iki sany ajaýyp kitaphana hakynda-da gowy pikirler saklanypdyr. Polýak alymy A. Mesiň maglumatlary boýunça, kitaphanalaryň birindäki edebiýatlaryň sanawy on müňden hem geçýär eken.

Reý şäherinde kitaphanalaryň peýda bolmagynda, ol ýerde ylmyň we medeniýetiň özmeginde buitleriň imperiýasynda wezir bolup işlän Ibn Apbadyň (Apbasynyň) hyzmaty uly bolupdyr. Ol edebiýaty diýseň oňat görüpdir, şonuň üçin kitaphanany al-Mamunyň atasy, Bagdatda “Akyldarlar öýüni” esaslandyran halif ar-Reşit (Raşyt) bilen deňeşdiripdirler. Ibn Apbasyny din ugrundan hiç zat bilenok diýip aýtsalar-da, ol filosofiýa ylymlaryna, tehnika, medisina, astronomiýa, saza, logika, hem matematika söýgi, yhlas bilen seredipdir. Ol medisinadan ylmy traktat hem ýazypdyr diýlen maglumatlar hem bar.[1]

Şol döwürler Reýiň hökümdary Mejit ad-Daula (Mej ad-Daula) bolupdyr. Ol ýurdy ejesi Saýyda bilen bilelikde dolandyrýär eken. Ýaş hökümdar şol mahal melanholiýa keselinden ejir çekýär eken. Akyldar onu bu keselden halas edipdir. Emma esasy maksady ylym bolany üçin traktat ýazmagyny dowam etdiripdir. Ol bu ýerde “Eshatologiýa” atly traktatyny ýazypdyr.

Abu Aly ibn Sina bu ýerde hem uzak wagt saklanyp bilmän, 1015-nji ýylda Hemedana gelýär. Şol wagtlar Hemedanyň

---

[1] Абу Али Ибн Сина. “Жизнеописание”. В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

hökümdary Şams ad-Dawul (Daula) bolupdyr ("Dawul" sözi arapçadan *häkimýet* diýen manyny berýär). Alymlaryň pikirine görä beýik akyldar Hemedan şäherinde 7-8 ýyl, ýagny 1023-nji ýyla çenli ýaşan bolmaly. Görnükli rus alymy akademik W. W. Bartold şol wagtky Hemedan barada gymmatly maglumatlary berýär. Bu şäher Merkezi Eýranda ýerleşipdir. Ol Alwant gerşiniň günortasyndaky ekerançylyga örän ýaramly jülgede ýerleşipdir. Ol ýeriň arassa howasy bolup, gyşyna sowuk eken, çeşmeleriniň suwy oňat hasaplanypdyr. Owadan ýerlerinden "Babal Asadyny (ýolbarslaryň derwezesi)" bellemek bolar. Bu derweze Reýe gidýän ýoluň ugrunda ýerleşipdir. Onuň sütünlerinde ýolbarslaryň daşdan çekilen şekilleri bar eken. Ilaty we baýlygy boýunça Reýden pesde durýar eken. Bu şäher iri medeni ojak hasaplamandyr, emma şeýle-de bolsa ol iri wajyp sebt hasaplanypdyr.[1]

Reýde bolşy ýaly Hemedanda hem akyldar emiri içagyry (kolit) keselinden bejeripdir. Ol 40 günläp köşkde bolup, Şams Dawuly bejeripdir, uly sylag-serpaýa mynasyp bolupdyr. Bu ýagdaýdan soňra, akyldar wezirlik wezipesine bellenilipdir.

1017-nji ýylda Horezm sebitleri Mahmyt Gaznaly tarapyndan eýelenilýär. Bu ýerden beýik akyldar Garagum çölüniň içi bilen häzirki Türkmenistanyň serhedinde ýerleşen Abiwerd şäherine gelýärler. Onuň ýoldaşy mugallymy we dosty Abu Sahl Masihi ýolda çölden geçmekde belli kynçylyklara sezewar bolup ýolda aradan çykýar. Käbir wagtdan soňra Nisa şäherine (Aşgabat şäheriniň daşda bolmadyk) gelýär. Bu ýerde käbir maglumatlara görä iki ýyla ýakyn ýaşaýar. Ondan Dehistan şäherine geçýär. Bu ýerde akyldaryň saglygy ýaramazlaşýar we şol ýerden hem inisi Mahmyt bilen Neýsapur (Eýranyň häzirki Nişapur şäheri) şäherine geçýärler. Bir azrak wagtdan soňra ol ýerden hem Gürgen şäherine geçýärler.

---

[1] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

Ýat ýerlerde beýik akyldar köp artykmaçlyklardan mahrum bolýar. Emma muňa seretmezden baran hemme ýerlerinde özüniň ylmy we praktiki işlerini üstünlikli dowam etdirýär. Täzeden-täze kitaplary ýazýar, keselleri bejerýär we köpsanly okuwçylary bilen meşgullanýar.

Abu Aly Ibn Sina baradaky maglumatlar Jurjanyň hökümdary Kubus ibn Wuşmagire gelip ýetýär. Onuň ýegeni (племяниги) kesel bolýar. Akyldar köşge çagyrylýan we dessine keseli bejerýär. Aýtmaklaryna görä Kobus ibn Waşmgiriň ýegeni söýgi malenholiýasy bilen kesellän bolýar. Ol iýmek-içmekden ýüz öwürýär we ýatmakdan (ykydan) hem galyp, örän haldan gaçan bolýar. Ol özüniň näme üçin beýle horlanýandygyny hiç kime aýtmaýar. Onuň söýeni ýönekeýje senetçiniň gyzy bolýar. Hökümdar öz köşgüne köp sanly lukmanlary çagyrýar. Olaryň hiç birisi (haýsy) hem keseliň asyl syryny açyp bilmeýär. Şoňa laýyklykda hem keseli bejerip bilmeýärler. Ibn Sina kesele seretmek bilen, hassanyň (keseliň) ýagdaýy erbet hem bolsa, onuň organizminde hiç hili üýtgeşikligiň ýoklugyny anyklaýar. Ol keseliň düýp sebäbini başga ýerden gözlemelidigine dessine düşünýär. Soňra beýik akyldar Jurjan şäheriniň köçelerini we ýaşaýjylaryny oňat bilýän adamyny şu ýere çagyrmagy hökümdardan haýyş edýär. Ibn Sina bolsa hassanyň elinden tutup, damarda ýüregiň uruş pulsuny barlaýar. Haçan-da Jurjandaky köçeleriň atlary sanalyp ugranda, bir köçe aýdylanda ýüregiň urmagy belli derejede ýokarlanýar. Şol wagt bilgire (sanaýana) şu köçede saklanmagy haýyş edýär we şu köçede ýerleşýän öý eýeleriniň atlaryny sanap başlaýar. Bir öýüň eýesini aýdanda hassa biýynjalykdan gaçyp başlaýar we ýüregiň uruş tizligi ýene-de üýtgeýär. Kesel şu ýerde hem özünden gidip çaşýar (ýykylýar). Beýik akyldar agzalan öý eýesiniň gyzyny oglana alyp bermelidigini, oglanyň bu gyza aşyk bolandygyny duýdurýar. Muňa minnetdarlyk edip akyldara Jurjanda ýaşamaga galmak üçin jaý berýär we keselleri bejermek bilen meşgullanmaga rugsat berýär. Abu Aly ibn Sina şular ýaly köpsanly psihikasy bozulan

hassalar bilen baglanyşykly bejergi işlerini alyp barmak hem miýesser edipdir.[1]

Beýik akyldar Kubusyň penakärliginden peýdalanyp giň ylmy we praktiki işlerini ýola goýýar. Gysga döwrüň içinde köp sanly filosofiki we medisina eserlerini ýazýar, köp sanly okuwçylar taýýarlanylýar. Jurjanda köşk gozgalaňy turýar we hökümdar Kobus öldürilýär. Şäheriň hökümdary Kobusyň ogly bolýar. Ol bolsa ibn Sinanyň ýigrenýän eken. Ol akyldaryň şäherden gitmegini soraýar. Garşy bolan ýagdaýynda ony Mahmyt Gaznala bermege söz berýär. Bu wakadan soňra Ibn Sinanyň dünýäniň dürli künjeklerine sergezdançyk döwri başlanýar. Käbir wagtlap Mazenderan şäherinde bolandan soňra, Ibn Sina Reý şäherine gelýär. Bu şäher şol döwürde senetçilik we söwda taýdan ösen adminstratiw merkezleriniň biri bolýar. Ol ýerde köp sanly alymlar, filosoflar, şahyrlar we lukmanlar ýaşapdyr. Ibn Sina bu ýerde köşk gullukçysy wezipesine kabul edilýär. Akyldar Reý şäherinden Hemedana gelýär. Bu şäherde akyldaryň kanuny ylymlaryň bilgiri (знатогы) we döwlet gurluşlarynda tejribesiniň barlygy üçin şäheriň hökümdary Şams ad-Dawla (Dawlýa) özüniň weziri edip belleýär.

Şams ad-Dawla aradan çykandan soňra beýik akyldar wezirlik wezipesinden aýrylýar we diňe ylym bilen maşgullanmaga başlaýar. Ibn Sina bu ýerde özüniň meşhur “Medisinanyň kanunlaryny”we filosofiki traktaty bolan “Sagalmagyň (gutulmagyň) kitabyny” ýazyp gutarýar.

Hemedanda bolan ýyllarynda gündizlerine döwlet işleri bilen gümra bolan akyldar, öz okuwçylary bilen hem köplenç agşamlaryna, kä günler bolsa gijelerine meşgul bolupdyr. Ömrüniň soňky 25 ýylynyň dowamynda Abu Ubeýd Juzjanydan başga Bahmanýar ibn Marzban, Ibn Zaýla, Abu Abdylla Masumy ýaly okuwçylar beýik akyldaryň hemişelik ýoldaşlary bolupdyrlar. Olar öz mugallymy bilen pikir alyşýar ekenler, ylmyň dürli ugurlary

---

[1] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

boýunça jedelleri gurnapdyrlar, zerur bolan ýagdaýlarda beýik akyldar olara traktat ýazmaga hem kömek beripdir.[1]

Abu Aly ibn Sina 1023-nji ýylda okuwçysy Juzjanyny, dogany Mahmydy we iki sany hyzmatkärini ýanlaryna alyp Hamadandan Yspyhan şäherine ýola rowana bolýarlar. Yspyhanda akyldary we onuň ýoldaşlaryny oňat garşy alýarlar. Yspyhanyň derwezesiniň öňünde alymy dostlary, emir Alawut Dawulyň töwereginde gulluk edýänler we köşk emeldarlary garşylaýarlar. Oňa egin-eşik, münülýän atlary sowgat beripdirler. Akyldary "Kanun-Günbat" kwartalynda Abdulla Ibn Babiniň ýaşaýan öýüniň gapdalynda ýerleşdiripdirler. Bu ýerde beýik alyma gerek boljak öý goşlary we halylar bar eken.

Abu Ubeýda Juzjanynyň berýän maglumatlaryna görä Abu Aly ibn Sina Yspyhana gelen badyna "Sagalma" kitabyny tamamlamaga girmändir-de, "Logika" bilen "Almagesti" tamamlapdyr. Ol "Almageste" dürli görnüşdäki figuralaryň on sanysyny girizipdir.[2]

Ibn Sinanyň filosof hökmünde kema gelmegi elbetde, Buhara we Gürgenç şäherlerinde bolan döwürleri hasaplanylýar. Akyldar bu şäherlerden soňra şäherden şähere, elmydama ýolda sergezdan bolmagy käbir otrisatel täsirleri ýetirýär. Buhara we Gürgenç şäherlerinde amatly işlemek üçin oňaýly şertler döredipdir. Bu ýerlerde dünýä belli kitaphanalar bolup, olarda bolsa Gresiýanyň we Rimiň alymlarynyň nusgalyk işleri saklanylypdyr. Kitaphanada saklanylýan işleriň arasynda Geraklikden başlap Aristotelde gutaryp, Gippokrat we Galeniň işleri arap diline terjimeleri bolupdyr. Şol döwürler eýýäm gadymy döwrüň alymlarynyň ähli eserleri diýen ýaly arap diline terjime edilip gutarlypdyr.

---

[1] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

[2] Абу Али Ибн Сина. "Жизнеописание". В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

Abu Aly ibn Sinanyň Aşgabatdaky “Ylham” seýilgähindäki heýkeli.

Abu Aly ibn Sinanyň Gürgen we Reýden soňky gelip düşen Hamadan we Yspyhan şäherlerinde bolan döwürleri akyldaryň önjeýli ylmy işler bilen meşgullanmagyna mümkinçilik berýär. Oňa buid hökümdary Şams al-Daula (997 – 1021 ýý.) amatly şertleri döredýär. Akyldar bu ýerde weziriň (ministriň) wezipesine bellenilýär we onuň döwlet işleri bilen meşgullanmaly bolýar. Bu bolsa akyldaryň heläkçiligi uçramagyna sebäp bolýar. Hökümdaryň goşuny köp wagtlaryň dowamynda hak almanlygy üçin Ibn Sinany günäkärleýärler we gozgolaň tutuzýarlar. Netijede akyldaryň öýi talanýar, köp sanly kitaplary oda ýakylýar. Ony öldürmekçi bolýarlar, emma Hamadanyň Abu Aly ibn Sinany gozgalaňçylara bermeýär we wizirlikden boşadýar. Beýik alym 40 günüň dowamynda ýat ýerlerde gizlenmeli (bukulmaly) bolýar.

Akyldaryň höküdaryň agyr kesel bilen kesellemegi zerarly ýene-de gözläp tapýarlar we gaýtadan wizir wezipesine bellenilýär.

Birnäçe wagtdan soňra Abu Aly ibn Sina Hamadan şäherini taşlap Yspyhana gitmeli bolýar. Bu ýerde akyldary alymlar we ilaty oňat garşy alýarlar.

Akyldar özüniň galan 13 ýylyny Yspyhan şäherinde geçirýär. Bu ýerde Ibn Sina özüni diňe ylmy işe bagyş edýär. Beýik alymyň bu ýerde ylmy işler bilen meşgullanmagyna ähli şertler döredilýär.

Abu Aly ibn Sinanyň şu günki güne çenli doly işleriniň sanawy belli däldir. Şu sorag boýunça birnäçe işleri geçiren eýranly alym Sýid Nafasy onuň 300-e ýakyn ylmy işleri ýazypdyr diýen netijä gelýär. Işleriň sanawy ylymlaryň dürli ugurlaryndan bolmagy alymlary haýran galdyrýar. Akyldaryň käbir işleri köp tomlydyr. Olara mysal hökmünde "Jem we netijeler" kitaby - 20 kitapdan, "Sagalmak kitaby" – 18, "Adalatlylygyň kitaby" – 20, "Arap diliniň kitaby" – 10 kitapdan ybarat. [1]

Beýik alymyň işleriniň hemmesi diýen ýaly arapçadan dünýäniň beýleki dillerine terjime edilýar. Ýewropada XV asyrda kitap çap etmegiň usuly oýlanyp tapylan badyna Bibliýadan soňra, ilkinjileriň hatarynda alymyň bäş tomluk "Lukmançylyk ylmynyň kanunlary" çapdan çykýar.

Köp ýyllaryň ýadawsyz zähmetiniň netijesinde Ibn Sinanyň "Logika boýunça ortaça gysgaltmalar", biraz soňrak "Gözegçilikleriň toplumy" we filosofiýa boýunça "Ýüze cykmak we gaýdyp gelmek" kitabyny ýazýar. Ol özüniň esasy we baş kitaby bolan "Lukmancylyk ylmynyň kanunlary" atly eserini ýazmaga başlaýar.

Günler geçip dur. 1012-nji ýylda daňdan ir bilen turup iýip-içenden soňra "Lukmancylyk ylmynyň kanunlary" atly işini ýazyp

---

[1] Абу Али Ибн Сина. "Жизнеописание". В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

başlaýar. Gündizine öz okuwçylaryny okadýar we hassalary bejerýär. Agşamlaryna bolsa duşuşyklar we gürrüňdeşlikler geciryär. Agşam ýene-de kitabyny ýazýar. Şu tertipde Ibn Sina durmuşda ýaşamagyny dowam etdirýär.

Ibn Sina dürli görnüşli operasiýalary geçiripdir. Ol aýratyn hem: çykyklary dogrulamak, aýagyň we eliň egriligini düzetmek, siýdik haltadan daş aýyrmak ýaly birnäçe operasiýalary geçirýär. Göz operasiýalaryna ol aýratynda guwanýardy: "Men göz barada hökman "Kanunda" ýazgy bermelidirin – diýip, ol gündizki sapakda okuwçylaryna gürrüň berýär, - her bir lukman şu operasiýany geçirmegi öwrenmelidir" diýýär.

Agşamlaryna Ibn Sina "Kanuny" ýazmagy dowam etdirse Jüzjany bolsa göçüripdir. Ibn Sina bir wagtyň özünde birnäçe kitaby ýazmagy başarypdyr. Ol bir gezek Jüzjanydan Aristoteliň kitaplaryna özüniň düşündirişini ýazmagy ýa-da okap bermegini soraýar.

"Sen görýärmiň, men boş däl. Men bir kitaby ýazmagy ýüregime düwdim, bu kitap biziň hemmämize peýdalydyr. Men özümiň bilýän zatlarymyň hemmesini şu kitapda ýerleşdirmäge çalşaryn. Şol ýerde meniň beýik grek alymy Aristotele bolan garaýşym beýan ediler" diýip jogap berýär. Bu kitap "Kitab-uş-şifi" diýlip atlandyrylyp – türkmen diline "Ruhuň abatlanyş kitaby (Kitab aş-şifa)" ady bilen terjime edilýär.

Ibn Sina özüniň "Abatlanyş kitabyny" 17 jiltden ybarat bolar diýip hasaplaýar. Şol döwrüň: geologiýa, geofizika, meteorologiýa, fizika we optika, alhimiýa, botanika, zoologiýa ylymlarynyň gazananlaryny şu kitaba girizmek isleýär. Beýik alym matematika ylmynyň we sazyň nazaryýetiniň ýeten derejesini bolsa aýratyn eserde seretmegi ýüregine düwýär.[1]

Abu Aly daňdan Gün çykmanka ukudan turup "Abatlanyş kitabynyň" iň bolmanda iki sahypasyny ýazypdyr. Gündizine bolsa

---

[1] Абу Али Ибн Сина. "Жизнеописание". В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

ýene-de öňükisi ýaly okuwçylary kabul edipdir. Onuň öýüniň öňündäki kiçijik meýdança elmydama adamdan doly bolupdyr. Bu ýere tanymal baý adamlar, köpräk garyp daýhanlar, senetçiler we söwdegärler gelipdirler. Olaryň aglabasy kesel bolup, döwrüň beýik lukmany Abu Aly Ibn Sinanyň elinden sagalmaga garaşýan ynsanlardy. Bejermek üçin däri-dermanlaryň her birini alymyň özi dermanlyk otlardan, däne tohumlaryndan we şepbikden ýasapdyr.

"Abatlanyş kitaby" esasan dört bölekden ybarat. Olar aşakdaky ýaly tertipde berilýär: - I) logika, II) tebigy ylymlar (fizika, biologiýa, psihologiýa), III) matematika ylymlar (geometriýa, astronomoýa, sanlaryň we sazyň nazaryýeti), IV) metafizika - hemmesi bilelikde 18 sany kitapdan ybarat bolýar.[1]

Medisina bilimleriniň toplumyny bir eserde bermäge Ibn Sinadan ozal hem synanyşanlar köp bolupdyr. Olaryň arasynda has irkiräk zamanlarda işlänlerem, Ibn Sinanyň döwürdeşlerinem ýatlamak bolar. Wizantiýa imperiýasynda 326-402-nji ýyllarda ýaşap geçen görnükli lukman Oribaziý şol hili adamlardan bolupdyr. Ol özüniň "Sinopsis" atly ýygyndysyny ýazypdyr.

X asyrda Bagdatda keselhana açylýar, oňa ýolbaşçylyk eden Aly Ibn Apbas (990-njy ýa-da 994-nji ýylda aradan çykan) "al-Kitap al-Meliki" - "Tebipçilik sungaty hakynda mertebeli kitap" atly eserini döredipdir. Abu Bekr ar-Razynyň ýazan 30 (käbir maglumatlarda 20) tomluk "al-Kitap al-Hawi" - "Hemme zady öz içine alýan kitaby" welin, "Kanunyň" öň ýanyndaky iň uly eser hasap edilýär. Bu kitaplary bir ýerden beýleki ýere äkitjek bolsa bir düýe ýüki gerek bolupdyr. Bu ylmy işde Gippokrat, Galen, Oribaziý we Pawel Eginskiý ýaly medisina ylmyna hem amalyýetine köp goşant goşan akyldarlaryň maglumatlary hem-de ar-Razynyň öz barlaglarynyň netijeleri ýerleşdirilipdir.

Ýokarda görkezilen kitaplaryň hersi öz döwri üçin uly üstünlik bolan bolsa-da, olarda kemçilik hem ýetmezçilik hem bardy. Abu Bekr ar-Razynyň kitaby has uly göwrümli bolmak

---

[1] Абу Алы ибн Сина и его естественные науки. Ташкент. 1981.

bilen, ol käbir kemçiliklerini hem alypdyr. Emma “Kanunyň” döremeginde olaryň-da uly ähmiýeti bolupdyr. Ibn Sina Galen bilen ar-Razynyň işlerindäki kemçilikleri düzetmegi öz öňünde wezipe edip goýdy we üstünlik bilen onuň hötdesinden gelipdir. ““Kanun” doly we bir wagtyň özünde-de gysga” diýip B. D. Petrow “Abu Aly Ibn Sina beýik Merkezi Aziýanyň alymy - ensiklopediýaçysy” diýip belleýär. Ibn Sina ““Kanuny” döredeiji” diýip öz makalasynda belleýär.

Muňa seretmezden arap ýurtlarynda Abu Aly Ibn Sinany öwrenýän, onuň täsirinde işleýän alymlar sanardan köp. Olaryň arasynda Abdyrahman Badawyny, Anis Mansury, Apbas Mahmyt Akkody we beýlekileri görkezmek bolar.



Abu Aly ibn Sina (ömrüniň soňky ýyllary).

Beýik akyldar ömrüniň ahyrky ýyllarynda syýahatda bolan wagtynda aşgazan (želtuha) keseli bilen keselleýär. Bu kesel güýçli narkotiki serişde bilen saklanylýar. Bu bolsa Ibn Sinanyň zordan

diri galmagyna sebäp bolýar, keselden doly açylmaýar. Ol şu keselden hem aradan çykýar.

Beýik mugallym, danalaryň danasy Gündogaryň iň beýik ýyldyzy Abu Aly Ibn Sina 1037-nji ýylyň iýun aýynyň 18-nde aradan çykýar.

Eger onuň adyny bu gün lukmana aýtsaň, onda ol bu beýik lukman diýip jogap berer. Matematikler: “ol beýik astronom we matematik”, emma, geologlar “ol tebigy ylymlaryndan, aýratyn-da geologiýadan teoretik alym” diýip jogap bererler. Şeýle-de Ibn Sina öz döwrüniň beýik sazandasy, edebiýatçysy we şahyry hasaplanypdyr. Bu beýik ynsanyň doly ady Abu Aly Hüseýin ibn-Abdyllah ibn-Hasan ibn-Aly ibn-Sinadyr.

Ondan bäri iki ýüz, dört ýüz we ýedi ýüz, takmynan müň ýyl geçdi. Emma häzirem bu ýerlerden Bagdada barýan syýahatçy: “Bu ýerde kim jaýlanan?” diýip sorasa, şol ýerli adamlar ýuwaşlyk bilen: “Bu Abu Aly Ibn Sinanyň - Beýik Lukmanyň, Beýik ynsanyň mazary” diýip jogap berýärler.

ABU ALY IBN SINANYŇ DURMUŞY BARADA HALK ARASYNDA GALAN ROWAÝATLAR

Halk arasynda Abu Aly ibn Sina barada dürli rowaýatlar aýdylýar. Musulman ýurtlarynyň kitaphanalarynda akyldaryň galdyran golýazmalary oňat ýagdaýda saklanyp, olar diňe sanagly adamlar üçin elýeterlidir. Emma, onuň köp sanly ylmy işleri biziň günlerimize taryhy çeşmelerden gelip ýetýär. Akyldaryň aradan çykanyna 100 ýyla ýakyn wagt geçenden soňra, Bagdat şäheriniň esasy meýdançasynda gozgalaňçylar (fanatlar) alymyň köp sanly kitaplaryny oda ýakýarlar. Ýüzlerçe ýyldan soňra, onuň Ýewropada uly meşhurlyga eýe bolan "Lukmancylyk ylmynyň kanunlary (al-Kanun fi-t-tibb)" atly kitaby çap edilýär.

Kiçijik Hüseýin ýaşlykdan beýleki çagalardan tapawutlanypdyr. Ol hemme zady biljek bolup gyzyklanýan, galjaň çaga bolupdyr. Bir gezek toýundan ýasalan oýunjagyny tötänlikde elinden gaçyrýar, oýunjak döwülýär. Onda kiçijik Hüseýin ilkinji gezek özüne "Näme üçin?" diýen soragy berýär. Şol günden başlap beýik alym bu sözleri ençeme gezek öz durmuşynda gaýtalaýar.[1]

Çagajygyň köp zatlary ýadynda saklap we pikirlenip bilýändigi hemmeleri geň galdyrypdyr. Hüseýin barada bir wakany ýatlaýarlar. Hyzmatkär aýal kiçijik Hüseýine ýüzügi görkezýär we bilmezlikde içi däneli halta gaçyrýar. Şol wagt hem hyzmatkär aýaly Hüseýiniň ejesi bir iş bilen çagyrýar. Hyzmatkär aýal bolsa ýüzügi ýadyndan çykarýar. Şol wagtda hem öýüň hyzmatkärleri haltany däneden dolduryp ambara eltip goýýarlar. Ertesi gün gymmatly ýüzük ejesiniň ýadyna düşýär. Öýüň ähli ýerini dörüp çykýarlar, emma, ýüzük tapylmaýar. Bu wakada Hüseýiniň ejesi hyzmatkär aýaly günäkär edýär. Hyzmatkär aýaly ogurlukda aýyplap, öýünden kowýar. Muny görüp duran kiçijik Hüseýin eljagazlaryny bulaýlaşdyryp, gaty sesi bilen bir zatlar diýip

---

[1] Сайфуллаев Н.М. Ибн Сина – логик – новатор. В кн.: Торжество Разума. Душанбе. 1988.

aglaýar. Onuň näme üçin keýpiniň bözulandygyny hiç kim bilip bilmändir. Ol düşnüksiz bir zatlary gaýtalap, iki günläp aglaýar, emma oňa hiç kim düşünmeýär. Birnäçe gün geçenden soňra çagajyk ulular düşüner ýaly, şol bir sözleri gaýtalap, gürläp başlaýar. Onuň ilkinji sözi hyzmatkär aýal, ýüzük we adalatsyzlyk barada bolýar.

Ulular haýran galmak bilen içi däneli haltany ambardan getirýärler, ýere dökýärler, oglanjygyň aýdýanynyň ýöne däldigini görýärler. Ertesi gün irden hyzmatkär aýaly tapýarlar, ötünç soraýarlar, sylag hem berýärler, emma ol yzyna gaýdyp gelmändir.[1]

Ibn Sinanyň ýaşlygy barada ýene-de bir waka seredip geçeliň. Kiçijik Hüseýiniň kakasy Abdyllanyň ýanyna daýysy myhmançylyga gelýär. Garaňky düşýär, öýde çyra ölügsije ýanyp, jaýyň içine ýagty saçyp dur. Jaýda halynyň üstünde Abdylla we myhmanlar otyrdylar. Abdyllanyň ýanynda bolsa kiçijik Hüseýin oturdy. Ol gelen myhmanyň we kakasynyň gürrüňini diňleýärdi. Kakasy kiçijik oglunyň eýýäm birnäçe sözi aýdyp bilýändigini myhmana guwanmak bilen gürrüň berýärdi. Ululary entek ýaňy ýörjen-ýörjen bolan oglanjygyň näme diýip biljekdigi gyzyklandyrýardy. Daýysy özüniň haýsydyr bir tanşy barada gürrüň berjek bolup, Rudakynyň goşgusyndan setirleri getirýär. Emma, şahyryň goşgusynyň “Kimde – kim ömür ýaşap, durmuşdan akyl öwrenmese” diýen setirini aýdyp, indikisini ýadyndan çykarýar we huşuna getirjek bolup synanyşýar, ýadyna düşmeýär.

Birdenkä kiçijik Hüseýinjik: “Dünýäde hiç bir mugallym hiç zat öwredip bilmez” diýip goşgyny dowam etdirýär. “Beýik şahyr Rudaky edil şeýle-de ýazýar” diýip daýysy tassyklaýar. Daýysy oglanjygyň beýle ukybynyň bardygyna guwanyp, uýasy Sitarany gutlaýar.[2]

---

[1] Internet ulgamyndan ýygnalan maglumatlar.

[2] Семенов А. А. Абу Али Ибн Сина (Авиценна) Сталинабад. 1953.



Abu Aly ibn Sinanyň çekilen suraty.

Hüseýin her bir musulman çagasynyň bilmeli mukaddes kitaby Gurhany heniz çagalykda okaýar. Oglanyň mugallymy berk talap ediji bolýar we Hüseýiniň berýän: “Asmanda ýyldyzlar nireden peýda bolýar?”, “Adamlar näme üçin ölýärler?” diýen soraglaryna, “Gurhany oka, ol ýerde hemme zat barada ýazylan” diýip jogap berýär. Mugallymynyň talabyna jogap edip, kiçijik Hüseýin Gurhany gije-gündiz jan edip okaýar.

Birnäçe aý geçenden soňra kiçijik Hüseýin mollasyna: “Men Gurhanyň ähli süresini ýat tutdum, indi men sorag bersem bolýarmy?” diýip ýüzlenýär.

- Sen mugallymyňy näme üçin aldaýarsyň? - diýip molla soraýar - Gurhany uzak ýyllaryň dowamynda okaýarlar, emma diňe käbir adamlar ony ýatdan bilýär. Olara hormatly hafiz diýen ady berýärler.

- Diýmek, men hafiz – diýip Hüseýin jogap berýär – Näme üçin diýende, men Gurhanyň ähli sürelerini ýat tutdum - diýip begenýär.

Molla oglanjykdan süreleriň ählisini diýen ýaly ýeke-ýekeden sorap başlaýar. Ol her bir süräniň nokadyny hem galdyrman, jikme-jik jogap berýär. Şular ýaly derejede Gurhany Hüseýiniň mollasy hatib Ubaýdyň özi hem bilmeýär eken.

Kiçijik Hüseýin:

- "Men size öz soraglarymy berip bilerinmi?" - diýip molladan sorapdyr.

- Men bilemok – diýip garry molla aljyramak bilen jogap berýär. - Men kakaňa: "Şu günden beýläk, seni mekdebe bilim almaga goýberme" - diýjek. Sen dogrudan hem hafiz derejesine ýetdiň. Men hem ýaşlyk döwrümde öz mollama şular ýaly soraglary beripdim. Mollam meni-de gynanmak bilen ugradypdy. Şol günden bäri bu soraglaryň ählisiniň Gurhanda bardygyna ynanyp, özüme we beýlekilere sorag bermämi goýupdym.[1]

Şol günden başlap kiçijik Hüseýin mekdebe Gurhan okamaga gatnamasyny bes edýär we başga bir molladan grammatikany, stilistikany, poetikany, arifmetikany we algebrany öwrenip başlaýar. Öýe gelip sapak berýän mugallym Abu Abdallah an-Natili logikany, Ýewklidiň geometriýasyny we Ptolomeýiň "Almagestini" okadypdyr. Emma, köp wagt geçmänkä Abu Abdallah an-Natili alaçsyz özüniň okuw materiallarynyň tamamlanandygyny we oglanjygyň ylymlary öwrenmek ukubyny kanagatlandyryp bilmejekdigini boýun alýar.

Soňra kiçijik Hüseýin ylym öwrenmegi özbaşdak dowam etdirýär. Ol aýratyn-da tebigy ylymlary we medisinany uly gyzyklanma bilen öwrenmäge başlaýar.

"Adam näme üçin ýaşaýarka? – diýip gijelerine Hüseýin pikir edipdir.

- Ölmek üçinmikä? Onda ol näme üçin begenýär we gynanýar? Näme üçin alymlar bütin ömrüni bilim we ylym öwrenmek üçin harçlaýarlar? Olar ýeterlik bilimlerini alanyndan soňra hem aradan çykýarlar? Näme üçin olar bütin ömrüni bilim

---

[1] Сагадеев А. В. Ибн Сина (Авиценна). Второе издание, М.: 1988.

agtaryp geçýärler, näme üçindir olar alan bilimlerini we ylymlaryny özleri bilen gabryna alyp gidýärlerkä? Men näme üçin bu dünýäde ýaşaýaryn?” Şeýle soraglary kiçijik Hüseýin gije we gündiz gaýtalapdyr.

Hüseýin öz içinden “Men şu günki günde esasy pikir bilen ýaşamalydyryn” diýip birnäçe gezek gaýtalapdyr. Bu pikir bolsa oglanjygyň ýüregini agyrypdyr. Emma, ol bu pikir bilen hiç haçan ylalaşmandyr. “Eger-de adam ýeriň üstünde näçe islese, şonça-da ýaşasa...Meniň uzak ýaşasym gelýär” diýen ýaly pikirler oglanjygy elmydama biynjalyk edipdir. Medisina ylmy adamyň ömrüni uzaltmak üçin gerek. Elbetde, kimdir biriniň hemişelik ýaşasy geler. Belki-de, ömrüňi uzaldýan derman eýýäm bardyr, ol adamyň ömrüni hemişelik uzaltmaga ukyplydyr!

Şu pikirler bilen Hüseýin gijelerine uklamaýar. “Men ölümiň düwnüni çözerin! – diýip Hüseýin pikir edipdir – Munuň üçin ýaşasa bolar. Meniň esasy borjum, adamlary uzak ýaşar ýaly derejä ýetirmek.

Hüseýin barada aşakdaky ýaly rowaýaty gürrüň berýärler. Ol ýaşlyk döwründe özüniň duýgurlugy bilen “Adamyň saçyny kyrk sany deň topara bölmäge” ökde eken. Bir gezek ýoldaşlary onuň ukybyny barlamak isleýärler. Okuwçylaryň köp sanlysy Hüseýinden öň mekdebe gelipdirler we onuň elmydama oturýan halyjygynyň aşagyna kagyzyň sahypasyny goýýarlar. Sapak başlanýar, okuwçylaryň ählisi kiçijik Hüseýiniň özüni alyp barşyna syn edýärler. Hüseýin özüni birhili oňaýsyz duýýar. Ol kellesini jaýyň üçegine(potologyna) tarap göretýär, birden hem aşak düşürýär. Soňra haýran galmak bilen: “Bilemok weli, biziň mekdebimiziň üçegi aşak düşüpdir ýa-da pol biraz ýokaryk galypdyr, jaýyň beýikligi üýtgäpdir” diýýär.[1]

Hüseýin lukmançylyk baradaky kitaplary köp okapdyr. Şol bir wagtda lukmançylyk tejribesi bilen hem meşgullanýar, garyp hassalary mugtuna bejerýär.

---

[1] Internet ulgamyndan alnan maglumatlar.

Ibn Sina 17 ýaşyndaka eýýäm Buhara şäherinde lukman hökmünde uly hormata eýe bolýar.

Lukman Hekim şägirtleri (okuwçylary) bilen okuw wagtynda.

Buharanyň hökümdary Nuh ibn al-Mansur keselleýär, köşkdäki lukmanlaryň hiç birisi onuň keseliniň dermanyny tapyp bilmeýärler. Ol Ibn Sinanyň lukman we alym hökmünde şan – şöhratyny eşidip köşge çagyrylýar.

-Bu oglanjyk lukmançylygyň belli bilgirlerine akyl satjak bolýarmyka! – diýşip, köşk lukmanlary başlaryny ýaýkapdyrlar.

Ibn Sina gysga wagtyň içinde hökümdaryň keselini bejermek başardýar. Ýaş alym hökümdardan köşk kitaphanasynda bar bolan kitaplardan peýdalanmaga rugsat bermegini soraýar.

- Men düşünýärin, meniň haýyşym örän uly. Kitaphana örän baý we älemde deňi-taýy ýok diýip biz eşidýaris! – diýip Ibn Sina hökümdara ýüzlenýär.

Hökümdar:

- Sen köşk lukmany wezipesine bellenilýärsiň we sakçylaryň goragynda köşkde ýaşamaly bolarsyň - diýýär.[1]

Şol günden başlap Hüseýin ýeke-täk pikir bilen, ýagny, kitaphana bilen ýaşaýar. Köp ýyl geçenden soňra okuwçysy Juzjana öz terjimehalyny gürrüň berende, bu kitaphana barada: "Men bu kitaphanadan şeýle bir kitaplary tapdym, olar barada bilmändim we hiç haçan eşitmändim. Men olaryň köp sanlysyny okap çykdym we durmuşda her bir alymyň ornunyň bardygyny duýdum. Meniň öňümde şeýle bir çuňňur ylymlaryň gapylary açyldy, men olar barada hiç wagt pikir hem etmändim" diýip ýatlaýar.

Ibn Sinanyň ýaşan döwründe köpleriň: emirleriň, halyflaryň, soltanlaryň, wezirleriň ylym, poeziýa bilen maşgul bolandyklaryny, uly-uly kitaphanalary saklandyklaryny biz bilýäris. Nemes alymy Brentesler bu barada oňat subutnamalary getirýär. Mysal üçin, Şapur ibn Ardaşir X asyryň ahyrynda bäş gezek wezir bolupdyr. Ol öz hasabyna Akademiýa açypdyr. Bu döwlet işgäriniň şanyna öwgüli odalar ýazan şähyrlaryň sany 15-den hem geçipdir. Reýiň (häzirki Tähran şäheri) emiri Ibn Amidiň kitaphanasyny göçürmek üçin ýüz düýe gerek bolupdyr. Onuň mirasdary Ibn Apbasynyň (Abbadynyň) kitaphanasyndaky kitaplaryň sany bolsa Ibn Amidiňkiden hem dört esse köp bolupdyr.[2]

Abu Alynyň şu kitaphanada üznüksiz işlemegi netijesinde, onuň ylmy düşünjeleri has-da giňelýär. Ol bu kitaphanada bar bolan ylmy eserleriň kömegi bilen logikany, tebigy ylymlary, medisinany, astronomiýany, matematikany we beýleki ylymlary öwrenýär. Ol şonuň bilen birlikde, goşgy hem ýazyp başlaýar.

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

[2] Сайфуллаев Н.М. Ибн Сина – логик – наватор. В кн.: Торжество Разума. Душанбе. 1988.

Buharada agyr döwürler başlanýar. Gijelerine garakçylar köpelip, talaňçylyk artyp ugraýar. Garakçylar Buharanyň dünýä meşhur kitaphanasyny hem otlaýarlar.

Bir gezek Ibn Sinanyň öýüne gelen tanymal myhman: "Şeýle baýlyk oda ýandy. Sen ol ýerde köp wagtdan bäri meşgullanyp, köp zatlary bildiň" diýýär.

- Kop zady – diýip, Hüseýin baş egýär. – Emma, ýeterlik däl.

- Onda sen meniň üçin şol öwrenen kitaplaryňdan kitap düzüp berermiň, onda ähli ylymlar barada ýazylan bolsun. Men düşünýärin, bu zatlary amala aşyrmak seniň üçin kyn bolar. Biz seniň bu bitirjek işleriňe eçilip tölemäge ýagdaýymyz hem ýok. Emma seniň şu günki günde ýerine ýetirjek işiň halk üçin gymmatly, bahasy bolmadyk baýlykdyr.

Onda Hüseýin:

- Bu mümkin däl. Bu müň sany kitapda näme saklanýanyny aýtjak bolsaň, onda ýene-de edil şolar ýaly müň kitaby ýazmak gerekdir. Elbetde men köp kitaplaryň mazmunyny ýatdan bilýärin we dikeldip hem bilerdim, emma, onuň üçin uzak ömür gerek-diýip jogap berýär.

Köp haýyşlardan soňra Hüseýin ahyrsoňy razy bolýar. Bu bolsa belli bir derejede gün - güzeran görmek üçin serişdedi. Ol kitaphanada özüniň okan kitaplarynyň mazmunyny dikeltmek maksady bilen örän köp zähmet çekýär. Iş örän uly göwrümli, galyň kitap bolýar. Onda kitaphanada bar bolan ähli ylymlar baradaky maglumatlar jemlenipdir. Käbir halatlarda Ibn Sina saklanyp bilmän, gadymy awtorlar bilen jedelleşip başlapdyr. Edilen jedeller hem şu ýygynda girizilýär. Kitap şonuň üçin "Ýygyndy (kitab an-naja)" diýlip atlandyrylýar.

Hüseýin entek birinji kitabyny ýazyp ýetişmänkä, eýýäm etika barada ikinji kitaby ýazmaly diýen haýyş gelip gowuşýar. Bu kitap "Haýyrly işler we günäler kitaby" diýlip atlandyrylýar. Ibn Sina kitaby ýazmaga uly höwes we bar ünsüni işe gönükdirmek bilen başlaýar. Emma Buharada durnukly ýagdaýyň bolmazlygy we kakasynyň ölümi, onuň bu şäheri terk edip gitmegine sezewar

bolýar. Şondan hem başlap Ibn Sinanyň her bir güni sergezdançylykda geçýär. Emma, beýik alym şu şertlerde hem ylmy işini we lukmançylyk tejribesini bes etmeýär.[1]

Horezm şasynyň agşamlarynyň birinde alym – lukman al-Masihi ýaňy ýazylyp gutarylan medisina işinden bir bölegini okap berýär. Ähli çykyş edýänler kitaby öwýärler. Emma, Masihiniň özi weli razy däldi. "Abu Bakr ar-Razi medisina kitabyny ýazypdyr, onuň göwrümi 20 (käbir maglumatlarda 30) tom. Olary bir ýerden beýleki ýere göçürmek üçinem düýe gerek"- diýip Masihi Ibn Sina gürrüň berýär. "Ondan daşary hem bu kitapda köp sanly kemçilik bar. Şeýle-de, işiň mazmuny grek alymlary Galen we Gippokratyň işinden pikir etmezden göçürilip alnypdyr. Emma halka başga kitap gerek, ony bolsa entek hiç kim ýazjak hem bolanok. Men hem ýazyp biljek däl. Ol kitap mazmunyna medisinanyň ähli pudagyny alyp, göwrümi boýunça hem kiçi bolsa gowy boljak. Şular ýaly kitaby çuňňur ýatkeşligi, ýiti akyly we ýalynly ýüregi bolan beýik dana ýazyp biljek. Maňa bular ýaly kitaby ýazmak miýesser etmez." diýip al-Masihi belleýär. Hüseýin özüniň medisina kitabynyň meýilnamasy barada Masihä gürrüň berjek bolýar, emma, näme üçindir saklanýar.

Köplenç olar al-Masihi bilen bilelikde hassalary kabul edýärler. Al-Masihi Ibn Sinanyň hassalaryň çalaja bildirýän kesellerinin häsiýetlerine seredip, anyklap biliş ukybyna haýran galýar. Al-Masihi bilen bilelikde olar hirurgiýa operasiýalaryny hem geçirýärler. Şeýle-de olar Arrakdaky himiki tejribehanasynda hem işleýärler. Ol ýerde dürli görnüşli himiki tejribeleri geçirýärler. Abu Reýhan al-Biruny bilen bilelikde astronomiýa bilen hem meşgul bolýarlar.

Ibn Sinany hemmeler gowy görüpdirler we sylapdyrlar. Ony islendik adamyň keselini bejerýän, köplenç keselleri pulsuz mugt bejerýän, örän ýumşak, adalatly we ajaýyp adam hökmünde hormatlapdyrlar. Alymyň adamlaryň kesellerini bejermekde örän

---

[1] Internet ulgamyndan alnan materiallar.

täsin usullary ulanýandygyny hem belleýärler. Ibn Sinanyň danalygy barada birnäçe rowaýatlar halk arasynda saklanyp galypdyr.

Arap alymlarynyň ylymlaryň dürli pudaklary bilen meşgullanyşlary.

Bir gezek Ibn Sinany hökümdäryň ýanyna çagyrýarlar. Hökümdaryň ogly uzak wagtlap kesel ýatan eken. Bu hassanyň köşk lukmanlarynyň hiç bir däri-dermanyny tapyp bilmeýär. Bu çakylyga Ibn Sina razy bolýar. Onuň hassanyň keselini bejerişi üýtgeşik bolýar. Alym hökümdaryň ogluny seýilgählere aýlaýar, baglaryň kölegesinde oturyp, gürrüňleşýär. Oňa diňe umumy berkidiji däri-dermanlar içirýär. Oglan bilen köp gezelenç edýär, ertir ir bilen köşge gelip, hökümdaryň ogluny bedenterbiýe maşklary bilen mesgullanmaga mejbur edýär. Ibn Sina howzuň düýbündäki hapa-hupalary aýyrmagy hyzmatkärlerden haýyş edýär. Howdan bagyň ortasynda ýerleşen bolup, ol uzak ýyllaryň dowamynda suwdan doldurylan bolmaýar. Abu Aly oglanjyga suwda ýüzmegi öwredýär. Birnäçe aý geçenden soňra oglanjyk bütinleý sagalýar.

Ibn Sina özüniň şägirdi Juzjana (Jüzjana) ýüregiň pulsy - ýürek urgusy hakda gürrüň berýär. “Puls – bu damarlaryň hereketidir, ol ýüregiň gysylmagyndan we giňelmeginden döreýär” - diýip, Abu Aly belleýär. “Köp wagtlap men gysylmagyň döwrüni (periodyny) sanap bilmeýardim. Ýüregiň ähli häsiýetlerini duýandan soňra tejribämi dowam etdirdim. Ondan soňra meniň öňümde ýuregiň pulsuny düýmagyň gapysy açyldy duryberdi. Men ýüregiň deň we deň däl üruş aýratynlyklaryny tapawutlandyrmagy başarýaryn (Jüzjany uludan demini alyp, berlen gürrüňleriň ählisini ýatda saklajak bolup synanyşýar). Ýüregiň urşy tolkun görnüşli, aýlaw şekilli, iki urguly, uzak, titreýji, gysga, ýuwaşja, garynja ýöreýşine meňzeş bolup-da biler. Bularyň her birini tapawutlandyryp bilmeli. Şeýle-de, puls ýumşak, dartgynly, nerwli, pes, byçgy görnüşli (piloobraznyý) we boş bolup bilýär” diýip alym belleýär.[1]

“Men bu zatlara lukmançylyk kitabynda duş gelmedim” diýip Jüzjany haýran galýar. “Kitaplarda bu zatlar barada ýok” diýip Abu Aly razylaşýar. “Ýüregiň urşy dogrusynda men aýratyn

---

[1] Семенов А. А. Абу Али Ибн Сина (Авиценна) Сталинабад. 1953.

iş ýazaryn, bu bolsa “Kanuna” girer. Emma, men az sanly lukmanlaryň damarlaryň hereketini bilmeýändigine gynanýaryn. Men käbir gizlin keselleri öňünden ýüregiň urşunyň kömegi bilen kesgitleýärin. Ýüregiň urşy tebigatyň sazlaşygy bilen meňzeşdir. Ýüregiň ýrşunyň sazlaşygynyň bozulmagy keseliň syryny agtarmaga ýardam berýär” diýip Ibn Sina belleýär.

Abu Aly ibn Sina iş wagtynda.

Bir gezek goňşy ýaşaýan bir ýetginjek keselleýär. Ol hiç zat iýmän-içmän, diwara seredip ýatypdyr, gün-günden saralyp - solup başlapdyr. Öý eýesi dessine Ibn Sinany çagyrmagy makul bilýär. Ol gelip hassa üns bilen seredýär, onuň elinden tutýar, ýüregiň urşuny diňlemek bilen, Buharanyň ähli kwartallarynyň atlaryny

Gaznanyň hökümdary Mahmyt Gaznaly ýaramaz düýş görüp, gaty gorkupdyr-da bilinden aşagy ysmaz bolup galypdyr. Tebipler, porhanlar, işan – mollalar onuň derdine em edip bilmändirler. Şol döwürde Horezmiň paýtagty Gürgençde ýaşaýan Abu Aly ibn Sinanyň tebipçilik şöhratynyň artyp, adynyň ýedi yklyma ýaýrap başlan döwri eken.



Abu Aly ibn Sinanyň Hemedan şäherinde ýaşan döwri.

Mahmyt Gaznaly hyzmatkärlerine:
-Şol dana tebibi tapyp getiriň! – diýip, emr edipdir.

Lukman Hekimi Gaznalynyň huzuryna getiripdirler. Ol gelip, ýerinden galyp bilmän ýatan Mahmyt Gaznalyny birlaý synlap çykypdyr-da:

- Hökümdary hammama eltiň, gyzgyna ýakyn suwa çümüp, biraz ýatsyn, soň bejererin – diýipýdir.

Hökümdary hammama eltip, ony gyzgynjak suwda ýatyrypdyrlar. Aradan ýarym sagada ýakyn wagt geçensoň, Lukman Hekim bedew ata münüp, biline gylyç dakynyp, hammama barypdyr. Ol barşyna gylyjyny ýalaňaçlap, suwda ýatan Mahmyt Gaznalynyň üstüne sürnüpdir:

-Tur derrew, bolmasa, ynha, kelläni aldym, itiň biri it, gadyr bilmez eşek, samsyk, haramzada...

Ömründe adamdan beýle degna degiji sözleri eşidip görmedik hökümdar böküp, ýerinden tutupdyr-da, gaharyndan ýaňa ýarylaýjak bolup, Hekimiň üstüne gazap bilen topulypdyr.

Tebip gylyjyny taşlap, hammamyň agzyndaky jylawy gaňtarylgy duran ata atlanyp, gaçmak bilen boluberipdir.

Mahmyt Gaznaly:

-Tutuň ony, sypdyrmaň – diýip, nökerlerine buýruk beripdir. Gaznaly keselinden gutulanyna begenenem bolsa, özüniň sögünç eşidenine çydam edip bilmändir.

Nökerler kowalap ýetip, Lukman Hekimi tutup getiripdirler. Heniz gazabyndan saplanyp bilmän, hum ýaly çişip oturan hökümdar:

-Sen tebipmi ýa-da jellat? Näme üçin sen meniň üstüme gylyçly topuldyň hem-de paýyş söz aýtdyň? – diýipdir.

Ibn Sina:

-Tagsyrym, siz düýşüňizde gorkup, ysmaz bolupsyňyz. Men sizi huşuňyzda gaty gorkuzyp em etdim. “Gyzgyny gyzgyn, sowugy sowuk basar” diýenleri şu – diýip, jogap beripdir.

Mahmyt Gaznaly onuň ukybyna haýran galyp, Lukman Hekimi öz köşgünde galmaga ündäpdir. Emma, Lukman Hekim onuň bu maslahatyny alman, ýene-de Horezme dolanypdyr.

Mahmyt Gaznaly bolsa onuň yzyndan:

-Her halda, beýle dana tebibiň meniň hyzmatymda bolmagy gerek eken – diýip, ahmyrly pyşyrdapdyr.

...Bir ýurduň patyşasynyň aýalynyň el-aýagy ysmaz bolupdyr. Patyşa şol ýurtdaky ähli tebipleri ýygnapdyr. Emma olar keselliniň derdine hiç hili em tapyp bilmändirler. Ahyrsoňy olar goňşy şäherden Lukman Hekimi alyp gelipdirler.

Patyşa Lukman Hekimiň adyny öň hem eşiden eken. Şeýle şöhratly tebibiň öz hyzmatyna gelenine juda begenip, oňa uly hezzet-hormat edipdir. Lukman Hekim bilen patyşa uzak wagtlap söhbet edip oturypdyrlar, soňra ony hassanyň ýanyna alyp barypdyrlar. Lukman Hekim kesselliniň halyny sorapdyr, öňki tebipleriň nähili emleri edendiklerini anyklapdyr. Şondan soň patyşa bakyp:

- Şahym, hammamda ot ýaksynlar, suw gyzdyrsynlar. Soňra hassany gyzgyna ýakyn suwa düşürsinler, ýene nämeler etmelidigini şondan soň aýdaryn – diýipdir.

Lukman Hekimiň aýdyşy ýaly-da edipdirler. Ol bir gyza erkek kişiniň geýmini geýindiripdir. Oňa sakgal-murt hem dakyşdyryp, patyşanyň aýalynyň suwa düşüp duran hammamyna salyp goýberipdir. Ony gören şa aýaly gorkusyndan böküp ýerinden tutupdyr-da, gizlenmek bilen bolupdyr. Şol başagaýlykda ol özüniň ysmaz keselinden sagalanyny duýman galypdyr.

Patyşa hem Lukman Hekimi hammama ugradyp, oturan ýerinde ynjalyk tapyp bilmändir. Ol “Aýalymy bir bigänä ynanyp, men bu ýerde näme arkaýyn otyryn-a” diýip, usullyk bilen, hiç kime duýdyrman hammama barypdyr. Ol baran wagty hälki murtlak ýigit onuň aýalyna hemle urup duran eken. Bu ýagdaýy gören patyşa gylyjyna ýapyşypdyr-da, olaryň üstüne topulypdyr. Erkek kişiniň geýmine giren gyz gorkusyna derrew sakgal-murtuny goparypdyr-da, kellesindäki sellesini çykaryp, uzyn saçlaryny ýaýyp goýberipdir. Bu bolşy gören patyşanyň ýokary göterilen gylyjy galdyrylgylygyna doňup galypdyr.

Patyşa derhal bu ýerden çykyp, hiç kim görmänkä, tagtyna geçip oturypdyr. Aradan köp salym geçmänkä onuň ýanyna Lukman Hekimi getiripdirler.

Patyşa ondan:

-Bu näme etdigiň boldy? – diýip sorapdyr.

Lukman Hekim:

-Şahym, bu keseliň dermany ýokdy. Şonuň üçin hassany gaty gorkuzmak gerek boldy. Ony gorkuzmak üçin hem tenha amatly görüp, şu ýoly saýlap aldyk. Aýalyňyza bigäne erkek adamyň nazary düşmesin diýibem, bir kenizi erkek kişiniň geýmine salyp, onuň ýanyna goýberdim. Çaklaýşym ýaly, bimaryňyz ol kenizi erkek adamdyr öýdüp, gaty gorkupdyr. Şeýdibem, ol derdinden saplandy- diýipdir.

Patyşa muňa örän şatlanyp, Lukman Hekime köp gymmatly serpaýlar ýapypdyr.

Abu Aly ibn Sina şägirtleri bilen.

Abu Aly ibn Sinanyň şägirtleri köp eken. Şolaryň arasynda köpbilmiş bir şägirt bar eken. Günlerde bir gün ibn Sina agyr

syrkawlap, köpbilmiş şägirdinden gowy däri-derman taýýarlap bermegini haýyş edipdir. Ol dürli otlardan däri-derman taýýarlap, soňra pälini üýtgedipdir. Dermana zäherli ösümlügi hem goşup goýberipdir. Derman taýýar bolandan soň, ony akyldara getirip beripdir. Ibn Sina dermany haýsy otlardan taýýarlandygyny sorapdyr. Şägirt zäherli ot barada dil ýarman, dermanlyk otlary aýdyp beripdir. Emma akyldar dermanyň reňkinden oňa zäher garylandygyny bilipdir. Şägirdini bir ýumuş bilen daşary çykaryp goýberipdir-de, dermandaky zäheriň garşysyna, onuň güýjüni gaçyrýan dermany guýupdyr. Şägirdi gelende, hiç zat bolmadyk ýaly, onuň taýýar zäherli dermanyny içipdir. Bu ýagdaýy gören şägirdi "Ibn Sina indi öler" diýip öýüne gidipdir. Ol öýüne baryp, halypasynyň öldi habaryna sabyrsyzlyk bilen garaşypdyr. Emma, 2-3 günden soňam halypasynyň öldi habaryny eşitmändir. Ibn Sina hiç zan bolman, sagalyp gidipdir. Şu wakadan soň, akyldar hyzmatda ýörenleriň birine tekepbir şägirdiniň öýüniň öňüne birnäçe gezek arabaly çäge dökdüripdir. Şägirdi munuň syryny bilip, surkawlapdyr. Ibn Sina şägirdiniň eden işini onuň özüne aýdyp beripdir.

Ibn Sinanyň şägirdi Abu Ubeýda Juzjany bir gün dermanlyk otlardan eşegini mas (mes) ýükläp gelýärkä, eşegiň ýüki agypdyr. Ol ötegçileriň birini saklap, dermanlyk otlary Abu Aly ibn Sina alyp barýandygyny, eger kömekleşse, tebibiň öz gezeginde oňa kömek etjekdigini aýdypdyr. Ötegçi ýüki ýükleşip bolandan soň, "Halypaňyza aýdyň, üç-üç, hepdede bir üç, aýda üç we ýylda üç" diýip gidiberipdir. Juzjany gelenden soň, halypasyna ýolda bolan wakany gürrüň beripdir. Soňra ol kömekleşen adamyň aýdan syrly sözüniň manysyny düşündirmegi haýyş edipdir. Ibn Sina şägirdine seredip: "Ol adam günde üç wagtyna oňat naharlanýar, bir günki wagtyny üçe bölüp, 8 sagat uklaýar, 8 sagat zähmet çekýar, 8 sagat dynç alýar hem-de günde 3 gezek ýuwnup-ardynýar, dişini arassalaýar. Hepdede 1 gezek aýalyna ýakynlaşýar. Aýda 3 gezek balyk, ýylda 3 gezek kellebaşaýak iýýar. Şonuň üçin onuň bize işi düşmez" diýipdir.

Lukman Hekim garaýagyz adam eken. Bir adam ony tanaman, gulluga alyp, birnäçe wagt hyzmatyny etdiripdir. Soňra gulunyň ylmy-hikmetden başynyň çykýandygyny aňyp, ony barlamak üçin:

- Goýny soýup, iň süýji ýerini bişirip gel - diýipdir. Lukman goýny soýup, ýürek bilen dilini bişirip, hojaýynynyň öňünde goýupdyr. Başga bir gün ol ýene Lukmany ýanyna çagyrypdyr: - Goýny soýup iň ajy ýerini bişirip gel! - Lukman goýny öldürip, dili bilen ýüregini bişirip, onuň öňünde goýupdyr. - Bu näme etdigiň boldy, - diýip hojaýyn soranda, Lukman şeýle jogap beripdir:

- "Eý hojam, eger päk bolsa, dil bilen ýürekden süýji zat ýokdur, eger päk bolmasa, dil bilen ýürekden ajy zat bolmaz.

Barjamly adamlaryň biri "Gulumy tapdym" diýip, Lukmany tutup, oňa palçykdan jaý salmagy buýurýar. Ibn Sina agyr işe werdiş bolup, bir ýyl zähmet çekýär. Palçykdan owadan ymarat salýar. Edil jaý biten pursatlary baýyň gaçan guly öýüne gelýär. Ýalňyşan baý eden işine öýkünip, Lukmandan ötünç soraýar. Şonda Lukman: "Indi ökünçden ne peýda! Bir ýyl agyr zähmet çekip, palçykdan ymarat salmagy öwrendim. Palçygy işlemegiň tilsimini bildim. Agyr zähmetiň gadryny bildim" diýip, şeýle ýazýar:

Her bir adam zordan görse jebr,
Kişiniň halyny gaýgyrmaz hergiz,
Gaharly söz eşidip gelseň häkimden,
Bendeleri ezme gödeklik bilen.

Buhara emiri bir gün mollalary, talyplary köşge çagyryp, olaryň içinden ylymlylaryny saýlap alýar. Emir Ibn Sinany ulamalaryň başlygy edip goýýar. Bir jadygöý kempir Ibn Sina bahylçylyk edýär. Ol emiriň kitaphanasyny otlap, ony ibn Sinanyň üstüne atýar. Emir kempiriň sözüne ynanýar. Lukman emiriň rugsady bilen ýanan kitaplary ýatdan ýazyp, olary dikeltmäge başlaýar. Ol gije – gündiz zähmet çekýär, uklamazlyk üçin käte

şerap içýär. Kempir muny aňyp, emire ýene-de ýamanlaýar. Ibn Sinany zyndana taşlaýarlar. Akyldar zyndandan gaçyp Gürgenje (Köneürgenje) barýar, obama – oba aýlanyp, tebipçilik edip gün görýär.

Ol Horezmden Gürgene barýar. Gürgeniň hökümdary Kowusyň (Kobusyň) ýegeni hem erbet syrkaw eken. Ibn Sina syrkawyň 360 damaryny barlap ondan kesel tapmaýar. Ol munuň yşk keseli bar bolsa gerek diýen çäk bilen, Kowusyň häkimlik edýän ýerini gowy bilýän adamy çagyryp, ondan köçeme-köçe, öýme – öý adam atlaryny soraýar. Bir köçänin adyny aýdanda syrkawyň damary bir gezek batly urýar. Şol köçede ýaşaýan bir adamyň Sülgün diýen gyzynyň ady tutulanda ýigidiň ähli damary urýar. Ibn Sina Kowusyň utanjaň ýegeniniň şol gyzy söýendigini bilip, ony keselinden halas edýär.

Beýik alymyň soňky günleri barada halk arasynda şeýle rowaýat saklanyp galypdyr. Ibn Sina bu dünýäde ýaşamaly günleriniň azalýandygyny duýup, ölümiň garşysyna göreşmegi makul bilýär. Akyldar gije - gündiz ýatman birnäçe dermanlyk otlary, serişdeleri we olaryň syrlaryny öwrenip, kyrk görnüşli derman taýýarlaýar. Dermanlaryň her haýsyny bir gaba, ýagny 40 sany gaba guýýar. Her bir gaba özüniň tertibini ýazýar. Soňra ol özüniň iň ynamdar şägirdi Jüzjanyny ýanyna çagyrýar.[1]

“Meni üns berip diňle – diýip şägirdine tabşyrýar. – Meniň güýjüm gaçyp barýar, ähtimal ertir men ölerin. Eger-de sen şu kyrk sany dermany, meniň görkezişim ýaly em etseň, men ölmerin” diýip, dermanlary görkezýär.

Ertesi gün beýik lukman huşuny ýitirýär. Onda Jüzjany alymyň aýdyşy ýaly birinji dermany, agzyna guýup içirýär. Ikinjisini kükregine çalýar, üçünjisi bilen arkasyny süpürýär. Dördünji dermany aýagyna çalýar. Bäşinjini ýene-de içirýär. Şular ýaly kyrk derman bilen alymyň görkezişi ýaly em edýär.

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

Ibn Sinanyň şägirdi tolgunmak bilen derman guýlan gaplary ýeke-ýekeden eline alyp, beýik alymyň diýşi ýaly usullary amala aşyryp başlaýar. Em edilýän dermanlaryň sanynyň yzygiderlikde artmagy bilen, garry göwre ýaşaryp, gülläp barýan ýetginjege öwrülip başlaýar. Iň soňky kyrkynjy derman galypdy, ony içenden soňra Ibn Sina ýeňläp ýylgyryp ýerinden galmalydy. Kyrkynjy derman, içilen ähli otuz dokuz dermanyň beren güýjüni berkitmelidi. Kyrkynjy dermany içip Ibn Sina(Lukman Hekim) gözüni açmalydy we uludan demini almalydy. Muňa seredip haýran galyp duran şägirt, ellerini titredip, aljyrap kyrkynjy dermanly gaby elinden gaçyrýar, derman bolsa çägäniň üstüne dökülýär we ýere siňip gidýar. Birnäçe minut wagt geçenden soňra şägirdiň öňünde jansyz jeset ýatanmyş.

ABU ALY IBN SINANYŇ LUKMANÇYLYK YLMYNA DEGIŞLI YLMY IŞLERI

1. Abu Aly ibn Sinanyň medisina degişli ylmy işleri

Ibn Sina medisinany Abul Mansur Kamarynyň ýolbaşçylygynda öwrenip başlaýar. Abu Mansur Kamary Buhara şäherinde belli tanymal lukman hasaplanypdyr. Onuň medisina boýunça birnäçe ylmy traktatlary hem bolupdyr. Ondan başga-da medisina bilen meşgullanmany we öwrenmegi hristianin Abu Sahl Masihiniň "Medisinanyň sungatyndan ýüz kitap" atly işi maslahat berilýär. Bu iş uzak wagtlaryň dowamynda medisina boýunça gollanma hökmünde ulanylýar we Abu Aly ibn Sinanyň "Medisinanyň kanunlary" kitabynyň ýazylmagyna görnükli täsir edýär. Abu Sahl Masihi nestorianin bolýar. Nestorianlylyk - bu hristiançylykda bir akym bolup, ol Wizantiýada V asyrda emele gelýär. Ony esaslandyryjy – Nesteriý, 428-431-nji ýyllarda Konstantinopolly patriarh hasaplanylýar. 529-njy ýylda imperator Ýustinian (527-565 ýý.) Afinadaky ähli filosofiki mekdepleri ýapýar. Nestorianlar serkowly (церковной) reaksiýanyň täsiri netijesinde we olaryň wizantiýaly atly adamlaryň garşysyna göreşenligi sebäpli öz ýurtlaryny taşlamaga mejbur bolýarlar. Olar Merkezi Aziýa ýurtlaryna we Hindistana, Hytaýa we ş.m. ýerlere gaçýarlar.[1]

Eýranlylaryň (parslaryň) Gondişapur – Huzistanyň merkezi şäherinde Sanitler epohasynda olar medisina mekdebini esaslandyrýarlar. Bu bolsa özboluşly aleksandiýalylaryň keşbindäki akademiýa hasaplanylypdyr. Ol hem öz gezeginde Gündogarda (Merkezi Aziýada) medisinanyň ösmegine görnükli goşant goşýar. Bu ýerde şeýle-de hindi wraçlary (lukmanlary) hem işläpdirler. Bu mekdep Hindistan we Hytaý döwletleri bilen jebis arabaglanyşykda bolýar. Uzak wagtlaryň dowamynda akademiýa

---

[1] Абу Али Ибн Сина. (К 1000 летию со дня рождения). Ташкент. 1980.

Sasanitler döwletiniň tebigy ylmy merkezi hasaplanypdyr. Bu ýerden lukmanlaryň we filosoflaryň görnükli wekilleri cykypdyr.

Abu Aly ibn Sinanyň medisinanyň soltany hökmünde görkezilişi.

Nestorianlar gadymy eserleriň köp sanlysyny siriýa we arap dillerine terjime edýärler. X asyryň başlaryna Aristoteliň we Dioskopidiň, Gippokratyň we Galeniň esasy işleri arap diline terjime edilýär. Ýewropa şu terjimeleriň esasynda grekleriň beýik akyldarlary bilen tanyş bolýar. Köp sanly eserler şu terjimelerde hem dünýäniň belli kitaphanalarynda saklanylýar.

Abu Aly Ibn Sina köp sanly hassalary bejerdim diýip öz biografiýasynda ýatlaýar. Beýik akyldar keselleriň dürli görnüşlerini bejermek üçin bu praktikadan peýdalanypdyr. Tiz wagtyň dowamynda ol has tanymal lukman hökmünde tanalypdyr.

Abu Aly ibn Sinanyň medisina degişli işleri bilen tanyş bolmazdan öňürti, bu ugurda görnükli iş bitiren grek we nusulman

alymlarynyň terjimehaly bilen baglanyşykly maglumatlara seredip geçeliň.



Orta asyrlar Gündogarynyň formokologiýa boýunça traktatyň miniatýurasy.

Köplenç, Abu Aly ibn Sina halypasy al-Masihi bilen bilelikde hassalary kabul edýärler. Al-Masihi Ibn Sinanyň hassalaryň çalaja bildirýän kesellerinin häsiýetlerine seredip, anyklap biliş ukybyna haýran galýar. Al-Masihi bilen bilelikde olar hirurgiýa operasiýalaryny hem geçirýärler. Şeýle-de olar Arrakdaky himiki tejribehanasynda hem işleýärler. Ol ýerde dürli görnüşli himiki tejribeleri geçirýärler. Abu Reýhan al-Biruny bilen bilelikde astronomiýa bilen hem meşgul bolýarlar.



Abu Aly ibn Sinanyň türkmen dilinde çykan “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” atly kitaby.

Köp ýyllaryň ýadawsyz zähmetiniň netijesinde Ibn Sina “Logika boýunça ortaça gysgaltmalar”, biraz soňrak “Gözegçilikleriň toplumy” we filosofiýa boýunça “Ýüze cykmak we gaýdyp gelmek” kitabyny ýazýar. Ol özüniň esasy we baş kitaby bolan “Lukmancylyk ylmynyň kanunlary” atly eserini ýazmaga başlaýar.

Günler geçip dur. 1012-nji ýylda daňdan ir bilen turup iýip-içenden soňra alym “Lukmancylyk ylmynyň kanunlary” atly işini ýazyp başlaýar. Gündizine öz okuwçylaryny okadýar we hassalary

bejerýär. Agşamlaryna bolsa duşuşyklar we gürrüňdeşlikler geciryär. Gije ýene-de kitabyny ýazýar.[1]

“Lukmancylyk ylmynyň kanunlary (al-Kanun fi-t-tibb)” işi örän haýal ýazylýar. “Eger-de baş-alty ýyl oňat dynç durmuş bolsady” – diýip, Ibn Sina içinden pikir edýär. Emma dynç durmuş bolman, eýsem ol ýene-de bu şäher bilen hoşlaşyp, 1012-nji ýylda Gürgenç şäherinden gitmeli bolýar.



“Medisinanyň kanunlary” kitabynyň latynça nusgasy.

Ibn Sina dürli görnüşli operasiýalary geçiripdir. Ol aýratyn hem: çykyklary dogrulamak, aýagyň we eliň egriligini düzetmek, siýdik haltadan daş aýyrmak ýaly birnäçe operasiýalary geçirýär. Göz operasiýalaryna ol aýratyn-da guwanýardy: “Men göz barada hökman “Kanunda” ýazgy bermelidirin – diýip, ol gündizki

[1] Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. I книга. Издание II, Ташкент. 1981.

sapakda okuwçylaryna gürrüň berýär, - her bir lukman şu operasiýany geçirmegi öwrenmelidir” diýýär.[1]

Agşamlaryna Ibn Sina “Kanuny” ýazmagy dowam etdirse, Juzjany bolsa göçüripdir. Ibn Sina bir wagtyň özünde birnäçe kitaby ýazmagy başarypdyr. Ol bir gezek Jüzjanydan Aristoteliň kitaplaryna özüniň düşündirişini ýazmagy ýa-da okap bermegini soraýar.

“Sen görýärmiň, men boş däl. Men bir kitaby ýazmagy ýüregime düwdim, bu kitap biziň hemmämize peýdalydyr. Men özümiň bilýän zatlarymyň hemmesini şu kitapda ýerleşdirmäge çalşaryn. Şol ýerde meniň beýik grek alymy Aristotele bolan garaýşym beýan ediler” diýip jogap berýär. Bu kitap “Kitab-uş-şifa” diýlip atlandyrylyp – türkmen diline “Ruhuň abatlanyş kitaby” ady bilen terjime edilýär.[2]

Ibn Sina özüniň “Abatlanyş kitabyny” 17 jiltden ybarat bolar diýip hasaplaýar. Şol döwrüň: geologiýa, geofizika, meteorologiýa, fizika we optika, alhimiýa, botanika, zoologiýa ylymlarynyň gazananlaryny şu kitaba girizmek isleýär. Beýik alym matematika ylmynyň we sazyň nazaryýetiniň ýeten derejesine bolsa aýratyn eserde seretmegi ýüregine düwýär.

Medisina bilimleriniň toplumyny bir eserde bermäge Ibn Sinadan ozal hem synanyşanlar köp bolupdyr. Olaryň arasynda has irkiräk zamanlarda işlänlerem, Ibn Sinanyň döwürdeşlerinem ýatlamak bolar. Wizantiýa imperiýasynda 326-402-nji ýyllarda ýaşap geçen görnükli lukman Oribaziý şol hili adamlardan bolupdyr. Ol özüniň “Sinopsis” atly ýygyndysyny ýazypdyr. Bagdatda keselhana açyp, oňa-da ýolbaşçylyk eden Aly Ibn Abbas (990-njy ýa-da 994-nji ýylda aradan çykan) “al-Kitap al-Meliki” - “Tebipçilik sungaty hakynda mertebeli kitap” atly eserini döredipdir. Abu Bekr ar-Razynyň ýazan 30(käbir maglumatlarda 20) tomluk “al-Kitap al-Hawi” - “Hemme zady öz içine alýan

---

[1] Салдадзе Л. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

[2]Петров Б. Д. Очерки из истории отечественной медисины. М.: 1966.

kitaby” welin, “Kanunyň” öň ýanyndaky iň uly eser hasap edilýär. Bu kitaplary bir ýerden beýleki ýere äkitjek bolsa bir düýe (düýe ýüki) gerek bolupdyr. Bu ylmy işde Gippokrat, Galen, Oribaziý we Pawel Eginskiý ýaly medisina ylmyna hem amalyýetine köp goşant goşan akyldarlaryň maglumatlary hem-de ar-Razynyň öz barlaglarynyň netijeleri ýerleşdirilipdir.

Abu Aly ibn Sinanyň “Medisinanyň kanunlary” kitabynyň arapça nusgasy.

Abu Aly daňdan Gün çykmanka ukudan turup “Abatlanyş kitabynyň” iň bolmanda iki sahypasyny ýazypdyr. Gündizine bolsa ýene-de öňükisi ýaly okuwçylary kabul edipdir. Onuň öýüniň öňündäki kiçijik meýdança elmydama adamdan doly bolupdyr. Bu ýere tanymal baý adamlar, köpräk garyp daýhanlar, senetçiler we söwdegärler gelipdirler. Olaryň aglabasy kesel bolup, döwrüň beýik lukmany Abu Aly Ibn Sinanyň elinden sagalmaga garaşýan ynsanlardy. Bejermek üçin däri-dermanlaryň her birini alymyň özi dermanlyk otlardan, däne tohumlaryndan we şepbikden ýasapdyr.



Arap lukmanlarynyň keselleri bejerýän pursady.

“Abatlanyş kitaby” esasan dört bölekden ybarat. Olar aşakdaky ýaly tertipde berilýär: - I) logika, II) tebigy ylymlar (fizika, biologiýa, psihologiýa), III) matematiki ylymlar (geometriýa, astronomoýa, sanlaryň we sazyň nazaryýeti), IV) metafizika - hemmesi bilelikde 18 sany kitapdan ybarat bolýar.[1]

Ýokarda görkezilen kitaplaryň hersi öz döwri üçin uly üstünlik bolan bolsa-da, olarda kemçilik hem, ýetmezçilik hem bardy. Abu Bekr ar-Razynyň kitaby uly göwrümli bolmak bilen, ol käbir kemçiliklerini hem alypdyr. Emma “Kanunyň” döremeginde olaryň-da uly ähmiýeti bolupdyr. Ibn Sina galen bilen ar-Razynyň işlerindäki kemçilikleri düzetmegi öz öňünde wezipe edip goýdy we üstünlik bilen onuň hötdesinden gelipdir. “Kanun” doly we bir wagtyň özünde-de gysga” diýip B. D. Petrow “Abu Aly Ibn Sina beýik Merkezi Aziýanyň alymy - ensiklopediýaçysy” diýip

[1] Семенов А. А. Абу Али Ибн Сина (Авиценна) Сталинабад. 1953.

belleýär. Ibn Sina ““Kanuny” döredeiji” diýip öz makalasynda belleýär.

Ibn Sinanyň poeziýa bilen ýazan ylmy eserleriniň köp bolandygyny biz bilýäris. Ol özüniň medisina degişli işleriniňem köp sanlysyny goşgy arkaly beýan edýär. Ibn Sina “Gadymy lukmanlaryň hem filosoflarynyň yzy bilen medisina bilimleriniň ähli bölümleriniň öz goşgularyma siňdirip, adamlara hyzmat etmegi ýüregime düwdüm” diýip özüniň adamkärçilikli maksadyny beýän edipdir. Akyldaryň pikirine görä, şygyr arkaly berilýän pikiri adamlar ýeňil kabul edýärler. Ol poeziýada ýazan eserlerini “Uruzja” diýip atlandyrypdyr. Ine olaryň käbiri: “Anatomiýa boýunça uruzja (Uruzja fil-bah)”, “Lukmançylyk boýunça uruzja (Uruzja fist-tibb)”, “Tebipçilik hakynda maslahat (Manzuma fit-tibb)” we beýlekiler.

Akyldaryň “Lukmançylyk boýunça uruzjasynyň” onuň şygyr bilen ýazan iň ulularynyň biri bolandygyny, onda 1326 bendiň ýa-da 2652 setiriň bardygyny hem bellemek mümkindir. Bu eser lukmançylykdan okuw kitaby hökmünde ýazylypdyr. Gürrüňi edilýän kitapda nazary meseleler bilen birlikde tebipçiligiň amaly işleri hem göz öňünde tutulýar. Bu uruzjany “Kanunyň” goşgy bilen ýazylan ilkinji kitaby diýip hasaplanylýar.[1]

Beýik akyldaryň bir günki işi barada Jüzjany: “Halypam ýazmak üçin kagyz we syýa golçasyny sorardy. Soňra ol bir top kagyzy öz öňünde goýup her bir meselä aýratyn düşündiriş ýazardy. Her gün 50 sahypa iş ýazardy. Islendik işi ýazanda hiç hili gollanma maglumat çeşmesine seretmezdi, ähli zady ýatdan ýazardy” diýip ýatlaýar.

Emma täze ýagdaýlar onuň bu işlerini wagtlaýynça togtatmaga mejbur edipdir. Näbelli adamyň arz etmegi bilen tussag edilip zyndana atdylar.

Bu ýerde Ibn Sina hojaýynyň keselini bejerýar. Minnetdarlyk hökmünde zyndanyň hojaýyny Abu Alyny zynjyrdan

---

[1] Воскобойников В. Лукман Хеким. Ашгабат, “Магарыф”, 1987.

boşadýar, Abu Aly bolsa öz gezeginde gaçmajakdygyna söz berýär.

Zyndanyň hojaýyny Ibn Sina kagyz, galam perosyny we syýa golçasyny öz kanselýariýasyndan getirip berýär. Gijelerine hojaýyn özüniň uzyn durmuş ýoly, obadaky ýaşlyk döwürleri barada gürrüň bermegi gowy görer eken.



Abu Aly ibn Sinanyň “Medisinanyň kanunlary” kitabynyň rus dilindäki görnüşi.

Ibn Sina dört aý zyndanda bolan döwründe özüniň “Dogry ýol barada kitap” diýen işini we “Sanjylar barada kitabyny” gaýtadan düzedýär. Şol ýerde hem Ibn Sina özüniň “Uklaman çykýanyň diri ogly” atly bir filosofiki powestini ýazýar. Powestiň ady zyndan hojaýynynyň adynyň, ýagny Haýi Ibn-Ýakzan sözüniň türkmen diline terjimesidir.

Bu kitaby köp adamlar okaýarlar onuň her sahypasy filosofiki pikirlerden doly bolýar. Iki ýüz ýyl çemesi wagt geçenden soňra ýazyjy Ibn Tufaýl edil şular ýaly at bilen öz romanyny ýazýar. Onda berilýän wakalar edil Ibn Sinanyň eserindäki ýaly. Edebiýatçylaryň aglabasy ölmezek Dante hem özüniň “Hudawy komediýa” eserini Abu Aly Ibn Sinanyň işiniň täsirinde ýazypdyr diýen pikire gelýärler.

Ibn Sina özüniň dünýäde uly meşhurlyga eýe bolan “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” atly işini 1024-njy ýylda doly ýazyp gutarýar. Adamzadyň lukmançylyk ulgamy boýunça ýygnalan ähli bölümleri, şu kitaba siňdirilýär. Bu kitaplar Ibn Sinanyň kyn günlerinde ýazylýar.

Eseriň birinji kitaby – “lukmançylyk ylmynyň nazaryýeti” diýlip atlandyrylýar. Onda medisinanyň ylym hökmünde kesgitlemesi, ylmyň ýerine ýetirýän meseleleri, derman serişdelerini we işjeňligi öwrenmek barada mysallar getirilýär. Şeýle-de kitapda gysga anatomiki ýazgylar, käbir keselleriň görnüş-leri, olary bejermegiň umumy düzgünleri, ir-iýmişler barada, saglygy goramagyň dürli usullary we ş.m. barada maglumatlar berilýär.

Ikinji kitapda dermanlara ýazgy berilýär. Bu ýerde islendik köküň, islendik agaç gabygynyň, kesele garşy göreşmek ukybynyň bardygy aýan edilýär.

Ibn Sina özüniň “Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” atly eseriniň ikinji kitabynda takmynan 800-e ýakyn ösümlik, haýwan we mineral gelip çykyşly ýönekeý dermanlaryň atlaryny getirýär. Şeýle-de, olardan dürli görnüşli däri-dermanlary ýasamagyň usullaryny we ulanmaga degişli maslahatlar berýär. Bu kitabyň baý

mazmuny bize diňe ylmy medisina bilen tanyş etmän, eýsem halk lukmançylygy bilen hem tanyş edýär. [1]

“Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” eseriniň üçünji we dördünji kitaplary adam organizminiň ähli kesellerini başdan aýak anyk öz içine alýar.

Orta asyr alymlarynyň gözüň gurluşy bilen baglanyşykly işi.

Işiň bäşinji kitaby farmakologiýa bagyş edilýär. Onda dürli çylşyrymly dermanlary taýýarlamak we ulanmak usullary beýan edilýär. Oňa derman serişdeleriniň 37-si degişli edilýär. “Bu

[1] Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. III книга. Издание II, Ташкент. 1979. 45-46 sah.

dermanlary beýik grek alymy Galen ulanypdyr, - diýip Ibn Sina ýazýar, emma bu hindileriň meşhur dermanlary hasaplanylýar. Olary men esaslandyrdym” diýip belleýär.

Abu Aly Ibn Sinanyň “Kanunynda” öň medisinada mälim bolmadyk täze maglumatlar hem bir sahypasynda duş gelýär, olara mysal hökmünde, göze görünmeýän wiruslar baradaky maglumatlaryň berilişini bellemek bolar (Ýewropa alymlary wiruslar baradaky gipotezany ilkinji gezek ibn Sinanyň döwründen takmynan 800 ýyl geçenden soňra, fransuz alymy Pasteriň ady bilen baglanyşdyrylýar.

Ibn Sinanyň bu düýpli işi 200 çap sahypasy möçberinde. Ol eýýäm XII asyrda arap dilinden latynça terjime edilýär we dünýäniň dürli künjegine, göçürme ýoly bilen ýaýraýar. Neşir stanogy oýlanyp tapylandan soňra, dünýäde “Kanun” ilkinji çap edilen köp tiražly kitaplaryň biridir. Çap etmegiň möçberi boýunça Bibliýa bilen deň hatarda ýaryşyp biler.

“Lukmançylyk ylmynyň kanunlary” latyn diline ilkinji gezek Gerard Kreminski (1114-1187-nji ýyllarda ýaşan) tarapyndan terjime edilip, 1473-nji ýylda latyn dilinde, arapçasy bolsa 1543-nji ýylda çap edilýär.[1]

Orta asyrlarda Lukman hekimiň “Kanuny” Ýewropada latyn dilinde 30 gezek çapdan çykýar we XVII asyryň ahyryna çenli diňe talyplaryň esasy okuw kitaby bolman, eýsem lukmanlaryň hem gollanmasy hasaplanypdyr.

Onuň rus dilindäki ilkinji terjimesi 1954-1960-njy ýyllarda çapdan çykýar.

Ibn Sinanyň medisina ylmyna goşan doşandy, bu ugurda eden açyşlary adamzat biliminiň bu pudagynyň geljekki ösüşüniň esasy ýollaryny kesgitläpdir, tebigat bilimleriniň taryhynda ilkinji gezek göz anatomioýasynyň hem görüş hadysasynyň mehanzminiň dogry ýazgysyny bermek, şol esasda-da görüş hadysasynda setçatkanyň (gözüň ýagrylyk kabul edýän içki bardasy) oýnaýan

---

[1] Şol ýerde 56-58 sah.

hakyky roluny görkezmek we şekiliň hrustalik arkaly däl-de, eýsem setçatka tarapyndan berilýändigini subut etmek – bular eýsem alymyň depesini göge ýetirjek pikirler dälmidir näme?! Galeniň pikirine görä, göreç, görmeklik gözlerden çykýan şöhleler arkaly amala aşyrylýarmyşyn.Ibn Sina bu taglymaty kabul etmändir. Akyldar “nerw dokumalarynyň” hemmesinde jemleşýän ýeri bolan beýnininiň merkez hökmünde oýnaýan roluna hem baha beripdir.



Abu Aly ibn Sinanyň adam skiletini toparlara bölüşi (laynça nusga).

Abu Aly Ibn Sina profilaktiki medisina köp üns beripdir. Ol bu işde bedenterbiýäniň aýgytly roluny görüpdir. Şonuň üçin hem, bedenterbiýäni saglygy saklamagyň we berkitmegiň esasy diýip hasaplapdyr. Beden terbiýesi toplumlaýyn berilmelidir, onda fiziki maşklar, suw proseduralarynyň düzgüni, iýmit we uky göz öňünde tutulmalydyr.

Umuman, medisinanyň haýsy ugruna seretseň, şol ýerde beýik dananyň "eli bar". Onuň bejeriş serişdeleri hakyndaky işleri, traktatlary täze farmokologiýanyň döredilendigini aňladýardy. Ibn Sinanyň farmokologiýa baradaky gazanan üstünlikleriniň hem "Kanunda" ýerleşdirilmegi bu kitabyň abraýyny ýene-de bir gez ýokary göteren bolsa gerek. "Kanunda" ýazyp giden bejeriş serişdeleri beýle bir täze-de bolmandyr. Emma, olaryň ýazylyşy hem olary taýýarlamagyň reseptleri san taýdan hem köp bolupdyr. Olary ulanmagyň we täsir etmegiň usuly boýunça-da özünden öňkülerden ýokarda bolupdyr.[1]

Beýik Lukman Hekim gözüň tebigatyna we gurluşyna doly häsiýetnama bermegi hem başarýar. Ol bu barada: "...Göz almasyny hereketlendirýän myşsalar, dört tarap boýunça dört sanydyr: ýokarda, aşakda we gözüň iki burçunda, olaryň her biri gözi öz tarapyna süýşürýär. Ýene-de ikisi gyşyklygyna ýerleşen bolup, olar almany töwerek (tegelek) boýunça hereketlendirýär. Gözüň yzynda ýarym nerwä daýanýan myşsa ýerleşýär. Nerw myşsany agramlaşdyrýar we oňa gowşamaga mümkinçilik bermeýär. Nerwiň gowşamagy bolsa gözüň şowa görmegine sebäp bolýar..." diýip belleýär. Abu Aly ibn Sina bu zatlary öwrenmek üçin köpsanly jesetleri açmaly we köp sanly preparatlary elinde saklap görmeli bolýar. Bu zatlary ýazmak üçin akyldar diňe bir gözüň myşsasyny açman, eýsem ol gözüň görmeginde esasy roluň setçatka bilen baglanyşyklydygyny dünýäde ilkinji bolup belleýär. Ol iriňlemäniň (ýazwanyň) ýedi görnüşine ýazgy berýär. Görmäge

---

[1] Салдадзе Л. Г. "Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни" издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.

degişli bolan Platonyň, Aristoteliň, Galeniň teoriýalaryndan tapawutly bolan öz teoriýasyny aýan edýär. Bu zatlaryň hemmesini beýik akyldar 25 ýaşynyň içinde ýerine ýetirýar. Ol gözüň kataraktyny aýyrmak boýunça hem operasiýany geçirmäge hem-de gözüň üç örtügine degişi bolan üç suwuklyga degişli ýazgylary hem berýär. Bu bolsa Klawdiý Galeniň medisinasynda ýokdur. Ol bu suwukluklar barada: "Birinji örtük – gar (hrustallik), ikinjisi – eredilen (расплавленные стекло) aýna (aýna, çüýşe görnüşli jisim), üçünjisini bolsa ýumurtga belogy (öňki kameranyň çyglylygy)" diýip belleýär. Abu Aly ibn Sina ýüregiň gurluşyna we onuň işleýiş prinsipine hem doly ýazgy beripdir.[1]

Ibn Sinanyň medisinadan ýazan eserleriniň köpdügini biz bilýäris. Olaryň arasynda "Ýürek dermanlary" diýen kitaby bardyr. Abu Ubeýda Jüzjanynyň şaýat bolmagyna görä, alym bu kitabyny Hemedan şäherine baran wagty, ýagny, 1015-nji ýyllar töwereginde ýazypdyr. Bu kitapda ýürek keselini bejermegiň usullary hem ýollary, serişdeleri hakynda gürrüň edilýär. Lukman medisinanyň taryhynda ilkinji bolup, ýürek kesellerini bejermekde ulanylýan ähli dermanlara häsiýetnama beripdir. Ýürek kesellerini bejerende özüniň ulanan örän çylşyrymly dermanlarynyň 10-sy barada giňişleýin ýazgy galdyrypdyr. Adamyň ýatkeşligini hem akyl ukybyny güýçlendirýän serişdeler hakynda-da ilkinji bolup pikir ýöreden akyldar Ibn Sinadyr.[2]

Akyldaryň medisinada gazanan üstünlükleriniň sebäplerini anyklamak üçin işlän alymlar örän köpdür. Olar bu syrlary belli bir derejede kesgitläp hem bilipdirler. Beýik lukmanyň öz eserlerini ýazmakda peýdalanan teoretiki çeşmeleri hakynda dürli pikirler bar. Ol "Medisinanyň kanunlary" we beýleki kitaplarynyň köpüsinde klinikada edilen barlaglaryň, synaglaryň netijesi barada

---

[1] Салдадзе Л. Г. "Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни" издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.
[2] Семенов А. А. Абу Али Ибн Сина (Авиценна) Сталинабад. 1953.

köp zatlary ýazypdyr. Bu bolsa, şol döwürler bu meseläni çözmek üçin hem ýeterlik baza hasaplanypdyr.



Merkezi Aziýanyň orta asyr lukmanlarynyň ulanan medisina enjamlary.

Gündogarda keselhanalar köp bolupdyr. Olar medisinanyň çalt depginler bilen ösmegine görnükli täsir edipdirler. Keselhanalaryň peýda bolmagynyň hem özboluşly sebäpleri bardyr. Şäherleriň ösmegi adamlaryň bir ýerde köpräk üýşmegine getiripdir, şäherlerde köp adamyň bolmagy bolsa kesselleriň tiz

ýaýramagyna-da belli bir derejede şert döredipdir. Ykdysady hem söwda gatnaşyklarynyň ösmegi syýahatçy söwdegärleriň sanyny artdyrypdyr. Elmydama we gatnawda bolan adamlaryň arasynda ýaramaz ýokanç kesellere uçraýanlary hem az bolmandyr. Keselleri saglaryň arasyndan aýryp, olara kömek etmek zerur bolupdyr. Garrylar, maýyp – müjripler hem şu zeýilli kömege mätäç bolupdyr. Şeýle bolansoň, nähoşa şypa berýän ýörite öýler – keselhanalar gerek bolupdyr.[1]

Musulman lukmanlarynyň keselleri bejeriş usullary.

[1] Сагадеев А. В. Ибн Сина (Авиценна). М.: 1985.

Merkezi Aziýanyň şäherleriniň köp sanlysynda keselhanalar bolupdyr. Olardan: Merwde, Halapda, Reýde, Yspyhanda, Şirazda, Nişapurda, Nusaýda we ş.m. şäherlerde ýerleşen keselhanalary bellemek bolar. Olarda güýçli, öz kärine ökde lukmanlaryň işländigi hakynda köp sanly taryhy ýazgylar bar. Günduşapurdaky akademiýa Gündogar medisinasynda uly rol öýnapdyr, çünki onuň ýanynda keselhana we dermanhana bolupdyr. Oňat ýeri, soňra hut şulara meňzeş medisina merkezleri Günbatarda we döräpdir. Başgaça aýdanda, irki döwürlerde Günduşapurda açylan medisina akademiýasynyň ýanyndaky keselhana hem dermanhanalar soňkular üçin nusga bolup hyzmat edýär.

Gündogarda keselhanalaryň köpelmegi, olaryň içinde bölümleriň, aýry – aýry palatalaryň döremegine sebäp bolupdyr. Ilkinji dörän bölümleriň arasynda hirurgiýa, göz keselleri we beýlekiler bolupdyr. Olaryň köpüsinde aýallar bilen erkekleri aýratynlykda saklamak üçin ýörite zallar we howlular aýratyn jaýlar bolupdyr.

Gadymy Gresiýanyň we Rimiň lukmanlary synlamak üçin ýeterlik mümkinçilik alyp bilmändirler, çünki şol wagtlar ol ýurtlarda keselhanalar bolmandyr. Gündogarda bolsa, şular ýaly mümkinçilikler bolupdyr. Kliniki synaglarda hem-de keselleriň ýagdaýyny, olaryň geçiş prosesini ýazmakda, öwrenmekde, keselhanalaryň uly rol oýnap biljekdikleri hakynda ilkinji ýazanlaryň biri Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razydyr (865-925 ýý.). Ol özüniň mama we gyzamyk hakyndaky ajaýyp işinde bu hakda takyk, anyk maglumatlar getiripdir.

Şular ýaly keselhanada işlemek beýik lukman Abu Aly ibn Sina hem miýesser edipdir. Ol Horasan sebitlerinde ýaşan wagtlary Reý hem-de Yspyhan şäherleriniň iri keselhanalarynda nähoşlary kabul edip, keselleriň häsiýetlerini öwrenipdir. Şol döwürlerde uly keselhanalar Gürgençde (Köneürgençde), Jürjende (Gürgende) we beýleki ýerlerde hem bolan bolmagy ähtimaldyr. Al-Mamunyň keselhanasynda işlän beýik lukmanlar (alymlar) Mäsihi, Hammar,

Abu Reýhan Biruny, sonuň ýaly-da Abu Aly ibn Sinanyň özi lukmançylygyň problemalary bilen meşgul bolupdyrlar.

Lukmançylyk bölümleriniň toplumyny bir eserde bermäge akyldardan öň synanyşanlar hem köp bolupdyr. Olaryň arasynda has irki döwürlerde işlänler hem, Abu Aly ibn Sinanyň döwürdeşlerini hem ýatlamak bolar. Wizantiýa imperiýasynda 326-402-nji ýyllarda ýaşap geçen tanymal lukman Oribaziý şular ýaly alymlaryň hataryndadyr. Ol özüniň "Sinopsis" atly ýygyndysyny ýazypdyr. Arap halyfatynyň paýtagty Bagdat şäherinde keselhana açyp, oňa ýolbaşçylyk edin Aly ibn Abbas "Al kitab al-Mäliki (Tebipçilik sungaty hakynda mertebeli kitap)" atly traktatyny ýazypdyr. Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razy özüniň lukmançylyga degişli bolan 30 tomluk (jiltlik) "al-Kitab al-Hawi (Ähli zady öz içine alýan kitaby)" ýazýar. Bu eser akyldaryň "Medisinanyň kanunlary" ýazmazdan öňki iň uly eseri hasaplanylýar. Onda Gippokrat, Galen, Oribaziý we Pawel Eginskiý ýaly lukmançylyk ylmyna hem amalyýetine (praktikasyna) uly goşant goşan akyldarlaryň maglumatlary hem-de Abu Bekr ar-Razynyň öz barlaglarynyň netijeleri ýerleşdirilipdir.

Abu Aly ibn Sinanyň "Kanony" XVIII asyra çenli Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Italiýanyň, Anglýanyň, Germaniýanyň merkezi uniwersitetleri 600-e ýyla çenli döwür aralygynda öwrenilýär. "Medisinanyň kanunlarynyň" ilkinji arapçadan latynça terjimesini Kremanly Gerard XII asyrda amala aşyrýar (Fridrih Barbarossyň buýrugy boýunça). "Kanonyň" ilkinji çap edilen görnüşi 1473-nji ýylda amala aşyrylýar. Bu traktat 1476-1479-nji ýyllarda Paduýede, 1482-1500-nji ýyllarda bolsa Wenesiýada çap edilýär. 1543-nji ýylda Rim tipografiýasy Mediçide arap dilinde, 1593-nji ýylda bolsa fransuz dilinde çaodan çykýar. Bu eseriň çap edilmegi bilen diňe Bibliý kitaby bäsleşip bilýärdi. Kiýew, Nowgorod, Moskwa "Medisina ylmynyň kanunlary" bilen XV asyrda tanyş bolýarlar. Medisinadan has wajyp traktat bolan ägirdi "Menisina ylmynyň kanunlary" XIX asyrda rus diline doly terjime

edilýär. 1954-1960-njy ýyllarda bolsa ol gaýtadan rus diline we özbek diline ilkinji gezek terjime edilýär we çapdan çykarylýar.[1]



Musulman lukmanlarynyň oňurga keselini bejerişi.

---

[1] Якубовский, Ибн Сина – Я. Ю. Ибн Сина в кн.: Ибн Сина, Материалы научной сессии АН Уз ССР, посвященной 1000 летнему юбилею Ибн Сины, Ташкент, 1953, стр.5-29.

Abu Aly ibn Sinanyň medisina degişli bolan beýleki ylmy traktatlaryndan: “Ýürek serişdeleri”, “Gigiýena barada”, “Dermany dogry ulanmagyň düzgünleri”, “Lihoradka we çişmeler”, “Nerw keselleri we paraliçler”, “Medisina barada aforizmler” we “Medisina görkezmeleri”, “Saglygyňy saklamak barada”, “Saglygyň zyýanly şikeslerini aýyrmak boýunça görkezmeler”, “Uruzja” we beýleki traktatlaryny görkezmek bolar.

Abu Aly ibn Sinanyň keselini bejýän pursady.

Akyldar “Puls barada” diýen ylmy traktatynda ýüregiň pulsunyň ählitaraplaýyn urşuna seredip geçýär. Ibn Sina pulsuň urşy boýunça köpsanly keselleri kesgitläp bilipdir. Emma, akyldar pulsuň ugşy bilen köpsanly keselleriň döreýşini görkezmän, eýsem dürli emosional ýagdaýlaryň (begenmek, gorkmak), jynsyň, ýaşyň, iýmiti kabul etmek, günüň wagtyna (daňdan, agşam) we ş.m. hem ýagdaýynyň hem baglydygyny belleýär.

Beýik Lukman Hekimiň ylmy işleriniň, has soňraklar dünýäniň dürli alymlary tarapyndan açylan mysallaryna seredip geçeliň. Akyldar dünýäde ilkinji bolup, bronhial astma patogeneziniň nerw sistemasynyň ýagdaýyna baglydygy belleýär. Ol bu barada: "Ol kesel dem alyş organynyň başlanýan ýeriniň şikeslenmegi netijesinde döreýär – ol bolsa beýniniň arka we kelle nerwleridir" diýip ýazýar. Edil şular ýaly netijä häzirki zaman medisinasy hem gelýär. Beýik akyldar medisinanyň taryhynda ilkinji bolup guduzlamagyň sebäplerini, ony bejermegiň usullaryny ýazypdyr.

Abu Aly ibn Sina medisnanyň taryhynda ilkinji bolup garamygy gyzamykdan bölüp aýyrýar. Ol ilkinji bolup wenerologiki keselini (sifilisi) simap bilen bejerip bolýandygyny ýazýar. Beýik akyldar süýji keselini bejermekde diabetiň wajyp rolunyň bardygyny we hassanyň siýdigi bilen süýjiniň azalýandygyny hem belläpdir. Ol keseliň sebäplerini – bagryň funksiýasynyň bozulmagy, içagyrynyň mehaniki we parenhimatoz görnüşleri barada hem maglumatlary galdyrypdyr. Bu görkezmelere häzirki zaman medisinasy hiç zat goşup bilmändir.

Akyldar medisinanyň taryhynda ilkinji bolup infarkt miokardyň emele gelşini belläpdir. Ol bu barada "käbir ýagdaýlarda ýüregiň damarlarynda (kanallarynda) dykylar emele gelýär. Ol bolsa onuň işleýiş düzgünini bozýar" diýip ýazypdyr. Ýüregiň näsag işlemeginiň beýleki organlar bilen arabaglanyşygynyň bardygyny görkezýär. Bu bolsa medisina ylmyna XX asyrda belli bolýar. Akyldar medisinanyň taryhynda ilkinji bolup garahassa (çuma) keseliniň zyýanyny aýan edýär, şeýle-de ony ýaýradyjylaryň kör çyçanlardygyny öz işlerinde ýazypdyr. Şonuň ýaly-da akyldar Sibir ýazwasyny beýleki kesellerden düýpgöter tapawutlandyrypdyr.

2. Gippokratyň ömri we döredijiligi

Gippokrat (Hippocrates) grek lukmany we pedagogy hasaplanylyp, ol biziň eramyzdan öňki 460-njy ýylda Gresiýanyň

Kos adasynda eneden dogulýar we Fessiliýada Lariss şäherinde biziň eramyzdan öňki 356-njy ýylda aradan çykýar (käbir ylmy çeşmelerde aradan çykan wagty 377-nji ýyl diýlip bellenilýär). Fesseliýada Gippokratyň hormatyna ýadygärlik dikeldýärler.



Görnükli grek alymy Gippokrat.

Lukmançylyk bilen baglanyşykly ilkinji bilimi öz kakasyndan – Geraklitden we Kos adasynyň beýleki wraçlaryndan ylmy kämilleşdirmek maksady bilen öwrenýär. Gippokrat ýaşlykda köp ýurtlara syýahat edýär we şol ýerlerde bar bolan ýerli tebipçilik we lukmançylyk sungatlarynyň amaly (praktiki) inçe syrlary bilen gyzyklanýar.

Gippokratyň durmuş ýoly dogrusynda käbir rowaýata öwrülen gürrüňler biziň döwrümize gelip ýetipdir. Gippokratyň adyna uly möçberdäki, ýagny 72 ylmy makalalar berilýär. Beýik lukmanyň köp sanly eserleri şol döwürde ýaşan beýleki grek alymlarynyň (Galen, Galler, Gpunert, Gezer, Litr, Kowner we beýlekiler) ady bilen baglanyşdyrylýar. Şeýle-de Gippokratyň

eserleriniň köp sanlysy, onuň ogullary lukmanlar Fessal we Drakon we ýegeni Polib bilen baglanyşdyrýarlar. Grek lukmanlary Galeniň - 11, Gelleriň – 18, Kowneriň - 8 eserlerini Gippokratyň ylmy traktatlaryna (kodekslerine) degişlidigi häzirki döwürde alymlar tarapyndan aýan edilýär.[1]

Gippokratyň dürli keselleri bejermek maksady bilen halkyň arasynda aýlanyşy.

---

[1] Избранные произведение мыслителей стран Ближнего и Среднего Востока. М.: 1961.

Gippokratyň esasy hyzmatlarynyň biri hökmünde dünýä medisinasyny garaňky empirizmden we ýalan filosofiki teoriýalardan arassalap, ilkinji bolup ylmy esasyny goýmagydyr.

Gippokrat ylmy medisina we filosofiýa ylymlaryny bir-birinden aýrylmaz ylymlar hökmünde görýär. Olaryň her biriniň serhedini goýýar we bir-birinden bölýär. Gippokratyň ýazan ylmy eserleriniň her birinden, onuň geniallygyny, ýiti zehinlidigini we logiki pikirlidigini görmek mümkin. Beýik alymyň ähli netijeleri has jikme – jik(anyk) gözegçiliklere we barlanan faktlara daýanýar. Alnan netijelerini bir-biri bilen deňeşdirmek we umumylaşdyrmak bilen hem belli netijeleri kabul edýär. Gippokrat her bir keseliň emele gelşini we soňraky netijelerini, köp sanly analoglaryny(birmeňzeşlerini) we mysallaryny has ünsli öwrenip, bejeriş çärelerini geçirýär. Bu bolsa Gippokratyň ýaşan döwründe uly üstünliklere eýe bolmagyna sebäp bolýar. Gippokratyň teoriýasyny dowam etdiriji Kos mekdebiniň uçurmlary uzak wagtlaryň dowamynda uly şöhrata eýe bolupdyrlar we häzirki zaman medisinasyna tarap ugry alypdyrlar.[1]

Gippokratyň ýygyndysy diýlip atlandyrylýan ylmy eserleriniň sanawyny aşakdaky dünýä meşhurlygyna eýe bolan: "De aere aquis et locis" we "Epidemiorum libri septem" – eserleri şol döwürde has giňden ýaýran kesellere atmosferanyň, ýylyň paslynyň, ýeliň, suwuň we bellenen hadysalaryň adamyň organizmine fiziologiki täsiri dogrusyndaky gözegçilikleri özünde jemläýär.

Gippokrat şu eserler ýygyndysynda dürli ýurtlaryň klimatologiýasy barada maglumatlary hem getirýär. Şeýle-de meteorologiki şertleri öwrenen ýerlerinde we oňa ýakyn baglanyşykly çäklerde, şol ýa-da başga bir keseliň ýaýraýyş şertlerini anyklaýar. Gippokrat keselleriň emele geliş sebäplerini iki topara: umumy zyýanly klimatyň, topragyň täsiri bilen

[1] Петров Б. Д. Очерки из истории отечественной медисины. Москва, 1966.

baglanyşykly dogabitdi we hususy – durmuş şertlerine, zähmete, iýmite, ýaşyna bagly bolan kesellere bölýär.

Klawdiý Galeniň, Abu Aly ibn Sinanyň we Gippokratyň suratlary.

Gippokrat ylmy medisinanyň esasyny goýujy alym hökmünde bütin dünýäde tanalýar. Onuň ady bilen medisina degişli bolan ylymlaryň ählisini diýen ýaly, ýagny 62 traktatyny aýratyn bellemek mümkin. Olardan: “Kesellelemek”, “Içki keseller”, “Anatomiýa”, “Ýürek”, “Krizisler”, “Epidemiýa”, “Döwülmeler”, “Bogunlar”, “Aýal keselleri”, “Görüş”, “Howa, suw, ýeriň üsti”, “Dermanlar”, “Iýmit” ýaly eserleri bellenmäge mynasypdyr. Bu eserleriň köp sanlysy beýik akyldaryň şägirtleri tarapyndan göçürilen hem bolsa, olar elmydama ilkinji derejedäki ýyldyzlar hökmünde dünýä aýan bolýar.[1]

---

[1] Кадыров А. А. Саипов У. Т. “Великие ученые – медики средневековья” издательство “Медицина” УЗ ССР. 1988 г.

Galen, Gippokrat we Abu Aly ibn Sina barada ýazylan latyn dilindäki traktat,

Gippokrat entek ýetginjek döwründe adanyň hökümdarynyň Kadma tiresinden bolan gyza öýlenýär (onuň ady biziň günlerimize çenli ýitýär). Gippokratyň iki sany ogly (Fessal we Drakon - wraçlar) we bir gyzy bolýar. Gippoktaryň gyzy kakasynyň okuwçysy Polibiýa durmuşa çykýar.

Biz bu ýerde Abu Aly ibn Sinanyň türkmenler (türki halklary) tarapyndan adynyň “Lukman hekim” diýlip tutulýandygyny bilýäris. Emma käbir alymlar Abu Aly ibn Sina

bilen “Lukman hekim” bir adam däldir diýip belleýäler. Muny ýokardaky surata göz gezdirmek bilen doly subut edip bolar. Eger-de siz surata üns derip seretseňiz, çepden saga beýik grek lukmany Klawdiý Galeni, ortada Awisenna (Lukman hekimi) we sagda Gippokraty görýärsiňiz. Bu ýerde beýik akyldaryň kellesine täç geýdirilen. Bu bolsa onuň hormatynyň grek lukmanlaryndan beýik tutulýandygyny görkezýär. Bu ýerde ýene-de bir zady, ýagny, Türkmenistanyň lukmançylyk uniwersitetiniň we mekdepleriniň talyplarydyr okuwçylarynyň Gippokratyň adyna kasam aýtmaly däl-de, elbetde, beýik Lukman Hekimiň, Abu Aly ibn Sinanyň ýa-da Awisennanyň adyna kasam aýtmaklary maksada laýyk bolardy diýip biz pikir edýäris.

Ylmy işleriň köp sanlysynda Gippokrat bilen Gündogaryň beýik akyldary Abu Aly ibn Sina deňeşdirilýär. Olaryň ýaşan hem döreden zamanalary hakynda pikir ýöredýärler. Bu beýik ynsanlary (adamlary) beýik döwürler döredipdir. Eger-de Gippokrat bilen Galeni ellin medeniýetiniň gülläp ösen wagtlary döreden bolsa, onda Abu Aly ibn Sinany Gündogar (rennesansy) gaýtadan döreýşi orta çykarýar. Olaryň her biri dünýä ylmynyň hem medeniýetiniň gazananlaryna daýanyp, öz döwürleriniň şertlerini hem-de isleglerini, talabyny göz öňünde tutup işläpdirler.

Görnükli rus alymy B. D. Petrow akyldar hakynda has hem ynamly sözleri belläp geçýär. Ol Gündogaryň beýik akyldarynyň Gippokrat we Galen ýaly mugallymlaryndan hem öňe geçendigini belläp, şeýle setirleri ýazypdyr: “Esasy ünsi okwuçynyň we şägirdiň mugallyma öwrüliş hadysasyna jemlemek zerurdyr. Ilki bilen Aristoteliň, medisinada bolsa Gippokratyň we Galeniň okuwçysy, bilimler ösdügiçe we özleşdirildigiçe, Abu Aly ibn Sina, ilki bilen, ady tutulanlar bilen deňeşýär, soňra bolsa olardan öňe geçýär”.

“Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter” diýlen halk nakyly bar. Aýdylanlardan görnüşi ýaly, akyldar gadymy grek akyldarlarynyň mynasyp şägirdi bolup, olaryň kärini ýitirmegä beýlede dursun, ony ýalan adamlardan gorapdyr. Olaryň gazananlaryny berkidip, abraýlaryny göge galdyrypdyr.

3.Klawdiý Galeniň ömri we döredijiligi

Galen lukmançylykda (medisinada) we tebigaty öwrenmekde uly meşhurlyga eýe bolan gadymy grek alymydyr. Adatça, Galene latynlaşdyrylan formada Klawdiý Galen(Claudius Galenus) diýip ýüzlenýärler. Ol Kiçi Aziýada ellinistik medeniýetiniň wajyp merkezi bolan Pergam şäherinde 129-njy ýylda eneden dogulýar. Bu şäher Smirnanyň(häzirki Izmiriň) demirgazygynda, 75 kilometr aralykda ýerleşýär. Galen 15 ýaşyna ýetende filosofiýa ylmyny öwrenip başlaýar, emma, 18 ýaşyna ýetende bolsa lukmançylyk bilen meşgullanyp ugraýar. Onuň mugallymlarynyň arasynda, şol döwrüň gadymy meşhur grek lukmanlary(medikleri) – Satir, Fisian, Stratonik ýalylar bolupdyr.[1]

Galen filosofiýa degişli bolan 150 sany ylmy traktatlary ýazýar. Şeýle-de, beýik akyldaryň medisina degişli bolan tejribeleri dogrusynda arap ylmy çeşmelerinde käbir maglumatlar saklanyp galypdyr. Galen öz bilimini ýokarlandyrmak maksady bilen Smirna şäherinde okaýar, anatomiýany öwrenmek üçin Aleksandriýa şäherine gelýär. Aleksandriýa şäheri şol döwürde grek ylmynyň we medinisasynyň ösen merkezi bolupdyr. Şu ýerde adam jesedini öwrenmek tejribesi, biziň eramyzdan öňki 300-nji ýyllarda grek däbine görä Ptolomeýiň mekdebinde ýola goýulýar.

Galen birnäçe ýylyň dowamynda Aleksandriýada, özüniň medisina degişli bolan bilimlerini kämilleşdirmek maksady bilen işleýär. Bu ýerde Galen aýratyn hem esasy ünsi adam skeletini öwrenmäge berýär. 157-nji ýylda Pergama dolanyp gelenden soňra gladiatorlary we atletleri bejeriji lukman bolýar. Beýik akyldar amaly medisina we hirurgiýa boýunça baý tejribäni ýygnaýar we fiziologiki tejribe geçirip başlaýar. Ol 159-njy ýylda ilkinji gezek doňuzlarda tejribeligi geçirip görýär. Galen sesi gözegçilikde saklaýan nerw funksiýalaryny açýar. Takmynan şol ýyllarda hem

---

[1] Кадыров А. А. Саипов У. Т. “Великие ученые – медики средневековья” издательство “Медицина” УЗ ССР. 1988 г.

dem almaga gatnaşýan myşsanyň funksiýalaryny öwrenmäge başlaýar.

Görnükli grek alymy Klawdiý Galen.

162-nji ýylda medisina ylmyndan ýeterlik abraýa eýe bolan Galen Rimde işlemek maksady bilen Pergamdan gaýdýar. Beýik akyldar köplenç ýagdaýlarda beýleki wraçlaryň bejerip bilmedik, “adam bolmaýar” diýen hassalaryny bejermek üçin alypdyr. Ol köp sanly okuwçysynyň bolmagy bilen beýleki lukmanlardan tapawutlanypdyr. Şeýle-de, keselleri kesmek bilen bejerýar we eksperimentirleýär.

Galeniň bejeren, şol döwürde Rim şäherinde uly abraýdan peýdalanýan adamlarynyň sany örän köp bolupdyr. Olaryň arasynda imperator Mark Awreliý we beýlekiler bolupdyr. Dört ýyldan soňra Galen Gresiýa gidýar we belli bolmadyk sebäplere görä ýene-de Pergamda galýar. Emma 168-nji ýylda Akwileýdäki goşunda garahassa keseli başlan wagty, imperator Galeniň yzyndan adam ýollaýar. Ol bolsa dessine gelmeli ýere gelýär we imperator bilen onbir ýaşly ogly, mirasdüşer Kommodany bejeriji hususy wraç hökmünde Rim şäherine gaýdyp gelýär.

Galeniň ylmy işlerine syn etseň, onda onuň durmuşynyň soňky alty ýylynyň has-da önjeýli bolandygyny bellemek bolar. Alymyň köşk lukmanynyň bolmagy köp wagtyny almandyr, tersine okuwçylary bilen hem meşgullanmaga, şeýle-de pasiýentleri kabul etmäge, eksperimentleri we operasiýalary geçirmäge hem wagty bolupdyr.



Klawdiý Galeniň medisina degişli rusça kitabynyň daşy.

Galeniň biziň günlerimize gelip ýeten medisinadan ýazan eserleriniň ýygyndysy, oňa çenli bu ugurdan ýazylan eserleriniň göwrüminden has uly bolupdyr. Biziň üçin Galeniň ýazan eserleri gadymy antiki medisinasynyň esasy maglumat çeşmesi hasaplanylýar. Galeniň ýazan eserleriniň ählisi diýen ýaly IX ýa-da

X asyrlarda arap diline terjime edilýär we şu dilden hem latynça terjime edilýar.

Galeniň anatomiýa degişli bolan dünýä garaýyşlary, onuň “Anatomiýa barada”(De anatomicis administrationibus) atly uly işinde beýan edilýär. Ilki başda bu eser öz içine 16 sany kitaby alypdyr, olaryň diňe 9 sanysy grek dilinde, emma galanlary arapça nusgasynda biziň günlerimize gelip ýetipdir.[1]

175-nji ýylda Kommod Gündogara, kakasynyň ýanyna ugraýar, emma Galen Rimde galyp özüniň hemişelik we örän şowly praktikasyny dowam etdirýär. Üç ýyldan soňra imperator Mark Awreliý aradan çykýar, 192-nji ýylda bolsa Kommod öldürilýär. Galen bolsa öz dogduk mekany Pergama dolanyp gelýär. Şol ýerde hem ol özüniň uly ylmy işini tamamlaýar we öz eserleriniň katalogyny düzýär. Beýik akyldar Rimde (käbir maglumat çeşmelerine görä, Pergamda) 200-nji ýylda aradan çykýar.

3. Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razy

Türkmen halky 5000 ýyllyk taryhynyň dowamynda her biri özüniň şan-şöhraty, medeniýeti we dürli üstünlikleri bilen adamzat taryhynda möhüm yz galdyran döwletleriň 70-den göwragyny gurupdyr. Şol döwletlerde bolsa beýik hökümdarlar, serkerdeler bilen bir hatarda dünýä ylmynyň ösüşine uly goşant goşup, meşhurlyk gazanan we bitiren hyzmatlarynyň netijesinde atlary müdümilik ebedileşen alymlaryň hem onlarçasy ösüp ýetişipdir. Şeýle alymlaryň biri-de Gündogaryň meşhur alhimigi, lukmany we sazandasy Abu Bekr Muhammet ibn Zakiriýa ar-Razydyr.

Abu Bekr ar-Razy (alymyň latynça ady *Razes*, kähalatlarda *Bubekr* hem diýipdirler) dünýä ylmynyň taryhyna has tanymal, meşhur lukman - klinaçy we himiýa ylmyny esaslandyryjylaryň

---

[1] Кадыров А. А. Саипов У. Т. “Великие ученые – медики средневековья” издательство “Медицина” УЗ ССР. 1988 г.

biri hökmünde girýär. Onuň şöhraty orta asyrlar Ýewropasynda **Awerroes** we **Awisenna (Abu Aly Ibn Sina)** bilen deň derejede tutulypdyr.

Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razy.

Ar-Razynyň musulman ýurtlaryndaky şan – şöhraty, diňe lukmançylyk we alhimiýa işleri bilen esaslanman, eýsem, tebigy we nusgalyk filosofiýa işleri bilen hem meşhur bolupdyr.

Abu Bekr Ar-Razy 865-nji ýylda Eýranyň merkezi Tähran şäheriniň ýakynynda ýerleşýän Reýde eneden dogulýar. Onuň kakasy täjirçilik bilen meşgullanmak bilen, ogluna ilki başdaky bilimi we ylmy ýeterlik derejede bermegi başarýar.

Abu Bekr ar-Razy başlangyç bilimi Reý şäherinde ýerleşen medresede alýar. Soňra Merwde, Buharada, Samarkantda ýerleşen ylmy medreselerde dürli ugurdan ylymlary, aýratyn-da filosofiýany, metafizikany, poeziýany, magiýany, medisinany we alhimiýany öwrenýär. Ol ýaşlyk ýyllaryndan başlap metallar bilen

tejribeleri geçirýär we “eliksiriň” gözleginde bolýar. Ol 895-nji ýylda Bagdat şäherine tarap ýola rowana bolýar. Ol ýerde bolsa lukmançylyk ylmynyň içki syrlaryny öwrenýär. Köp wagt geçmänkä ar-Razy musulman äleminde meşhur lukman bolup ýetişmegi başarýar.[1]

Abu Bekr **lýuti** saz guralynda dürli heňleri çalyp äleme meşhur bolmagy hem arzuw eder eken. Ol 30 ýaşyna ýetende lýuti saz guralyndan el çekmeli bolýar. Birden hem bar ünsüni we pikirini alhimiýanyň inçe syrlaryna gönükdirýär. Ibn Zakiriýa az wagtyň içinde, alhimiýa boýunça köp sanly ylmy işlerini ýazýar. Bu işleriň köpüsy amaly (praktiki) himiýa degişli bolupdyr.

Ar-Razy ylymlaryň dürli ugurlary boýunça eserler ýazan hem bolsa, onuň ylmy işleriniň köp sanlysy medisina we alhimiýa degişlidir. Onuň alhimiýa boýunça işleriniň arasynda “Syrlaryň kitaby” we “Syrlaryň syrlarynyň kitaby” atly işleri dünýä ylmynda uly meşhurlyga eýe bolýar.

Abu Bekr ar-Razy grek filosoflarynyň parsça we siriýa dillerinde bar bolan, aleksandiýaly awtorlaryň işlerini örän gowy bilipdir. Şeýle-de, arap alymlarynyň ylmy eserlerini-de (çeşmelerini-de) gowy öwrenipdir.

Ar-Razynyň umumy ýaşaýşa bolan teoretiki düşünjesi aşakdaky bäş sany esasy ýörelgeden ugur alypdyr. Ol Allatagalany, ruhy, materiýany, wagty we giňişligi mydamalyk diýip hasaplapdyr. Abu Bekr giňişligi we wagty materiýanyň ýaşamagynyň esasy görnüşi, emma materiýany boşlukda dürli ugurlar boýunça hereket edýän atomlardan ybarat diýip düşünipdir.

Abu Bekriň pikiriçe, dünýäde bar bolan ähli zatlar bölünmeýän elementlerden (atomlardan) we olaryň arasyndaky boşluklardan ybarat. Bu elementler mydamalygy, durnuklylygy we kesgitlenen ölçegleri bilen häsiýetlendirilýär diýip hasap edýär. Bu elementleriň gurluşlary Aristoteliň dört sany başlangyjyndan

---

[1] Каримов, Тайна тайн - У. И. Каримов, Неизвестное сочинение ар-Рази “Книга тайны тайн”, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1957.

durýar. Jisimleri düzýän elementleriň ölçegleri, olaryň arasyndaky boşluklar bilen kesgitlenilýär. Şeýle-de, dört başlangyjyň arasyndaky boşluklaryň ululyklary, elementleriň tebigy hereketlerini esaslandyrýar. Olardan suw we ýer aşaklygyna, emma, ýangyn we howa ýokary hereket edýär diýip belleýär.

Araplaryň dürli keselleri bejerişleri.

Bölünmeýän örän kiçijik bölekjiklerden - atomlardan ybarat bolan materiýanyň diskret düzümi baradaky ilkinji pikirler, gadymy Hindistanda ýüze çykýar. Emma, ilkinji gezek atomizm filosofik taglymaty, gadymy grek materialisti, biziň eramyzdan öňki V-IV asyrlarda ýaşan Abderli Demokrit tarapyndan esaslandyrylýar.

Özbek alymy U. I. Karimow Abu Bekr Zakirýa ar-Razyny Gündogarda, orta asyrlaryň iň görnükli alhimigi diýlip hasaplaýar.[1]

---

[1] Каримов, Тайна тайн - У. И. Каримов, Неизвестное сочинение ар-Рази “Книга тайны тайн”, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1957.

Ar-Razy metallaryň bir-birine öwrülmegini (tranmutasiýasyny) mümkin bolan hadysa hasaplaýar. Onuň pikiri boýunça, alhimiýada “eliksiriň” kömegi bilen reaksiýany geçirip, metallaryň esasyny almak mümkin. Şeýle-de alhimiýa “adaty” daşlardan (kwarsdan we aýnadan) gymmat daşlary almak bilen meşgullanmalydyr diýip belleýär. Metallary düzýän esasy elementler hökmünde ar-Razy Jabiriň (Džabiriň) pikirine eýerip, simaby we kükürdi belleýär. Emma ol bu elementleriň üstüne üçünji görnüşini “duzuň tebigatyny” hem goşýar. Metallaryň gurluşy baradaky şeýle düşünje Ýewropa alhimiýa edebiýatlarynda, soňky döwürlerde uly meşhurlyga eýe bolýar. Ar-Razynyň eserlerinde köp sanly dürli görnüşli himiki elementler dogrusynda hem maglumatlar berilýär.

Orta asyr Gündogarda himiýa ylmynda ulanylan Aby Bekr ar-Razy tarapyndan ýasalan dürli abzallar.

Abu Bekr ar-Razy ýaşlyk döwründe gözüniň görüş derejesiniň peselýändigini duýýar we körlükden halas bolmak maksady bilen, gyssagly ýagdaýda göz kesellerini öwrenmäge girişýär we galan ömrüni şu ylma bagyş edýär.

Reý şäheriniň keselhanasynyň gözegçisi edip bellenen Muhammet ar-Razy birnäçe tertip - düzgünleri dünýä medisinasyna ornaşdyrýar. Bu düzgünlerden: näsaglary her günüň dowamynda aýlanyp görmek, kliniki gözegçilikleriň yzygiderli ýazylmagyny gurnamak, kesselleriň taryhyny yzygiderli alyp barmak. Musulman lukmanlary (hirurglary) eýýäm IX asyryň ahyrlarynda we X asyryň başlarynda näsagy operasiýa etmekde anestezirleýji (beýhuş ediji) serişdeleri ulanypdyrlar, emma, onuň tersine, Ýewropada şol döwürlerde şu maksatlar üçin hassanyň kellesine agyr zat bilen urup beýhuş edipdirler.

Ar-Razynyň amal eden ylmy işleriniň sanawyny bilmek maksady bilen barlag işlerini geçiren Abu Reýhan al-Biruny medisinadan onuň 56 sany işleriniň (traktatlarynyň) bardygyny anyklaýar. Meşhur alymyň medisina ylmyna degişli bolan arap dilinde we soňraky latynça terjime edilen “Medisina boýunça hemme taraplaýyn kitap” atly ylmy eseri biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ajaýyp diagnost, köp sanly kesselleriň alamatlaryny ýatda saklaýan, terapewt, oftalmolog, epidemiolog, newropatolog we psihiatr Abu Bekr Bagdada işe çagyrylýar we ol ýerde oňa musulman Gündogarynda iň uly keselhana ýolbaşçylyk etmek tabşyrylýar. Elbetde, onuň näsaglary tanymal, görnükli adamlar – emirler, döwlet ýolbaşçylary, atly gullukçylar, harby adamlar bolupdyr. Görnükli alym gelen adamlaryň hiç birine ýok diýip jogap bermeýär. Onuň tersine, garyp bol, baý tapawudy ýok, gapysyndan gelen islendik ynsany ak ýürekliligi, açyk göwünliligi we beýik adamkärçiligi bilen garşy alypdyr we olara elinden gelen hyzmatyny edipdir[1].

---

[1] Каримов, Тайна тайн - У. И. Каримов, Неизвестное сочинение ар-Рази “Книга тайны тайн”, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1957.

Zakiriýa ar-Razynyň adynyň ebedileşdirilmeginde Abu Reýhan al-Birunynyň “Fihrist” diýen işiniň uly ähmiýeti bardyr. Ol ar-Razynyň köp eserlerini, aýratyn hem himiýa, medisina hem filosofiýa degişlilerini ýygnapdyr. “Fihristde” diňe bir himiýa ylmyna degişli traktatlardyr beýleki işleriň 21-siniň ady tutulýar. Şu ýygyndyda al-Biruny ar-Razynyň medisinadan ýazan eserleriniň 56-syny ýatlap geçipdir. Bu kitapda ar-Razynyň eserleriniň 184-siniň sanawy hem ýerleşdirilipdir.

Abu Bekr ar-Razynyň hassany kabul edýär.

Ar-Razynyň filosofiýa degişli bolan işleri aşakdaky ýaly tertipde berilýär: 1) “Materiýa barada uly kitap”, 2) “Materiýa barada kiçi kitap”, 3) “Ruhy arassalygyň kitaby”, 4) “Filosofiýa keşbindäki durmuş barada kitap”, 5) “Bagta we baýlyga ýetmek barada kitap” ýaly eserlerini bellemek mümkindir. Görnükli alymyň fizika we mehanika degişli ylmy eserleri hem bardyr.

Abu Bekr ar-Razynyň ýokarda bellenilip geçilen adamkärçilik häsiýetine ykbal ters seredýär. Ol özüniň beýik pikirlerine garşy çykan birnäçe adamlar tarapyndan erbet ýenjilýär we gutarnykly ýagdaýda kör bolýar hem-de öz dogduk mekanyna gaýdyp gelýär.



Muhemmet Zakiriýa ar-Razynyň medisina degişli bolan rusça kitaby.

Abu Bekr Muhammet ibn Zakiriýa ar-Razynyň ylmy işleriniň häzirki zaman ylymlarynyň ösmegi üçin uly ähmiýeti

bardyr. Onuň esaslandyran köp sanly ylmy işleri şu günki günlerde hem özüniň ýaşamagyny dowam etdirýär[1].

Gündogaryň beýik akyldary takmynan 60 ýaşynyň içinde, ýagny, 925-nji ýylda aradan çykýar.

3. Lukman Hekimiň käbir emleri

Şerap. Iň oňat şerap könelişen dury üzüm şerabydyr. Ol deriniň reňkini gowylandyrýar, käbir adamlary semredýar. Şerap serhoş edýär, ykyňy tutdyrýar, ýatkeşligiňi we ruhy güýjüňi peseldýär. Bal garylan şerap bogunlaryň agyrysyny aýyrmaga haýyr edýär. Şerap bedeniňi ýyladýar we ýüregiňi tijendirýär, süýji şerap bolsa öýken ýollaryny arassalaýar, dem alşyňy endiganlaşdyrýar. Ol aňsat özleşýär, emma käte ýürek bulanma döredýär we gusdurýar.

Aram ýagdaýda işilende, şerap işdäňi açýar, iýmit siňdirişini gowulandyrýar, emma, aşa köp içilende, bagyrda we böwreklerde dykylma döredýär.

Şugundyr. Onuň sykylyp alnan şiresi siňňili aýyrýar. Gaýnadylan suwuny ýapgy etseň, dömme çişleriň gutulmagyny tizleşdirer. Şugundyr içegede sanjy döredýär, içiňi ýellendirýär. Eger ilki soda bilen ýuwup, soňra şugundyryň ýapragyny ýapsaň, ýüzüňdäki menekleri aýyrýar.

Yşgyn.Yşgyny sirkä garyp çalsaň, ýüzüňdäki menekleri we deriniň tegmillerini aýyrýar. Şu melhem demrewi hem aýyrýar, urgudan ýa-da ýykylmakdan galan agyryny köşedýär. Yşgyn iç süýşende haýyr edýär. Onuň demgysma we gan gusma garşy hem peýdasy degýär.

Ýşgyň bagra, aşgazana peýdalydyr, bu organlaryň agyrysyny hem köşeşdirýär. Yzygiderli ysytmaly näsaglara hem yşgynyň peýdasy degýär.

---

[1]Каримов, Тайна тайн - У. И. Каримов, Неизвестное сочинение ар-Рази “Книга тайны тайн”, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1957.

Et. Iň oňat et goýnuň, çebşiň we göläniň etidir. Gara goýnuň eti siňňitli we has tagamly bolýar. Malyň bedeniniň sag gapdalynyň eti çep gapdalynyň etinden has oňatdyr. Gyş paslynda doglan malyň eti has gowudyr.

Et bedeniňi berkidýär we beýleki iýmitlere garanda tiz gana öwrülýär. Sygyr etini ýaz aýlarynda we tomsuň başynda iýmek gerek. Sygyr eti we beýleki iri mallaryň eti wena damarlaryňy giňeldýär.

Kakadylan goýun etiniň küli göze ak düşende peýda edýär. Eger-de sirke goşulan suwa bişirmeseň, jüýje eti basyk döredýär. Düz towşanynyň eti gowrulyp iýilse, içege ýarasyna öran peýdaly melhemdir.

Ýumurtga. Iň oňat ýumurtga towugyň täze ýumurtgasydyr, onuň iň oňat bölegi bolsa sarysydyr. Ýumurtgany, iň gowysy, çalarak bişirmeli. Ördek ýumurtgasy erbet şireleri döredýär.

Ýüzüň derisi güne garalanda, ýumurtganyň agyny çalsaň aýyrýar we garalmakdan goraýar. Eger onuň sarysyny gowrup, bal garyp çalsaň, ýüzüňdäki menekleri, gara tegmilleri aýyrýar. Ýumurtga dömme çişleriň döremeginiň öňüni alýan we içki ýara-çişlerde klizm edilýän dermanlyk serişdäniň düzümine girýär. Ýumurtga artbujakda ýara dörände we ot ýanygynda melhem bolýar. Ol gaýnan suwuň döreden ýanygynda hem ulanylýar.

Ýumurtganyň agy we sarysy nerwleri ýumşadýar, bogunlaryň ähli görnüşli agyrysynda haýry kän.

Ýerde ýaşaýan pyşdylyň ýumurtgasy çagalaryň üsgülewügine garşy synagdan geçen peýdaly serişdedir.

ABU ALY IBN SINANYŇ FILOSOFIÝA DEGIŞLI TRAKTATLARY

1. Ibn Sinanyň filosofiýa degişli ylmy işleri

Ibn Sina köp ýyllaryň dowamynda özüniň has gymmatly hasaplaýan filosofiki eseri bolan 20 tomluk (jiltlik) “Adalatlygyň kitaby (Uýun al-hikma)” atly işini ýazýar. Bu kitabyň ilkinji göçürmesini, şägirdi Jüzjany taýýarlaýar. Bu kitap Ibn Sina aradan çykandan soňra, näbelli sebäplere görä ýitýär ýa-da haýsy hem bolsa musulman kitaphanalaryň birinde, näbelli golýazmalaryň içinde şu günki güne çenli saklanyp galan bolmagy mümkin. Bu kitabyň 20 tomuny hem Ibn Sinany talan garakçylar öz ýanlary bilen alyp gidýarler.

Abu Aly ibn Sinanyň işleriniň köp sanlysy ýitip ýok bolupdyr. Ol işleriň içinde 20 tomluk “Adalatlyk kitaby (Kitab-al-Insaf)” kitaby hem bar. Bu kitap awtoryň bellemegine görä, takmynan 28000 meseläniň çözgüdini öz içine alypdyr.

Abu Nasr al-Farabynyň, Abu Abdallah al-Horezminiň, Abu Aly Ibn Sinanyň, Abu Reýhan al-Birunynyň we ş.m. ylmy arkaly Ýewropa alymlary Platonyň, Aristoteliň, şeýle-de Gippokratyň we Galeniň medisina baradaky ylmy işleri bilen tanyş bolýarlar.

Dogrudan hem, Günbatarda Abu Aly ibn Sina “filosoflaryň soltany (şasy)” diýen ady beripdirler. Bu dereje ýöne ýerden dakylmandyr. Akyldar pikir bilen işiň, hakykat bilen eşretiň, teoretiki paýhas bilen amaly (praktiki) akylyň bütewiligini gazanmaga ugrukdyrylan filisofiki sistemany üstünlükli döretmegiň hötdesinden gelip bilipdir. Onuň pikirine görä, filosofiýa özüniň wezipesi - hakykata hem ýaşlyga akyl ýetirmek bolan hemme zady öz işine alýan ylymdyr.

Beýik akylkdar filosofiýa ylmyna şeýle kesgitleme beripdir: “Filosofiýa – bu oýlanmak sungatydyr. Adam bu sungatdan özüniň ýaşamagynyň näme maksadynyň barlygyna düşünmegiň we öz kalbyna asyllylyk guýmak, ony kämilleşdirmek

üçin öz işini nämä gönükdürmegiň sapagyny alýar” diýip, özüniň “Akzam al-ylym” diýen traktatynda ýazypdyr.[1]

Beýik Lukmanyň suraty (Sleim Ammaryň kitabynyň daşynda berlen suraty).

Akyldar filosofiýa nähili ylym diýen sowala jogap bermek üçin köp kelle döwüpdir. Onuň düşündirişine laýyklykda,

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

filosofiýa – munuň özi onuň üsti bilen barlyga ähli dolulygynda akyl ýetirýän ylymlaryň jemidir, adam akylydyr, paýhasydyr. Mundan ugur alyp akyldar ylymlary birnäçe toparlara bölüpdir. Onuň toparlary Aristoteliň, Abu Nasr al-Farabynyň, Abu Abdallah al-Horezminiň traktatlarynda berilýän görnüşlerden tapawutlanýar. Ibn Sinanyň filosofiýasy teoretiki filosofiýany özünde jemläp, hakykata akyl ýetirmegi özüniň esasy maksady hasaplapdyr. Amaly filosofiýanyň öňünde hem öz wezipesini goýupdyr. Onuň maksady abadançylygy gazanmak, bagta, eşrete ýermekdir.

Abu Aly ibn Sina filosofiýany teoretiki we amaly (praktiki) görnüşlere bölüpdir. Olara haýsy ylymlaryň degişlidigini ýazypdyr. Onuň pikirine görä teoretiki filosofiýa anyk material jisimler (zatlar) hakyndaky ylymlary öz içine alýar. Olardan: fizika ylmy, tejribe, tebigat – abstrakt ylymlar – mehanikany, astronomiýany we sazy, ýokary uniwersal metafiziki abstraksiýalary peýdalanýan ylymlar degişlidir.

Amaly filosofiýa bolsa şahsyýetiň abadançylygyny (etikany), maşgalanyň abadançylygyny (ykdysadyýeti) we döwletiň abadançylygyny (syýasaty) öz içine alýar.

Akyldar öz gezeginde teoretiki filosofiýany hem üç sany özbaşdak ylma bölýär. Olardan: aşaky ylymlar – fizika tebigat bilimleri, orta ylym – matematika, ýokary ýa-da birinji ylym – filosofiýa bilen teologiýa. Amaly (praktiki) filosofiýa hem üç ylma bölünýär. Olardan: etika, ykdysadyýet we syýasat ýalylary bellemek bolar.

Adamzadyň gymmatly hasap edýän traktatlary: “Sagalma”, “Halas bolma”, “Maslahatlar we görkezmeler”, “Danyşnama (pars dilinde ýazylan bilimler kitaby)” we beýlekiler akyldaryň filosofiýadan ýazan ägirt işleridir. Ol “Medisina äleminiň Güni (Солнце)” bolsa-da, Ýewropada filosof hökmünde hem giňden tanalypdyr. Öz döwürdeşleri Abu Aly ibn Sinany beýik Aristotel, Abu Nasr al-Faraby bilen bir hatarda goýupdyrlar.

“Filosofleryň şasy” diýlen lakamyň dakylmagynda akyldaryň bilimleriniň giňligi, çuňlugy, olaryň ensiklopediki häsiýetlidigi uly rol oýnapdyr. Ol logika, fizika, matematika we

metafizika düýpli goşant goşan ylym gerçegidir. Köp sanly filosoflar: B Bekon, R. Dekart, Spinoza, beýik söz ussady Dante we beýlekiler beýik akyldaryň filosofiýasynyň täsirinde bolupdyrlar. Häzirki maglumatlara görä Abu Aly ibn Sina 150-den gowrak filosofiki traktatlary ýazypdyr diýlip bellenilýär.[1]



Albert Dawidsonyň "Al-Farabynyň, Ibn Sinanyň we ibn Rüşdüň" akyl baradaky pikirleri" atly eseriniň daşy.

Akyldaryň filosofiýa degişli işleri näçe köp bolsa-da, "Sagalma" kitaby onuň filosofiki eserleriniň naşbaşysy diýsek, ýalňyşmarys. Bu traktat jemi 18 bölümden ýa-da şol mahal

[1] Диноршоев М. Натурфилософия Ибн Сины. Душенбе. 1985.

bellenişi ýaly “Kitapdan” ybarat bolup, dört sany uly bölüme bölünýär. Olardan: logika, fizika (tebigat bilimleri), matematika we metafizika ýalylary bellemek bolar. Metafizika filosofiýa bilen teologiýany öz içine alýar. Bu kitapda logikanyň köp sanly problemalary hakynda pikirler ýöredilýär. Mysal üçin, düşünje, pikirlenme, sillogizmler, delillendirme, dialektika – bu meleleler giňden analizlenipdir. Kitabyň birinji bölüminde akyldaryň ritorika, poeziýa hakyndaky pikirleri, onuň logika bilen grammatikanyň gatnaşyklaryna garaýyşlary ýerleşdirilipdir. Ibn Sina eksiklopediki pikirli alym bolanlygyndan, filosofiýa, lukmançylyk (medisina) bilen grammatikanyň kategoriýalaryny hem bir ýere sygyşdyryp bilipdir. Onuň dury paýhasy dil biliminden hem parasatly pikirleri aýtmaga mümkinçilik beripdir.[1]

Abu Aly ibn Sinanyň ylmy iş bilen meşgullanýan wagty.

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

Kitabyň ikinji bölümini akyldar “Fizika” diýip atlandyrýar. Bu ýerde ibn Sina özüniň naturfilosofiýasynyň umumy prinsiplerini düşündiripdir. Tebigatyň bahasy (gymmaty), materiýa we forma, ymtylmak we hereket, wagt we giňişlik, çäklilik we çäksizlik hakyndaky taglymatlar, hakykatyň predmetleriniň we hadysalarynyň döremeginiň we ýok bolmagynyň teoriýasy, asmanyň bahasy (gymmaty), asman sferasynyň kesgitlemesi baradaky pikirleri beýan edilýär. Bu bölümde akyldar jisimiň düzümi dogrusynda, mineralogiýa, janyň teoriýasy, botanika we zoologiýa ugurlaryndan-da gazanan üstünlüklerini umumylaşdyryp, bu problemalar hakda öz sözüni aýdýar.

Beýik akyldar şu bölümde meteorologiýa we klimatologiýa ylmyna degişli bolan birnäçe pikirleri hem belleýär. Ýagny, ýeliň emele gelmegi, bulutlaryň döremegi, ýagşyň we garyň atmosferada döremegi, çabgaly ýagyşlaryň döremegi, älemgoşaryň emele gelmegi ýaly hadysalaryň esasy sebäplerini hem düşündirmegi başarypdyr.[1]

Dünýägaraýşyň esasy meseleleriniň beýan edilýän kitabyny akyldar “Kitab al - işarat wat - tanbihat (Görkezmeleriň we maslahatlaryň kitaby)” diýip atlandyrypdyr.

Bu kitapda Abu Aly ibn Sina logikanyň, fizikanyň we metafizikanyň esasy problemalaryna garapdyr. Awtor bu kitabyny “filosofiýanyň esasy we gysgaça mazmuny” diýip hasap edipdir.

Ilki bilen gürrüň logikanyň maksady barada barýar. Akyldaryň pikirine görä, logika adamyň elindäki kanunlaşdyrylan ýarag ýalydyr. Şonuň üçin hem ol adamyň pikir – akylyna (paýhasyna) ýalňyşlyklaryň we nädogry zatlaryň aralaşmagyna ýol bermez. Bu ýerde “akyl-paýhas” diýip Ibn Sina adamyň özüne belli bolan düşünjeden onuň paýhasyna entek aýan bolmadyk düşünjä geçmekligi göz öňünde tutýar. Logika “Filosoflaryň

---

[1] Каримов, Классификация наук по Ибн Сине – У. И. Каримов, Классификация наук по Ибн Сине, Материалы первой всесоюзной конференции востоковедов в Ташкенте, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1958, стр. 986-990.

şasynyň” düşünişine görä, adamyň öz paýhasyndaky düşünjeden onuň kabul etmek isleýän düşünjesine geçmegiň usulydyr, bu düşünjeleriň ýagdaýydyr. Munuň özi bir düşünjeden beýleki düşünjelere geçiş düzgüniniň görnüşleriniň dogry bolan we şeýle bolmadyk sanydyr we onuň formasydyr. Akyldaryň “Görkezmeler we maslahatlar” kitabynda logikanyň maksadyna şular ýaly düşünjeler berilýär.[1]

Kitapda logikanyň wezipeleri hakda-da parasatly pikirleriň ençemesi öňe sürlüpdir. Kesgitleme, sillogizm ýa-da başga zat bolmagyna garamazdan, pikirlenmäniň we subut etmegiň başyny, olaryň gurluşynyň usullaryny aýan atmegi nämeden başlamaly diýen sowala alym ýönekeýje aýratyn düşünjelere düşünmekden başlamaly, çünki kesgitleme we sillogizm şolardan hem ýuňa meňzeşlerden başlanýar diýip jogap beripdir.

Logikanyň wezipelerini çözmekde sözüň belli bir rolunyň bardygyny akyldar belleýär. Emma söz ýönekeý we çylşyrymly bolup biler. Özbaşdak haýsydyr bir zady aňladýan bölek bolup galýan söze ýönekeý söz diýilýär. Çylşyrymly söz bolsa ýönekeý sözden tapawutlydyr. Olary ulanmak eýýäm geplemekdir. Bir zady aýtmak gutarnykly hem gutarylmadyk ýagdaýda bolup biler. Eger-de biz “paýhasly jandar” dişsek, onda bu gutarnykly aýdylan pikir bolýar.[2]

Kitabyň logika bölümi tutuşlaýyn bütewilikde pikirlenmä bagyşlanypdyr. Ol pikirlenäni üç klasa bölüpdir. Onuň birinjisine kesgitli aýdylýan zatlary girizipdir. Ikinji we üçünji klaslary bolsa şertli hasaplapdyr. Olar aýdylýan iki zatdan ybarat bolup, hersi pikirlenme hasaplanýar. Olaryň arasynda birisi beýlekidir diýen ýaly gatnaşyk ýok. Kesgitli aýdylan pikirlerde bolsa olaryň biri

---

[1] Каримов, Классификация наук по Ибн Сине – У. И. Каримов, Классификация наук по Ибн Сине, Материалы первой всесоюзной конференции востоковедов в Ташкенте, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1958, стр. 986-990.

[2] Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни” издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.

beýlekisini şertlendirýär we birisi beýlekisinden gelip çykýar. Şu hili pikirlenmeleri akyldar “şertli – birleşdiriji pikirlenme ýa-da pikirlenmäniň ýagdaýy” diýip atlandyrypdyr.



Abu Aly ibn Sinanyň latyn dilinde ýazylan ylmy traktaty.

Abu Aly ibn Sina aýdylýanlaryň arasynda bir-birine ters gelýän pikirleriň bardygyny nygtap, şu hili pikirlenmelere şertli – bölüji pikirlenme diýipdir. Akyldaryň bu pikirlerine aýdyň göz ýetirmek üçin mysallara ýüzleneliň! Şertli – birikdiriji pikirlenmäni awtor şeýle düşündirýär: “Eger-de iki parallel çyzyklara beýleki çyzyklary indersek (çeksek), onda daşky burçlar içki burçlara deň bolardy”. Şertli – bölüji pikirlenmäni düşündirmek üçin akyldar şeýle mysal getiripdir. “Şu burç ýa ýiti, ýa kütek, ýa-da gönüdir”. Şu ýerde “ýa-da” diýen baglaýjyny aýyrsak, onda bu aýdylanlardan birden köp pikirlenmäni aňladardy diýip akyldar nygtaýar.

Pikirlenmeler hem iki bölege bölünýärler: makullaýjy we otrisatel kesgitli pikir ýöretme. Bularyň birinjisi biziň “adam jandardyr” diýen düşünjämize has-da ýakyndyr. Biz hakyky (real) durmuşda bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, adamyň jandardygyny göz öňüne getirýäris hem-de “ol janly zat” diýip tassyk edýäris. Otrisatel kesgitli pikirlenme bolsa biziň “Adam daş däldir” diýen pikirlenmämize meňzeşdir.[1]

Beýik akyldar ýek – tük gümürtük (näbelli) hem kesgitli pikir ýöretmeler hakynda-da öz garaýşyny beýan edipdir. Bu hili pikirlenmeleriň hersiniň mamysyny, haýsy ýagdaýda ulanylýandygyny akyldar görkezipdir. Şertli pikirlenme, umumy makullaýjy we umumy otrisatel pikirlenmeler – bularyň hemmesi hakyndaky düşünjeleri “Görkezmeler we maslahatlar” atly kitapdan alyp bolar.

Kitapda fizika we metafizika bir bölümde ýerleşdirilipdir. Bu bölümde aklyldaryň örän köp meseleri gozgandygyna olaryň atlaryny agzap geçmek bilen hem göz ýetirse bolar. Olardan: “Jisimleriň substansiýalygy hakda”, “Ýerdäki we o dünýädäki jan hakda”, “Janyň hereketini düşündirmek”, “Barlyk we onuň sebäpleri hakda”, “Döretmek hem ýaratmak hakda”, “Şatlyk hem bagt hakda” we beýlekiler alymyň ýiti analizine sezewar bolýarlar.

---

[1] Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни” издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.

Şu meseleleriň her biri hakynda özboluşly pikir ýöretmek, filosofik netije çykarmak awtora başardypdyr.[1]

Akyldaryň "Görkezmeler we maslahatlar" kitaby göwrümi boýunça onçakly uly bolmasa-da (153 sah.), onda gozgalýan mesele diýseň köp, şonuň üçin hem olaryň her biriniň üstünde durup geçmän, eýsem alymyň şatlyk we bagt hakyndaky ideýalary bilen gysgaça tanyşalyň. Bu ýerde duýgy hakyndaky meselere seredip, awtor "iň güýçli, has islegli lezzet duýgy lezzetidir, beýlekiler onda gowşakdyr" diýen düşünje bilen ylalaşmaýandygyny nygtaýar. Şulaý ýaly pikir bilen ylalaşyp bolmajakdygyny aýtmak bilen çäklenmän, eýsem beýik akyldar hakyky lezzetiň nämeden durýandygyny düşündirmäge çalşypdyr. Ol köpsanly mysallaryň kömegi bilen içki lezzetiň duýgy lezzetinden tapawutlanýandygyny (artykmaçdygyny) görkezipdir. Akyldar: "Aýşy – eşretde bolmak, tagamly naharlary iýmek iň oňat lezzet dälmidir! diýip sorarsyňyz" diýip okyja ýüzlenýär. Bu soragyň jogabyna özi hem jogap berýär. Küşt we nard oýunlary ýaly uly bolmadyk işde üstün çykmak hem ýeňijä iýmitden ýa-da gelin – gyzlar bilen aýşy – eşretde bolmakdan el çekdirer, özüniň ruhy ýeňşiniň lezzetini olar bilen çalyşmaga ýol bermez diýip akyldar pikir edipdir. Dindarlara ýa-da häkimlige ymtylýan adama, keýp – sapalyk ýa-da iýmit hödürleseler, özüniň örän sag we kuwwatly bedenine seretmezden, olardan boýun towlar. Ol edep – ekramlylygy, ahlaklylygy saklar, çünki bular adama has köp lezzet berýändir diýip, beýik alym Abu Aly ibn Sina düşünipdir. Bu ýerde beýik akyldar birnäçe mysallara seredip geçipdir.

Sahy adamlaryň kimdir birine sowgat etmek mümkinçiligi döräýse, bu ýagdaý onda uly kanagatlanma döredýär. Özüniň namysyny goramak barada gürrüň gidýän wagtynda, parasatly adam açlygy we suwsuzlugy kiçi zat hasaplar. Şular ýaly adamlar esgerleriň arasynda söweşen wagtlarynda, ölüm we heläk bolmak

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. "Gündogaryň beýik danalary". Aşgabat. "Magaryf" neşirýaty. 1992.

gorkusyny ýigrenýärler. Olar şöhratyň hatyrasyna heläk boljakdyklaryny bilseler-de, özleri ölenden soňra, şöhrat gazanjagyna daýanyp, güýçleri deň gelmese-de, howply söweşe gorkusyz girip bilerler. Ynha, durmuşda gabat gelýän şular ýaly ýönekeýje mysallaryň üsti bilen akyldar içki lezzetiň duýgudan artykmaçlygyny görkezýär.[1]

Adamda tä jany teninden aýrylyp gidýänçä lezzet almak duýgusy saklanýar diýen pikir bilen Abu Aly ibn Sina ylalaşypdyr hem ony goldapdyr. Orta atylýan şu pikirleri subut etmek üçin akyldaryň özüne ýüzleneliň. Ol "Ynsap (Ynsaf)" atly 20 tomluk kitap ýazypdyr. Bu traktat 28000 meseläni öz içine alypdyr. Emma gynansak-da bu kitap biziň günlerimize gelip ýetmändir. Muňa seretmezden, ibn Sina özüniň "Hikmet al-maşrikiýin (Gündogaryň filosofiýasy)" atly traktatynda "Ynsap" eserinde berilýän pikirlerini dikeltmäge synanyşýar. Emma gynansak-da, bu kitapdan hem diňe "Logika" eseri saklanylyp galýar. Şu işde akyldar grek alymy Aristotel hakynda aşakdakylary ýazypdyr: "Her niçik bolsa-da, biz Aristoteli beýik alym, özalky peripatetikleriň ählisinden iň beýigi diýip ykrar edýäris, çünki ol özünden öňki kärdeşleriniň we mugallymlarynyň bilmedik zatlaryny açyp görkezmegi başarypdyr, ylymlary differensirläpdir, olary oňat sistemada esaslandyrypdyr. Köp sanly meseleleriň dogry çözgüdini tapypdyr hem-de olaryň hemmesi hakynda halka, ildeşlerine ýazgy galdyrypdyr. Iň bir sagdyn akyla (paýhasa) daýanyp, onuň kemçiliklerini düzetmek gerekdi. Emma onuň yzyna eýerenler muny amala aşyryp bilmändirler, olar alymyň güýçli täsirinden çykyp bilmändirler we özleriniň bütin ömrüni onuň taglymatyndaky oňat pursatlary öwrebmäge sarp edipdirler hem-de onuň biderek we nädogry garaýyşlaryny fanatik hökmünde gorapdyrlar..." Akyldar pikrini dowam etdirip, Aristoteliň filosofiýasyny beýan etmäge özüniň döredijilikli çemeleşendigini belleýär. Ol bu barada: "Şol wagtyň özünde peripatetikleriň

[1] Лей Г. Очерк истории средневекового материализма. М.: 1962.

düşündirmek isleýän, emma olara muny subut etmek başartmaýan wagtlarynyň üstüni biz doldurdyk” diýip belläpdir.

Ibn Sinanyň ylmyň öňündäki hyzmatlarynyň ýene-de biri onuň gadymy (antiki) filosofiýanyň däplerini dikeldip, ylmy durmuşa täzeden girizendiginden durýar. Akyldaryň filosofik garaýyşlarynyň emele gelmeginde aristotelizm uly rol oýnan bolsa-da, ol Abu Aly ibn Sina Aristoteliň taglymatyny tertibe salmak, onuň tarapyny tutmak we ýaýratmak bilen meşgullanmandyr. Ol hem Gündogaryň ýene-de bir akyldary Abu Reýhan Biruny ýaly özüniň özboluşly pikirini beýan edipdir, gadymy grek alymlarynyň kemçilikleri we ýetmezçilikleri hakynda hiç bir zatdan çekinmän ýazypdyr, olaryň ideýalarynyň bir toparynyň üstüni ýetiripdir, olary timarlapdyr.[1]

Abu Aly ibn Sinadan öň ýaşap giden, döwrüniň beýik filosoflarynyň durmuş ýoluna we alyp baran ylmy işlerine seredip geçeliň.

Dünýäniň bakylygyna, onuň hiç kim tarapyndan ýaradylmandygyna Abu Aly Ibn Sina ýene-de bir zadyň üsti bilen akyl ýetripdir. Ol haýsydyr bir zat döremezinden ozal materiýa hökman bolaýmaly diýip düşünipdir. Alym hudaý bilen dünýäniň gatnaşygyny ýaradan bilen ýaradylanyň gatnaşygy hökmünde beýan etmeýär. Sebäp netijä bagly bolman, eýsem netijäniň sebäbe baglylygy zerarly, sebäp netijeden öňde barýar. Diýmek, hudaý özygtyýarly, özerkli ýaradyjy däldir, ol diňe zerurlygyň güýji arkaly ýaradyp bilýändir. Bu hakda beýik akyldaryň: “Dünýä hudaýyň erki bilen däl-de, eýsem şübhesiz zerurlygyň güýji bilen döräpdir” diýen setirleri din hadymlarynyň hem, teologiýanyň-da lapyny keç edipdir. Çünki bu aýdylanlar, bir tarapdan, dünýäniň belli bir wagtda hudaý tarapyndan döredilendigi baradaky pikiri ýalana çykarsa, ikinji tarapdan, hudaýyň azat döredijilik işi, ýagny absolýut erki baradaky dini-teologik taglymaty inkär edýär.

---

[1] Низами Арузы Самарканды. Собрание редкостей или четыре беседы. М.: 1963.

Diýmek, “Hudaý islese-ýaradar, islemese-de –ýok” diýen dini dogma badak salnyp, ol ýalana çykarylýar.[1]

Akyldar materiýanyň ýok bolup gitmeýändigi we dargamaýandygy, maddy dünýäniň hadysalarynyň sebäpli şertliligi hem bir-birine garaşlylygy hakyndaky teoretik we amaly(praktik) taýdan bahasyna ýetip bolmajak ähmiýetli pikirleri tebigaty obýektiw öwrenmäge, ylmy ösdürmäge, diýmek, jemgyýetçilik hadysa – öňe gidişlige ýol arçapdyrlar. Bu pikirleriň ähmiýeti hakyndaky pikirleri dowam etdirsek, olar hudaýyň ýolunya, onuň özüne akyl etirip bolmaz diýen dini dogmalaryň gymmatyny gaçyrypdyr. Ýene-de bir ähmiýetli zat, ol hem bolsa, ylymda we filosofiýada hadysalaryň sebäpliliginiň we bir-birlerini şertlendirýändikleriniň beýanyny tassyklamak ýa-da berkarar etmek bilen akyldaryň pikirleriniň gudrat we gudratçylyk hakyndaky hyýaly pikirleri ýalana çykarmagydyr. Diýmek “keramatlylar” we “pygamberler” tarapyndan döredilen “gudratlar” tebigy kanunalaýyklaryň çäginden çykmaga beýlede dursun, eýsem olara tabyn ýagdaýda durýarlar.

Beýik akyldaryň öz zamanynyň görnükli teology Abu Seýit Mähneýi (Mäneli) bilen Nişapur şäherinde geçiren çekişmesi hakynda oňat taryhy rowaýat saklanyp galypdyr. Olaryň çekişmeleri ýedi sagatlap dowam edipdir. Şonda akyldar sufizmiň beýik wekilinden üstün çykýar. Olaryň şol duşuşygy barada rowaýatda şeýle diýilýär: “Abu Seýit Mäneli beýik lukman hakda: “Meniň görýänimi ol bilýär” diýipdir. Emma beýik filosof bolsa öz gezeginde “Meniň bilýänimi ol görýär” diýip beýik sopa baha beripdir”.[2]

Akyldaryň öz okuwçysy Abulkasym bilen eden jedeli hem has-da gyzyklydyr. Şirazly alymlaryň akyldaryň eseriniň käbirleri hakynda düşündiriş bermegini haýyş edip, oňa ýazan hatlary, ibn

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992..

[2] Ибн Сина. Данышнаме. Сталинабад. 1957.

Sinanyň hem bir gijede olaryň islegini kanagatlandyrandygy hakda biz ýokarda gürrüň edipdik. Kirman akyldaryň pikirlerine çapraz gelýän garaýyşlary öňe sürüpdir. Akyldar onuň bilen jedelleşmeli bolupdyr. Ol özüniň şirazlylara ýazan jogabynyň garşysyna Abulkasymyň kabir zatlary ýazandygyny, oňa hem jogap bermeli bolandygyny, özüniň özalky okuwçysynyň "gelişiksiz kejirlik" edendigini "gaharjaňlyk" bildirendigini, öz bahbidi üçin her zat etmäge taýýardygyny uly gynanç bilen belleýär. Abulkasym Kirmany "Akyldarlaryň reýisini" sopuçylykda aýyplapdyr. Akyldar bolsa jedeldeşini logikany ýaramaz bilýändigi üçin ýazgarypdyr.

Akykdaryň ylmy jedelleri onuň kitaplarynda, traktatlarynda hem bardyr. Biz beýik lukmanyň "Ynsaplylygyň kitaby (Kitab al-Ynsaf)" diýen eseri ýazandygy, ony Mahmyt Gaznalynyň oglunyň goşunynyň talaňçylyk döwründe ýok edendigini ýatlapdyk. Şol kitapda akyldar meseleleriň 27 müňüsine seredipdir. Awtor bu 20 tomluk kitaby bary – ýogy birnäçe aýyň dowamynda ýazypdyr. Onuň nusgasy hemiz arassa göçürilmänkä ýok edilipdir.

2. Aristoteliň ömri we döredijiligi

Aristotel (latynça Aristoteles) Stagirit biziň eramyzdan öňki 384-nji ýylda eneden dogulýar we 322-nji ýylda hem aradan çykýar diýip çaklanylýar. Onuň gelip çykyşy, makedon şalarynyň howlusyndaky lukmanlar (wraçlar) maşgalasy hasaplanylýar. Ol gadymy grek filosofy we alym - ensiklopediýaçysydyr. Asistotel peripatetiki mekdebi esaslandyryjy alymdyr.

Aristotel 17 ýaşynda Platonyň Akademiýasyna okuwa girmegi başarýar. Şol ýerde 20 ýylyň dowamynda, ilki bilen diňleýji, soňra mugallym we filosof-platonçylar birleşiginiň deň derejedäki agzasy bolýar. Biziň eramyzdan öňki 347-nji ýylda Platon aradan çykandan soňra Aristotel syýasy duýgylar taýdan

yzarlanmagy bilen Afinany taşlap gitmeli bolýar. Köp ýerlere syýahat edýär.[1]

Aristotel beýik serkerde Alaksandr Makedonskiniň mugallymy bolýar. Aristotel biziň eramyzdan öňki 335-nji ýylda Likýede(Afinide) okuw mekdebini esaslandyrýar. Bu mekdepde okatmak, gezelenç edilýän wagtynda dowam etdirilýär. Şoňa görä-de bu mekdep "Peripata"(mekdebiň ady) diýen ady alýar. Aristotel Aleksandr Makedonski ölenden soňra, serkerdäniň garşydaşlary tarapyndan yzarlanmaga başlanýar. Ol şol ýerden Halkitdäki öz mülküne ýola rowana bolýar. Şol ýerde hem köp wagt geçmänkä aradan çykýar.



Gadymyýetiň beýik filosofy Aristotel.[2]

Aristotel tebigatyň we jemgyýetiň ösüş meseleleriniň kanunalaýyklarynyň ählisini diýen ýaly öwrenýär. Bu kanunlar şu

---

[1] Аристотель. Метафизика. В кн.: Аристотель. Избранные сочинение. Москва, 1968.

[2] Internet ulgamyndan alnan material.

günki günde ähmiýetini ýitirmän gelýär. Aristoteliň düşünişine görä, ylymlaryň köp sanly bolmagy durmuşyň formalaryna, olar hem öz gezeginde, iýerarhiki tertipleşdirmegine we dünýäniň (älemiň) organiki-funksional birligini emele getirýär diýilýär. Aristoteliň biziň döwrümize käbir leksiýalary we köp sanly ylmy işleri gelip ýetipdir.[1]

Aristotel özüniň dünýä belli "Metafizika" atly eserini ýazýar. Bu esere öz gezeginde Merkezi Aziýanyň beýik akyldarlary Abu Nasr al-Faraby (873-950 ýý.), Abu Aly ibn Sina (980-1037 ýý.), Omar Haýýam (1048-1131 ýý.) ýalylar öz komentariýalaryny ýazýarlar we Aristoteliň Aristotel bolmagynda bahasyna ýetip bolmajak hyzmatlary edýärler. Aristoteliň bu eseri ilki bilen grekçeden arap diline terjime edilýär we ýokarda agzalan alymlaryň ýardam bermegi bilen dünýä okyjylaryna düşnükli dile geçirilýär. Akyldaryň bu eseri XI-XII asyrlarda latyn diline terjime edilip, soňra Ýewropaly okyjylara gelip ýetýär.

Aristoteliň "Metafizika" atly eserinde hakykat dört sany esasy: materiýa (hyle) – bolmagyň (emele gelmegiň) passiw mümkinçiligi; aktiw formasy (morphe, eidos) – materiaýanyň kabul edilmegi; hereket edýän (kinoyn) we maksatly (telos) - formalar bilen baglanyşykly sebäpler bilen düşündirilýär. Üýtgeme we ösüş materiýanyň ýaşamagynda goýlan formalaryň görnüşidir diýlip bellenilýär. Ontogenezde materiýa formasyna täsir etmegiň netijesinde (energeia—energiýa) görnüşler emele gelýär. Edil heýkeltaraýyň işiniň netijesinde, kümüşe daýanýan heýkelleriň emele gelşi ýaly formalar döreýär.[2]

Gündogaryň beýik akyldarlary hem Aristotele, filosofiýa mekdebini esaslandyryjy we beýik akyldar hökmünde uly hormat goýupdyrlar. Muňa mysal edip beýik akyldarlaryň işlerinden käbir mysallary getireliň:

---

[1] Бертельс Е. Э. История персидско-таджикской литературы и культуры Ирана. Москва, Наука, 1960.

[2] Гафуров Б. Г. История таджикского народа. Москва, 1955.

Abu Nasr al-Faraby dünýäniň syrlaryny öwrenmek üçin birnäçe kitaplary okaýar. Bir gezek, onuň ýakyn adamlarynyň biri, uly möçberdäki kitaplary saklap bermegi haýyş edýär. Kitaplaryň içinde dünýä belli grek alymy Aristoteliň köp sanly ylmy traktatlary bar eken. Al-Faraby bu kitaplary yzygiderlikde gije-gündiz diýmän ölügsije çyranyň yşygyna okap başlaýar we özüniň kazylyk hünärini hem taşlaýar. Bu ýagdaý onuň durmuşynda görnükli rol oýnaýar. Ol beýik alym bolýar.

Dünýäde ilkinji mugallym ady bilen tanalýan Platon we Aristotel

Abu Nasr ylymlary öwrenen wagtynda grek eserlerini uly gyzyklanma bilen okaýar. Aýratyn hem gadymy döwrüň beýik akyldary Aristoteliň işlerini gijäni-gündiz edip öwrenipdir. Aristoteliň şol wagtlarda işleriniň köp sanly arapça, siriýa dilinden (Aristoteliň işleri siriýa diline has öňräk, ýagny VI-VII asyrlarda geçirilýär) terjime edilen görnüşleri köp bolupdyr. Rowaýata görä, Abu Nasr al-Faraby Aristoteliň "Ruh barada" kitabyny 100, "Tebigy garmoniýany" – 40, "Ritorikany" – 200 gezek okap çykypdyr diýilýär.

3. Abu Nasr al-Faraby we onuň gysgaça durmuş ýoly

Abu Nasr al-Farabynyň durmuş ýoly, şu günki günde hem doly belli däldir. Ol barada diňe gadymy musulman awtorlarynyň kitaplarynda käbir maglumatlar saklanyp galypdyr. Alym Ýewropa ýurtlarynda *Alfarabus* lakamy bilen tanalýar. Emma bu maglumatlar hem anyk bolman, eýsem, käbir ýagdaýlarda gapma-garşylykly pikirler hem ýüze çykýar.

Al-Farabynyň doglan ýyly dogrusynda ylmy çeşmelerde dürli maglumatlar berilýär. Taryhy maglumatlara görä, Abu Nasr Muhammet ibn Muhammet ibn Uzlug ibn Tarhan Faraby 873-874-nji ýyllarda, Arys derýasynyň Syrderýa guýýan ýerine ýakyn ýerleşen Farap ilatly punktynda eneden dogulýar. XIII-XIV asyrlaryň taryhçylarynyň güwä geçmeklerine görä, Farap ilatly punkty Şaş (häzirki Daşkent) şäheriniň demirgazyk-günbatarynda ýerleşipdir. Alymyň dogduk mekany hökmünde Farap şäheriniň ýakynynda ýerleşýän Süýtkent şäheri barada hem ýatlanylýar.[1]

Abu Nasr al-Farabynyň oguz ýa-da garlyk taýpalarynyň harby gullukçynyň maşgalasynda, Farap ilat mesgeninde dünýä inendigi tassyklanylýar.

Mawerennahryň territoriýasynda ýene-de Farap ady bilen iki sany ilatly punkt bar. Olaryň biri häzirki Türkmenabat şäheriniň

---

[1] Лейц Г. Очерки средневекового материализма. Москва, 1962.

demirgazygynda, Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşen Farap şäherçesiniň (etrap merkeziniň), beýlekisi bolsa Samarkandyň töwereginde ýerleşen Farýabyň bolmagynyň mümkindigi bellenilýär.[1]

Gündogaryň ilkinji mugallymy, beýik akyldar Abu Nasr al-Faraby.

Ylmy çeşmelerde, Abu Nasr al-Farabynyň Merkezi Aziýadan gitmezden öň Şaş (Daşkent) we Samarkant şäherlerinde bolandygy, az wagtlap Buharada okan we işländigi barada käbir maglumatlar bar. Bagdat şäherine tarap ýolda, şol wagtlaryň uly şäherlerinde (Merwde, Horasanda, Yspyhanda, Hemedanda we ş.m.) bolandygy mälimdir. Al-Farabynyň Bagdat şäherine haçan we nireden syýahata ugrandygy, näwagtda gelendigi barada anyk maglumatlar saklanmandyr. Käbir ylmy çeşmeleri, al-Farabynyň Muktadiriň (908-932-nji ýyllarda) hökümdarlyk edýän döwründe gelendigini tassyklaýar.

---

[1] Хайруллаев М. Фараби эпоха и учение. Издательство “Узбекистан” Ташкент-1975.

W. W. Bartoldyň bellemegi boýunça, IX-X asyrlarda Tigr we Ýefrat derýalarynyň basseýninde ýerleşen – Basra we Harran şäherleri gadymy medeni merkezler hasaplanylýar. Bu ýere grek ylmy merkezi Antiohiýadan, halifatyň paýtagty – Bagdada geçirilýär. Bagdat şäheri musulman dünýäsiniň dürli ugurda işleýän alymlarynyň we edebiýatçylarynyň(aýratyn hem Merkezi Aziýanyň we Eýran) ünsüni özüne çekmegi başarypdyr (В. В. Бартольд. Култура мусульманства. Петроград, 1918. стр 41.). Bagdat şäheri, 762-nji ýylda halif al-Mansur tarapyndan gurulýar. Bu ýerde diňe halifatyň merkezi häkimligi ýerleşmän, eýsem söwda ýoly we ýurduň baýlygy jemlenýär. Şeýle hem, bu ýerde medeni durmuşyň merkezi we ähli halifatyň ylmy pikirleri bir ýere ýygnalýar.

Abu Nasr al-Farabynyň 949-950-nji ýyllarda Müsürde bolandygy barada maglumatlar bar, şol wagtlar ismailatlar hereketiniň ýaýraýan döwri bolupdyr. Alymyň bu ýere nähili maksat bilen gidendigi barada hiç hili maglumat ýokdur. Türk alymy A. Ateşiň bellemegi boýunça, Müsürde al-Faraby özüniň "Päk ahlakly şäheriň ýaşaýjylarynyň dünýägaraýyşlary barada traktat" atly kitabyny ýene-de bir gezek gözden geçirýär we bölümlere bölýär, şeýle hem mazmunyny düzýär.[1]

Onlarça ýyllaryň dowamynda ýygnanan ylmy netijeler, olaryň geljekki ösüş taryhynda ýol açyjy bolup çykyş edýär. Bu ýagdaýy matematika ylmynyň ösüş taryhynda has-da aýdyň görmek mümkin. Gadymy grekler figuralaryň gurluşyny logiki subutnamalaryň üsti bilen subut edýän geometriýany deduktiw ylym hökmünde, ýegipet we wawilion matematikleriniň işlerine esaslanmak bilen döredipdirler.

Sanlar üstünde amallarda hindileriň inçe sungatlary hakyky arifmetikanyň döremegine getirýär. Greklerden we hindilerden soňra matematikanyň ösüşi arap halifatynyň halklaryna degişlidir,

---

[1] Хайруллаев М. Фараби эпоха и учение. Издательство "Узбекистан" Ташкент-1975.

onuň düzümine Merkezi Aziýa hem girýar. Gadymy grek matematikasynyň, terjimeler, kommentariýalar bermek bilen baglanyşykly ilkibaşdaky ösüş tapgyry tiz tamamlanýar. Ondan soňra özbaşdak matematikanyň – algebra, trigonometriýa we astronomiýa, saza we bilimleriň pudaklarynyň döremegine getiren ylmy barlaglaryň döwri başlanýar.[1]

Abu Nasr al-Farabynyň ylmy traktatlaryny öwrenmekde iň gowy iş hökmünde türk alymy Ahmet Ateşiň bibliografiki eserini bellemek mümkin. A. Ateş al-Farabiniň 160 sany ylmy traktatynyň adyny getirýär. Ol bu sany Stambul şäheriniň kitaphanasynda bar bolan golýazmalaryny nazarda tutmak bilen getirýär. Emma alymyň ylmy işleriniň sany, entek onuň bilen çäklenmeýär.

Al-Farabynyň arapça eserleriniň aglabasy dünýäniň köp dillerine: rus, iňlis, fransuz, nemes, pars, türk, özbek, gazak, täjik we beýleki dillere terjime edilýär. Olaryň köp sanlysy XII –XIII asyrlarda gadymy ýewreý we latyn dillerine terjime edilipdir. Onuň aýratyn işleri, elbetde, şu terjimelere baglylykda, Abu Nasr al-Faraby intellektual mertebe barada söz açanda, onuň asylly işde iň bir peýdaly zatlara göz ýetirmäge, olary seljermäge mümkinçilik döredýändigini nygtapdyr. Bu meselede ol nazary mertebe bilen berk arabaglanyşykda bolupdyr.

Abu Nasr mertebe gazanmagyň iki ýoly bar diýip düşündirýär. Olar – okatmak we terbiýelemekdir. Akyldaryň pikirine görä, oňat üns berip garasak, onuň mertebe gazanmak pikiriniň, ýokary medeniýetli adamy taýýarlamaga syrygýandygyny aňýarsyň. Bu pikirleriň amala aşyrylmagy bilen biziň günlermizde-de, biziň jemgyýetimizde-de üstünlik gazanmak bolar. Geliň, al-Farabynyň sözlerine ýüzleneliň. Ol: “Okatmak – adamlarda we şäherde (ýurtlarda) nazary mertebäni döretmekdir. Terbiýe – adamlarda etiki mertebeleri we amaly işi döretmegiň ýoludyr. Okatmak diňe sözüň kömegi bilen bolýar, terbiýe bolsa

[1] Из философского наследия народов Востока. Ташкент. 1972.

sözüň kömegi bilen hem bolup biler, hereketiň kömegi bilen hem” dişip belleýär.[1]

Berilýän ylmy çeşmelerde Abu Nasr al-Farabynyň daýaw, mert adam bolandygy, şeýle hem ýaýda peýkam atmaga örän ökde bolandygy, atan okunyň hiç wagt sowa geçmeýändigi bellenilýär.

Al-Faraby, takmynan 950-nji ýylyň ahyrynda ýa-da 951-nji ýylyň başlarynda aradan çykýar. Taryhçy alym Ibn Hallakanyň berýän maglumatlaryna görä, al-Faraby Damaskda “Bob as-sagir (Kiçi derweze)” atly gonamçylykda jaýlanýar.

Al-Farabynyň ölümi barada taryhy çeşmelerde iki sany pikir bar. Olaryň biri Damask şäherinde garrylykdan öz ajalyna, ikinjisi bolsa ýaragly garakçylar tarapyndan Askalan şäherine tarap ugurda, çölüň içindäki ýolda öldürilýär diýlip bellenilýär. Bu wakany bilen Saýfut Dawla, özüniň ýakyn adamlary bilen al-Farabynyň jesedini getirip, ähli däp-dessur bilen jaýlaýarlar we garakçylaryň ählisini tutup, dara çekdirýär diýen taryhy maglumatlar hem bar.

4. Ibn Rüşdäniň ömri we döredijiligi

Ibn Rüşde 1126-nji ýylda Ispaniýanyň Kordowa şäherinde eneden dogulýar we şol ýerde hem 1198-nji ýylda aradan çykýar. Alym Ýewropada Awerros latyn lakamy bilen tanalýar. Ol arap dilli aristotelizmiň ösüşini tamamlaýjy filosof hökmünde dünýä ylmyna bellidir.

Ibn Rüşde arap halifliginiň Günbatarynda ylmyň ösüş derejesini alan arap filosoflarynyň wekilidir. Bu akym häziki Ispaniýanyň we Demirgazyk Afrikanyň territoriýasynda ýokary ösüşlere eýe bolýar.

Ibn Rüşde özünden soňkulara baý edebi mirasy, ýagny, ilki bilen filosofiki edebiýatlary galdyrýar. Ol bilimli ensiklopediki

---

[1] Хайруллаев М. Фараби эпоха и учение. Издательство “Узбекистан” Ташкент-1975.

ösen ynsan bolup, aýratyn hem beýik Aristoteliň işlerine kommentariý bermek bilen meşgullanýar. Alym grek akyldary Aristoteli, Abu Nasr al-Farabyny, Abu Aly ibn Sinany ýokary derejede goýýar we olaryň eserlerini öwrenýär. Şonuň üçin hem ol "kommentator" lakamyny hem alýar. Beýik akyldar Ibn Rüşde barada: "Aristotel tebigaty düşündirýär, emma ibn Rüşde (Awerros) - Aristoteli" diýen ýaly gürrüňler hem bar. Ibn Rüşde Aristroteliň, al-Farabynyň, ihn Sinanyň işlerine diňe bir kommentariý bermek bilen çäklenmän, eýsem olaryň käbir ideýalaryny özüçe düşündirýär.[1]

Ibn Rüşt filosofiýa ylmyna degişli bolan köpsanly ylmy eserleri ýazýar. Olardan has meşhury "Kabul etmezlikleri inkär etmezlik (Опровержение опровержения)" atly filosofiki eseridir. Bu eser teolog alymy al-Gazalynyň "Filosoflary kabul etmezlik (Опровержение философов)" traktatyna jogap hökmünde ýazylan eserdir. Bu işde ibn Rüşde filosofiýa ylmy bilen diniň arasyndaky gatnaşyklar hakynda ýazýar.

[1] Internet ulgamyndan alnan maglumat.

ABU ALY IBN SINANYŇ LOGIKA YLMYNA DEGIŞLI IŞLERI

Abu Aly ibn Sinany alymlaryň bir toparynyň täzelikçi logik hasaplamagy dogrydyr. Ol logika degişli bolan 15-den gowrak ylmy traktatlaryny ýazypdyr. Olardan: “Görkezmeler we maslahatlar”, “Bilimler kitaby”, “Sagalma” ýaly kitaplary bellemek bolar. Bu eserlerde beýik akyldar logiskanyň meselelerini işläp taýýarlamaklyga örän işjeň ýapyşypdyr. Akyldaryň biziň günlerimize gelip ýeten traktatlarynyň analizi onuň pikirleriniň öz formasy hem-de mazmuny boýunça tapawutlanýandygyny görkezýär. Meselem, “Halas bolmak kitabynda” beýik lukman Aristotele has-da ýakyn durupdyr.[1]

Aristoteliň logika sistemasy sillogizmiň mazmunyny we formalaryny analizlemekden başlanýan bolsa, Abu Aly ibn Sina ilki bilen pikirlenmäniň hem-de sillogizmiň has wajyp öýjügi hökmünde düşünjäniň tebigatyny bilmekligi talap edipdir. Diýmek, bu ýerde akyldar öz mugallymy (Aristotel) bilen birmeňzeş pikirde bolupdyr.

Görnükli rus alymy Ý. Lukasewiç Aristoteliň logikasy synplaryň (gadymy grek filosoflarynyň bir akymy) logikasy bolan bolsa, logikasy pikirlenmeleriň logikasy diýip hasaplapdyr. Özbek alymy N. M. Saýfullaýewiň pikirine görä, akyldar bu iki logikany umumylaşdyrýar, emma birini beýlekisiniň üstünde mehaniki taýdan goýman, eýsem iki taglymata hem tankydy nukdaý nazaryndan seredipdir. Olaryň kämilleşdiripdir we ösdüripdir.[2]

Abu Aly ibn Sinanyň logikasynda ýene-de bir üns bermeli zat bardyr. Bu ylymda akyldar diňe bir sillogizmi düzmegiň usulyny görmän, eýsem onuň üsti bilen öň belli bolman bilimleriň esasynda hakykaty gözlemegiň usulyny seljeripdir. Ol

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992..

[2] Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни” издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.

“Sagalmada” logikanyň meselelerinde diliň hem uly rolunyň bardygyny nygtapdyr. Ol pikirlerlenmäniň alamaty we aragatnaşyk serişdesi hökmünde dil hakyndaky ýörite pikiri öňe sürüpdir hem esaslandyrypdyr. Akyldar “dilsiz-sözsüz hiç zat hakynda pikirlenip bolmaz” diýip belleýär.

Dilden aýdylan alamatlary akylyň alamatlary hasap etmek bilen bir wagtyň özünde ol şertli alamatlaryň ählisini düşündirmäge gatnaşman bolmaz diýipdir. Dogrudan hem akyl (paýhas) bolmasa, ýekeje zadyň hem ähmiýetine düşünip bolmaz. Ibn Sinanyň aňyşyna görä, dil serişdeleri, sözler kesgitlenen akylkdan (paýhasdan) hem, sözden hem daşda durýarlar. Bu kesgitlemäniň dünýägaraýyş manysy bardyr: sözler – alamatlar aňyň boş emele gelmesi (konstruksiýasy) bolman, eýsem onuň kesgitli predmetleriniň, zatlarynyň manysyny düşündirmändir.

Abu Aly ibn Sinanyň pikirlenmek hakyndaky taglymaty işläp düzmekde, sillogizm baradakyny bolsa ösdürmekde bir topar peýdaly iş ýerine ýetiripdir. Onuň pikirlenme teoriýasy Aristotetliň teoriýasyna seredende has-sa kämilleşen bolýar. Grek akyldary Stigrit diňe bir kategorik pikirleri analizlän bolsa, Ibn Sina beýlekileri hem öwrenipdir we ösdüripdir. Gadymy grek filosofyna şertli pikirlenmä belli (mälim) bolan bolsa-da, ol ony öwrenmändir, ibn Sina bolsa onuň duşundan geçmändir. Pikirlenmäni san boýunça toparlara bölende, Aristotel pikirleriň kesgitli çäklendirilmegine ýol bermändir. Ol şahsy ýa-da hususy pikirlenme diýip “käbir” diýen söze düşünip, hemme pikirlenmeleri umumy-da, aýratyn diýip hem hasaplamandyr. Abu Aly ibn Sinada bolsa kesgitlenilmedik pikirlenmeler hem bar. Ol kesgitlenilmedik pikirlenmäni aýratyn-şahsy (hususy) hasaplamak bilen bir wagtyň özünde “onda umumyny bildirýän mazmunyň hem bolmagy mümkin...” diýip belleýär. “Kesgitlenilmedik pikirlenmäniň aýratynlyga mese-mälim degişlidigine seretmezden,

ol umumyny tassyklamaz diýmek bolmaz” diýip, aklydar pikir ýöredipdir.[1]

Abu Aly ibn Sinanyň W. F. Asmusyň “Logika” atly umumy okuwlar ýygyndy kitabynda “Logikanyň şasy” hökmünde görkezilişi.

[1] Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни”. Издательство литературы и искусство Гафура Гуляма. 1983 г.

Pikirlenme teoriýasy hakynda gürrüň güdýän wagtynda onuň ýene-de bir häsiýetli aýratynlygyny bellemeli. Ibn Sina pikirlenmäniň üýtgemegine predmetiň üýtgemegine garaşlylykda seredýär. Bu pikir hem gadymy grek filosofynyň (Stigritiň) pikirinden başgaça ýaňlanýar. Çylşyrymli sillogizmi, deňlik sillogizmi, gapma-garşylykly sillogizmi we ş.m. öwrenmäge akyldar örän döredijilikli ýapyşypdyr (çemeleşipdir). Ol seýrek gabat gelýän birleşdiriji sillogizmi açmak bilen ajaýyp täzelik edipdir. Birileşdiriji sillogizm gapma-garşylyk sillogizmiň düzümine giryär.

"Bilimler kaitabynda" akyldar poetiki sillogizmler hakynda-da söz açýar. Ol: "Hyýallanma poetik sillogizmiň posylkalaryny berýär. Muňa aýratyn kitap bagyş edildi, häzir bolsa bu bize degişli däl" diýip belleýär. Bu ýerde esasy gürrüň 1020-nji ýylda Aristoteliň "Poetikasyna" akyldaryň ýazan komentariýasy barada barýar. Bu kitapda awtor poetik sözleriň iki aspektiniň arasyndaky organiki gatnaşygy nygtapdyr. Sözsüz ýerde ol dialektik sillogizmleriň ylma uly peýda gitirip biljekdigini nygtap: "hapsydyr bir meselede dialektiki sillogizler getirilse, olaryň birileriniň ýaşaýandygy, beýlekileriň bolsa ýokdugyny subut edýärler. Eger-de bu sillogizmler hakda oňat pikirlenende, onda ahyrda şolaryň üsti bilen hakykatyň üstüni açyp bolar" diýip belläpdir.[1] Beýik lukman Aristoteliň logiki taglymatyny tankydy nukdaý nazardan özüniň pikir eleginden geçirip, onuň logiki formasyny barlykdan çykarmak isläpdir. Ylmy netijeleriň logiki gurluşy, subut etmegiň anyk usullary esasynda çykarylmagyny talap edipdir.

Akyldar logiki taglymatynyň täze tarapynyň bir onuň logika özleriniň anyk mazmunyndan abstragislenen pikirleriň kanunlary hem formalary hakyndaky ylym hökmünde seredendiginden durýar. Beýik grek akyldary Aristotel bolsa

---

[1] Чарыев Г. О. Авиценна и Ренессанс. В кн.: Торжество разума. Душанбе. 1988.

logikanyň wezipesi subut etmegiň ylmy teoriýasyny işläp düzmekden ybarat bolmaly diýip hasap edipdir.

"Filosoflaryň şasynyň" logikasynyň "Stigridiň logikasyndan" ýene-de bir tapawudyny bellemekçi bolýarys. Ibn Sina özüniň düşünjeler teoriýasyny tutuşlaýyn materialistik esasda düzen bolsa, gadymy grek filosofy bu meselede materializm bilen idealizmiň arasynda üýtgäp (yrgyldap) durupdyr.[1]

Aýdylanlara seretmezden, bu ylymda akyldara beýik grek akyldary Aristoteliň eden gowy täsiriniň bahasyna ýetip bolmajak ähmiýetiniň bolandygyny inkär edip bolmaz. Abu Aly ibn Sina bilen Abu Nasr al-Farabynyň logikasyna Strigridiň "Organonynyň" gymmatly peýdasy degendir. Gadymy grek filosofynyň traktatlaryna kömmentariý ýazanlarynda-da Gündogaryň danalary akyl-paýhasa uly ünsi beripdirler. Şonuň üçin hem olaryň işlerinde dünýä akyl ýetirmegiň rasional tendensiýasy has ýiti duýlupdyr.

Logiki tekst - bu diňe bir Aristoteliň işlerine kommentariý bermek däl-de, eýsem, alymyň ylma özbaşdak, özboluşly çemeleşmeginiň hem kemala gelmegidir. Akyldar Strigirdiň logiki eserlerine kommentariý ýazanda-da şu gymmatly pikirden ugur alypdyr. Abu Aly ibn Sina grek akyldarynyň "Ikinji analitikasyna" kommentariý ýazypdyr. "Topikanyň" birinji kitabyna bolsa, "Dialektiki pikirlenmäni derňemek" diýen parafraz (seslenme) ýazypdyr. "Sholastikanyň" gysgaldylan mysalyny (wariantyny) ýazypdyr we okyjylara ýetiripdir.

Gadymy grek akyldary Aristoteliň pikirleriniň, şol sanda logiki garaýyşlarynyň arap dilli alymlara gelip ýetmeginde siriýaly hristianinleriň hyzmatlary az bolmandyr. Olar gadymy grek filosofiki eserleri arap diline terjime etmekde köp sanly işleri geçiripdirler. Arap dilinde ýazýan Gündogar filosoflary siriýalylaryň terjime eden eserlerinden peýdalanypdyrlar. Akyldaryň döwrüne çenli özlerem antik eserleriniň köp sanlysyny

---

[1] Сайфуллаев Н.М. Ибн Сина – логик – наватор. В кн.: Торжество Разума. Душанбе. 1988.

terjime edipdirler. Olaryň filosofiýany, şol sanda-da logika ylmyny ösdürmekde ajaýyp üstünlikler gazanmaklarynyň esasy sebäpleriniň biriniň şundan ybaratdygyny kanagatlanmak bilen nygtamak bolar. Abu Nasr al-Farabynyň logika "kanunlaryň jemi hökmünde adamy ýalňyşlyklardan goraýar we saklaýar" diýip kesgitleme bermeginiň özi arap dilinde ýazýan logikleriň geljekki ylmy – barlag işleriniň ugruny kegitlän özboluşly pikirleri teklip edendikleriniň şaýady hasaplanylýar.

Abu Aly ibn Sinanyň logika aýratyn ähmiýet berendigi üçin filosof ony "şildiräp akýan çeşme" diýip atlandyrypdyr. Diňe logiki pikirlenmegi başarýan adam intellekte akyl ýetirmek ýaýlymyny ele alyp biler. Intellekt welin, akyl ýetirmegiň basgançaklary boýunça hereket edýär: ýagtylyk bu akyl ýetirmekdir, ylymdyr. Ýagtylyk we ylym çäksizdir.

Beýik akyldar özüniň logiki sistemasyny esasy dört bölege bölüpdir: düşünje hakyndaky maglumat, pikirlenmeler, netije çykarmalar, subutnamalar ýa-da deliller. Bölünişikden görnüşi ýaly, logikanyň esasy maksatlarynyň bir akyl ýetirmek hasaplanylýar. Alymyň pikirine görä, öňler belli bolmadyk zatlara ozal akyl ýetirilen zatlaryň üsti bilen akyl ýetirmek bolar. Logika akyl ýetirilmedik zatlara akyl ýetirilenleriň üsti bilen akyl ýetirilýändigini görkezýän ylymdyr diýip, beýik akyldar telim gezek belläpdir. Logikanyň üsti bilen hakykata ýetip bolar diýip ibn Sina düşündiripdir.[1]

Sillogizmler hakynda ýazýan ýerinde beýik alym akyl ýetirilmedik her bir zada göz ýetirmäge ýol bar, emma ony gözläp tapmaly diýipdir. Kesgitlemek we ýazmak şular ýaly ýoldur. Munuň üsti bilen bilmek hem-de göz öňüne getirmek, ynanmak we tassyklamak üçin hem delil (tutarryk) gerekdir. Deliller hem üç görnüşe bölünýärler: sillogizm, induksiýa hem analogiýa. Bu üç

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. "Gündogaryň beýik danalary". Aşgabat. "Magaryf" neşirýaty. 1992..

deliliň arasynda, akyldaryň düşünişine görä, has zerury delillendirilen sillogizmlerdir.

Abu Aly ibn Sinanyň rus dilindäki saýlanan eserleri.

Abu Aly ibn Sina rasional akyl ýetirmäge köp üns beripdir. Ol adam akylynyň (paýhasynyň) çäge ýok, ol hemme zada akyl ýetirip biler diýip düşünipdir. Bu meselede ol fundamental pikirleri öňe sürüpdir. Emma Aristotel bilen Platonyň täsirinden doly çykyp bilmän, olaryň arasynda galypdyr. Akyl (paýhas) hakyndaky taglymatyna seredeniňde, akyldaryň paýhasy akyl ýetirmegiň iň bir kämilleşen ýaragy hökmünde görendigine göz ýetirýärsiň. Görnükli rus alymy Ý. E. Bertels ibn Sinanyň mekdebinde antiki (gadymy) däpler dowam etdirilip, aýratyn-da intellekt goýlup,

hakykata akyl ýetirmegiň dogry ýaragy paýhasdyr diýip hasap edilýär diýip belläpdir. Akyldaryň gaýaşyna görä, paýhas şz içinde differensirlenen bolmaly. Şonuň üçin hem paýhasy mümkin hem aktiw pahaslara bölüpdir. Rasional akyl ýetirmegiň aktiwligini düşündiren wagtynda, akyldar bu meselä materialistlerçe seredendigini belli edipdir.

Beýik akyldar din bilen ylmyň, ylmy hem dini garaýyşlaryň tapawudyny oňat bilipdir. Ol "hakykatyň iki taraplaýyndygy hakyndaky teoriýanyň" tarapdary bolan bolsa-da, hakykaty ylmy nukdaý nazardan, şonuň üsti bilen düşündirmäge köp sarpa goýan akyldardyr. Şonuň üçin hem, tebigatyň örän çuň, gizlin syrlaryny açyp görkezmegiň täze ýollaryny, serişdelerini hem hakyky (real) mümkinçiliklerini tapmakda köp işler bitiripdir.[1]

Abu Aly ibn Sina obýektiw hakykata (obýektiw reallylyga) akyl ýetirmek (göz ýetirmek) birlikden başlanýar, onsuz düýbünden mümkin däl, emma ol umumysyz (köplüksiz) hem ýaşap bilmez diýip hasap edipdir. Şeýle bolansoň, öz filosofiki taglymatynda birlik bilen köplüge bütewilikde seretmäge, olara oňat düşünmäge çalşypdyr. Akyldar özüniň "Sagalma", "Bilimler kitaby" atly eserlerinde bu meselelere seredip diňe şöhlelenýäniň we şöhlelendirýäniň bar wagtynda şöhlelenmek hadysasy hakyky bolar diýip belläpdir. Akyldaryň bilşine görä, duýgy taýdan kabul edilýän zatlaryň ählisiniň formasy duýgy organlaryna ýetirilýär we olarda şekillendirilýär (suratlandyrylýar), şol ýagdaýda olar duýgy güýji bilen kabul edilýär. Akyl ýetirmäniň predmetiniň obýektiw ýaşaýandygyna birjik-de şübhelenmän, ol oňa akyl ýetirýäniň duýguda we paýhasda zatlaryň keşbiniň şöhlelenmesi hökmünde seredipdir. "Meniň nukdaýnazarymdan akyl ýetirme ekyl ýetirýän subýektiň tarapyndan belli bir usul boýunça akyl ýetirmegiň predmetiniň şöhlelenmeginden durýandyr" diýip nygtaýar.

Dünýä akyl ýetirmekde duýgy tejribesiniň hem uly rol oýnaýandygyny akyldar belläpdir. Onuň aňyşyna görä, duýgy

---

[1] Аль-Фарабы. Логические трактаты. Алма-Ата, 1975.

tejribesiniň netijesinde kanunalaýyklyklar öwrenilip bilner. Duýgy organlarynyň täsiri bilen adam daşky real (hakyky) jisimleriň, zatlaryň täsirini duýýar hem bu täsiriň netijelerini ýatda saklaýar.[1]

Abu Aly ibn Sinanyň portreti.

Akyldar göz bilen duýmaklyk bir wagtyň özünde köp göz arkaly amala aşyrylan wagtynda “has-da güýçli bolar”, bir adam beýleki adamlar bilen bilelikde hereket etse, “has-da ýiti gözli bolardy” diýen pikire garşy bolupdyr. Abu Aly ibn Sina bu meselä özüniň “Danyşnamasynda-da” az üns bermändir. Bu ýerde, hamala

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992..

ten kabul ediji bolýar. Diýmek, bu obýektlere gözleriň şöhlesi hem ýagtysy ýetýänligi sebäpli görýän bolup çykýar diýen pikir bilen akyldar ylalaşmaýar. “Asmandan tä ýere çenli bütin dünýäni görüp bilen ýaly” ýagtylyk haýsy gözde bolup biljekmişin? Bu bolup biljek zat däl diýip akyldar belläpdir.

Hakykaty kabul edip almakda, ýagny, akyl ýetirmekde howanyň ýerine ýetirýän funksiýasyna seredip, akyldar howa duýgyny geçirer ýa-da kabul eder ýa;y sreda bolup bilermi ýa-da bolup bilmezmi diýen soraglara özüçe jogap beripdir. Ol ilki bilen howanyň hiç bir zady kabul edip bilmejekdigini belleýär. Özüniň pikirini howada yrgyldylaryň hem-de üýtgemeleriň bolup biljekdigi, şu hili ýagdaýyň bolsa, öz gezeginde, görnüşleri ýoýup görkezjekdigini subut etmek bilen jemläpdir. Şonuň üçin hem howa kabul etmän, eýsem duýgy organlarynyň predmetleri kabul edýän tebigy sredasy bolup hyzmat edip biler diýip akyldar belläpdir.[1]

Beýik akyldar akyl ýetirmekde duýgynyň ähmiýetine, şöhlelenmek meselesine köp üns berip, bu ýerde hem käbir ünstünlikleri gazanyp bilipdir. Elbet-de, onuň şöhlelenme taglymat tutuşlygyna alnanda, tebigat ylymlaryna degişli ajaýyp pikirleriň uly topary jemlenendir. Bu pikirler soňra şöhlelenme teoriýasynyň emele gelmegine oňaýly täsir edipdir.

Abu Aly ibn Sina şol döwrüň talabyna laýyk gelýän yzygiderli abstraksiýa teoriýasyny döredipdir, akykdar akyl ýetirmek predmetiň keşbini abstragirlemegiň birgiden bir-biri bilen baglanyşykly basgançaklarynyň hadysasydyr diýip düşünýär. Şonuň netijesinde akyl ýetirýäniň aňynda onuň mazmunyny hem aýratynlygyny bildirýän predmetiň düşünjesi döreýär. Abstragirlenmäniň şu görnüşli basgançaklaryň dördüsi bolupdyr diýip akyldar nygtapdyr.[2]

---

[1] Асмус Б. Ф. Лекции по истории логики (Авиценна, Р. Бекон, Гоббс, Декарт, Паскаль). М.: 2007.

[2] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

Akyl ýetirmegiň iň kyn basgançaklarynyň biri induksiýa baradaky meseledir. Bu meselede hem akyldaryň hyzmaty uly bolupdyr. Ol induksiýanyň täze düşünjesini kesgitläpdir. Täze induksiýa hakykata duýgylar ýa-da paýhas bilen gös - göni garaman, eýsem hem hili ylmy barlaglaryň we öwrenmeleriň duşundan geçip, sillogizmiň orta adalgasyny (terminini) çalt tapmaga ukyply bolan şübhesiz ýokary adam akyl ýetirmesidir.

Beýik lukman ylmy usuly tebigat, jemgyýet hadysalaryny öwrenmäge çemeleşen wagtynda şertleri, wagty hem ýerini göz öňünde tutmagy talap edýär. Ol hadysalarda sebäp bardygyny aňypdyr. Bu hakda özüniň ýazan setirleri hem bar. "Medisinanyň kanunynyň" I kitabynyň ikinji paragrafynda şeýle setirleri okamak mümkin: "Her bir zada akyl ýetirmek ... onuň sebäplerine akyl ýetirmek bilen gazanylýar hem kämil bolýar". Diýmek, dünýäni bilmek, oňa akyl ýetirmek hadysasynda sebäpliligiň hem özüne mynasyp orny bolmaly.

Akykdar synlamany dünýä ylmy akyl ýetirmegiň möhüm formasynyň biri hasap edendigini bellemek zerur. Ibn Sinanyň pikirine görä, dünýädäki hadysalara hem zatlara akly ýetirmekde synlamagyň mümkinçiligi uly. Şu hili pikirini akyldar özüniň lukmançyklyga degişli ylmy işlerinde-de amaly (praktiki) hereketinde (işlerinde) hem barlapdyr we ulanypdyr. Meselem, gan damarlarynyň urşunyň ýagdaýyny synlamak bilen keseliň (näsagyň, hassanyň) umumy ýagdaýynyň üýtgeýändigi hakynda pikir aýtmak boljakdygyna beýik beýik lukman göz ýetiripdir. Ol bu barada: "Bu gatnaşyklary elläp bilip bolýandygyna men geň galýaryn" diýip nygtapdyr.[1]

Beýik akyldar tarapyndan şol wagtlarda adaty bolmadyk yzygiderlilik bilen işlenilip düzülen medisina degişli tejribe hem synlama onuň gazanan ajaýyp üstünlükleridir. Meseläniň şu

---

[1] Каримов, Классификация наук по Ибн Сине – У. И. Каримов, Классификация наук по Ибн Сине, Материалы первой всесоюзной конференции востоковедов в Ташкенте, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1958, стр. 986-990.

tarapyna aýratyn üns beren görnükli rus alymy B. D. Petrow “Akyldar (Ibn Sina) - klinist” diýen işinde: “Ilki bilen synlamanyň inçeligi, kliniki ýagdaýyň beýan edilişiniň dogrulygy bellenilmelidir. Bu umuman, işiň üstünligini köp derejede kesgitlemegiň deslapky pursadydyr. Tejribe hem eksperiment bilen berkidilen synçylyk, ýene-de bir gezek synçylyk dogrulygy boýunça soňky ýüzýyllyklarda öňüne geçip bolmajak kliniki ýagdaýy döretmäge getirdi” diýip belläpdir. Bu pikir şu günler hem öz gymmatyny gaçyranok, çünki tejribe hem synlama bolmasa, keseller hakda belli bir gutarnykly pikire gelmek, olara dogry diagnoz goýmak örän kyn bolsa gerek.



Abu Aly ibn Sinanyň saýlanan eserleri.

Synlamagyň berýän anyk maglumatlaryny barlamaga çynlakaý çemeleşmegiň ajaýyp göreldesini akyldar özüniň “Medisinanyň kanunynda” görkezipdir. Meselem, bu kitapda süýji

keseliniň alamatlaryny şeýle bir dogry ýazypdyr welin, olar biziň günlerimiziň wraçlarynyň pikiri bilen hem doly gabat gelýär diýen ýalydyr. Akyldar bu kesel bilen kesellän adamyň ýygy - ýygydan buşugýandygyny, çalt – çaltdan suwsaýandygyny, onda ysgynsyzlygyň höküm sürýändigini dogry ýazypdyr. Bu görnüşli keseliň alamatlarynyň arasynda peşewiň dury agyrlygy hem bellenipdir.[1]

Akyldar her bir nähoşa, her bir kesele aýratyn seretmegi, bu meselede juda ýokary ünslüligi hem başarjaňlygy hekimlerden talap edipdir. Köp müňýyllyklaryň gecmegi bilen Abu Aly ibn Sinanyň keselleriň alamatlaryny dogry hem anyk synlandygy, olar hakda köptaraplaýyn we doly ýazandygy, bu meselede onuň hakykata diýseň ýakyn bolandygy belli boldy. Ol synmagyň netijelerine hem görkezenlerine aňly – düşünjeli çemeleşmegi hekimlere maslahat beripdir.

Abu Aly ibn Sina teoretiki – akyl ýetirme meseleleri bilen diňe bir filosofiýanyň, gneseologiýanyň hatyrasyna meşgul bolmandyr, eýsem ol bu zatlary uly amaly (praktiki) – sosial (durmuş) problemalara organiki baglanyşdyrmak isläpdir. Akyldar bu problemalaryň tutuş jemgyýet hem onuň ähli agzalary üçin uly ähmiýetiň bardygyna, olary käbir derejede sagaltmaga gönükdürilendigini düşündiripdir. Onuň maksady “ýaramaz hem zyýanly sypatlaryň” ýoluny ýapmakdan ybarat bolupdyr. Başgaça aýdanda, otrisatel häsiýetleriň adamda bolmazlygy baradaky alada beýik akyldaryň ünsünden düşmändir.[2]

Kitabyň “Logika” bölüminde, ýagny, birinji bölüminde Yspyhanyň hökümdary ad-Dawulyň özi üçin döreden şertleri hakynda gürrüň berip, oňa minnetdarlyk bildirýär. Akyldar “Ala Dawulyň köşgünde ýaşan wagtynda “howpsyzlyk, şan – şöhrat, kaşaňlyk, üpjünlik, ylym bilen meşgullanmagy, onuň özüne

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

[2] Чарыев Г. О. Авиценна и Ренессанс. В кн.: Торжество разума. Душанбе. 1988.

ýakynlygy gazandym” diýip belläpdir. Soňra ol kitapda haýsy meseleleri gozgajakdygyny habar berýär. Akyldar kitapda “gadymyýet paýhasynyň bäş ylmynyň esaslaryny we meselelerini örän gysga almak gerekdir” diýip ýazýar. Şondan soň alym öwrenjek hem öwretjek problemalaryny sanap, şeýle belläpdir: “Birijiden, ölçeg ylmy bolan logikany; ikinjiden, zatlar (predmetler) hakdaky ylym bolup, duýga dahylly, hereketde hem üýtgeşmede bolup duran fizikany; mpvnjiden, hakykata mynasyp akyl ýetirmek maksady bilen dünýäniň (älemiň) gurluşy hem orny (ýerleşişi), asman jisimleriniň we ýyldyzlaryň ýagdaýy hem hereketleriniň formalary hakdaky ylmy, dördünjiden, saz hakdaky ylmy, bäşinjiden, tebigatdan daşarda ýatan ylmy” öz içine alýan eser ýazandygyny okyja habar berýär.

Abu Aly ibn Sina halkyň arasynda.

Bu eserde akyldar logikanyň maksatlaryny we wezipelerini hem-de olaryaň ähmiýetini düşündirmäge çalşypdyr. Akyldaryň pikirine görä, akyl ýetirmegiň iki görnüşiniň biri araplaryň "tassawur" diýen düşünjesini, ýagny, kimdir biri "adam", "peri" ýa-da "perişde" diýen sözleri ulansa, şonda onuň näme diýjegine düşünersiň hem olary göz öňüne getirersiň. Ikinji görnüşe arapça "tasdik" diýilýär. Bu ýerde akyldar "peri ýaşaýar", "adam garaşlydyr" diýen mysallara ýüzlenip, okyjy üçin has düşnükli ýoly gözläpdir.[1]

Abu Aly ibn Sina bu işinde logika örän ýokary baha beripdir. Şonuň üçin hem ol: "Logika ylym ölçegidir, beýleki ylymlar bolsa peýda hem zyýan hakdaky ylymlardyr" diýip nygtapdyr. Akyldaryň düşünşine görä, akyl – paýhasyň terezisinde çekilmedik her hili bilim dogry bolup bilmez, şonuň üçin hem logikany öwrenmek zerurdyr.

Beýik akyldaryň bu traktaty şol döwrüň filosofiki medeniýetiniň iň bir gymmatly ýadygärligidir. Bu kitapda gozgalýan meseleleriň ençemesi soňra ösdürlip, filosofiýa ylmyna uly goşant bolupdyr.

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. "Gündogaryň beýik danalary". Aşgabat. "Magaryf" neşirýaty. 1992.

ABU ALY IBN SINANYŇ BEÝLEKI YLYMLAR BILEN BAGLANYŞYKLY IŞLERI

1. Matematika bilen baglanyşykly ylmy işleri

Ibn Sina matematika ylmyna degişli bolan birnäçe ylmy traktatlary ýazýar. Olaryň ilkinjisi "Gysgaldylan Ýewklid (Muhtasar Uklidis)" atly eseridir. Bu eseriň mazmuny üç kitapdan ybaratdyr. Bu kitabyň mazmuny Ýewklidiň "Başlangyçlar" eserine komentariýany özünde saklaýar. Eser ilkinji gezek iňlis dilinde Londanda (ind.477/I), soňra pars dilinde Meşhetde (5618) we türk dilinde Stambul şäherinde (CM fatyh 3211) neşir edilýär.

Akyldaryň ýene-de bir traktaty "Arifmetikanyň gysgaldylan kitaby (Muhtasar kitab al-arismatiki)" diýlip atlandyrylýar. Bu traktat öz gezeginde iki kitapdan we olaryň her biri üç bölümden ybarat. Bu traktat türk dilinde neşir edilýär. Traktat Stambul şäherinde (CM faith 2850) saklanylýar.

Abu Aly ibn Sinjanyň "Geometriýanyň başlangyjyny derňemek (Tahkik mabadi al-handasa)" traktaty geometriýanyň başlangyçlaryny öz mazmunyna alýar. Bu eserde tekizlikde dürli formalaryň meýdany kesgitlemege degişli bolan maglumatlar beýan edilýär. Şeýle-de geometriýa degişli bolan "Geometriýa barada traktat (Risala dar handasa)", "Gysgaldylan Almagest (Muhtasar al-Madžusti)" ýazýar.

Ibn Sinanyň "Burçy derňemek barada traktat (Risala fi tahkik azza-wiýa)" atly eseri Abu Sahly al-Masyhä bagyşlanylyp ýazylýar.

Bu eser dogrusynda Aş-Şirazy özüniň "Tekizlik bilen egriniň arasyndaky hereketleriň we gatnaşyklar üýtgemesi" atly eserinde belläp geçýär. Traktatda gadymy grek alymlaryň Ýewdoksyň we Arhimediň galtaşma burçlaryna degişli aksiomasyna maglumatlar berilýär.

Akyldar geometriýany, arifmetikany, astronomiýany hem sazy matematikanyň düzüm bölegi hasap edindigini nygtamak bolar. Bu ylymlarda Ýewklidiň, Klawdiý Ptolomeýiň we Abu Nasr

al-Farabynyň uly täsiriniň bolandygy hakykatdan daşda däldir. Öz tablisalarynda akyldar hindi sanlaryndan hem peýdalanypdyr. Diýmek, bu meselelerde Muhammet Musa al-Horezminiň yzyna eýeripdir.

B. Brentes bilen S. Brentesiň pikirine görä Abu Aly ibn Sina özüniň ilkinji matematiki praktatlaryny Gürgende (Jürjanda) ýazan bolmaly. Gürgende ol Klawdiý Ptolomeýiň "Almagesti" barada ýörite umumy okuwlar (leksiýalar) hem okapdyr.[1]

Abu Aly ibn Sina "Bilimler kitabynda" Ýewklidiň V postulatyny hem subut edip bilipdir (postulat – matematikada we logikada hakykat hökmünde kabul edilýän we subut etmekligi talap etmeýän kadadyr).

Akykdar özüniň "Bilimler kitabynda" tekizligiň üstünde (ýeriň üstünde) dürli kwadratlary gurmagyň usullaryny beýan edýär. Şeýle-de arifmetikada sanlary giňiltmek meselesine degişli bolan käbir maglumatlary berýär.

Gündogaryň beýik akyldary Omar Haýýam Ibn Sinanyň bu traktatyndan peýdalanyp özüniň "Düzümler gatnaşygy" atly traktatyny ýazýar.

2. Akyldaryň astronomiýa bilen baglanyşykly işleri

Abu Aly Ibn Sina astronomiýa ylmyna degişli hem birnäçe eserleri ýazýar. Olar aşakdaky: "Gözegçilik gurallary (al-Alat ar-rasdiýýa)", "Ýyldyzlaryň hökümini inkärlemek barada traktat (Risala fi ibtal ahkam an-nydžum)", "Asman jisimleri barada traktat (Risala al-adžsam as-sama wiýýa)", "Ýagtylgyçlaryň gije we gündiz görünmekleri barada traktat (Risala fi ruýa al-kawakib bu-l-laýl la bi-i-nahar)", "Astronomiýa ylmy barada gysgaça (al-Muhtasar fi ilm al-haýa)", "Uzaklyk we giňlik (at-Tul wa-l-ard)",

---

[1] Матвиевская Г. П., Розенфольд Б. А. Математики и астрономы мусульманского средневековья и их труды (VIII-XIV вв.). Книга 2. Математики и астрономый время жизни которых известно. Издательство "Наука", Москва 1983.

“Täze ýyl barada traktat (Risala niruziýýa)”, “Asman we alem barada (De celo at mundo)” we ş.m. mysal getirmek bolar.

Ibn Sina özüniň “Asman giňişligine gözegçilik edilýän guraly ýasamagyň usullary barada kitap” atly ylmy işinde, täze astronomiki guralyny ýasamagyň usulyny hödürleýär.

Abu Aly Ibn Sinanyň ýasan guraly asman ýagtylgyjynyň islendiginiň koordinatlaryny kesgitlemäge (ölçemäge) niýetlenilen, ol şol wagtlarda ulanylýan astrolýabiýany çalyşmalydy. Gural iki sany çyzgyçdan ybarat bolup, olaryň biri görizontal ýagdaýda ýerleşip, özüniň haýsy hem bolsa bir ahyrynda aýlanmaga ukyply bolupdyr, beýlekisi bolsa wertikal tekizlikde birinji çyzgyja ýapgyt ýerleşmeli we asman ýagtylgyjyna seretdirilipdir. Çyzgyçlaryň arasyndaky burç, onuň tangensi bilen tapylýar we ýagtylgyjyň beýikligini ölçeýär. Emma gorizontal çyzgyjyň ugry bolsa onuň azimutyny kesgitleýär. Anyklamak üçin şu ýerde ilkinji gezek Nonusyň prinsipi berilýär.[1]

Bu guralyň görnüşi şu günki günde teodolit diýilýän geodeziki guralynyň sadaja konstruksiýasyny ýadyňa salýar. Häzirki zaman teodeolitleriniň kömegi bilen bir wagtyň özünde görizontal we wertikal tegeleklerden hasaplary almak bilen asman ýagtylgyçlarynyň koordinatlaryny ýokary takyklyk bilen kesgitlemek bolar.

Ibn Sinanyň “Şams al-Malynyň gyzy Zarrin gyza iberlen ýüzlenme” diýen ylmy işi Gürgeniň geografiki koordinatlaryny anyklamaga degişli. Bu iş Abu Reýhan al-Birunynyň “Geodeziýa” kitabynda ýatlanyp geçilýär. Ylmy iş Gürgen hökümdarynyň gyzyna bagyşlanýar. Hökümdaryň köşgünde dürli wagtlarda Abu Reýhan al-Biruny we Ibn Sina işleýärler. Al-Birunynyň ýazmagyna görä Zarrin gyz, ondan Gürgeniň merkeziniň geografiki uzaklygyny anyklamagy talap etdi diýip belleýär. Emma

---

[1] Матвиевская Г. П., Розенфольд Б. А. Математики и астрономы мусульманского средневековья и их труды (VIII-XIV вв.). Книга 2. Математики и астрономый время жизни которых известно. Издательство “Наука”, Москва 1983.

Ibn Sina adaty usuldan peýdalanyp bilmeýär. Bu usulyň düýp mazmuny Aýyň tutulmagyny bir wagtyň özünde iki sany şäherden gözegçilik etmekden durýar. Bu ýagdaýda şäherleriň biriniň geografiki koordinatlary öňünden belli bolmalydy. Işi geçirmek üçin Aýyň tutulmagyna bir wagtda gözegçilik etmek zerur. Bu bolsa geografiki uzaklygy öňünden belli bolan beýleki şäheriň ýaşaýjylary bilen, gözegçiligi geçirmek üçin ylalaşylmagy zerurdy. Şeýle-de şol ýyl Aýyň tutulmagy bolmandy. Ibn Sinanyň hödür eden täze usuly Gürgende Aýyň kulminasion beýikligini ölçemek we alnan beýikligi Bagdatdaky beýiklik bilen deňeşdirip sferiki trigonometriýanyň formulalarynyň esasynda hasaplamaga esaslanýar. Abu Reýhan al-Biruny: "bu usul teoretiki taýdan dogry ýol, emma netijäni almak örän çylşyrymlydyr" diýip belleýär.

Ibn Sinada astronomiýa ylmyna bolan höwes ýaşlykda döräpdir. Ol Ýewklidiň "Başlangyç", Ptolomeýiň "Almagest" kitaplaryny heniz ýetginjek mahalynda okapdyr hem-de olaryň manysyna düşünipdir. "Almagesti" özbaşdak öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem onuň örän kyn, çylşyrymly ýerlerini öz mugallymy Abu Abdylla Nätelä hem düşündirip bilendigini biz bilýäris. Özüniň döredijilik işiniň bütin dowamynda akyldara astronomiýa bolan gyzyklanmanyň gowşamandygy hem, belki, şonuň üçindir. Astronomiýanyň teoretiki meselelerinde ol Ptolomeýiň konsepsiýasyny goldap, "Sagalma kitaby", "Bilimler kitaby" ýaly ensiklopedik işlerinde onuň taglymatynyň maňzyny açyp görkezmäge çalşypdyr. Akyldar Ptolomeýiň "Almagest" kitabyna, Abu Ubeýda Juzjanynyň belleýşine görä, astronomiýadan ozal hiç kimiň bilmedik zatlaryny goşupdyr. Bu eserde Ibn Sina 10 sany täze şekil hem girizipdir.

Gürrüňi edilýän işlerden başga-da, ol astronomiýadan 8 traktat ýazypdyr. Olaryň käbirleriniň adyny tutup geçeliň: "Astronomik gural hakyndaky traktat", "Älemiň merkezinde Ýeriň ýagdaýy hakynda", "Asman sferasy we adamlaryň ýaşaýan jaýy", "Ýyldyzlaryň hökmüni ýalana çykarmak" we ş.m. Agzalan hem-de agzalmadyk beýleki eserleriň astronomiýa ylmyny ösdürmäge mynasyp goşant goşandyklary şübhesizdir. Ibn Sina merwli alym

Ahmet al-Merweziniň (Merwli alym) hasaplamalaryna daýanyp, amaly astronomiýadan ýene-de bir ajaýyp üstünlik gazanypdyr. Ýagtylgyçlara gözegçilik etmek bilen ol geografiki giňligi kesgitläpdir. Onuň çykaran netijesine görä, Bagdat bilen Gürgeniň geografik giňlikleriniň tapawudy 9°20′ bolupdyr.[1]



Orta Asyrlarda ýasalan astronomiki guraly (astrolýabiýa).

Beýik akyldar bu wezipäni özüniň ýörite işläp düzen usuly bilen çözýär. Ibn Sinanyň usuly kyn bolsa-da Abu Reýhan Birunynyň pikirine görä, meseläni çözmekde teoretiki taýdan ýeketäk dogry ýol bolupdyr. Akyldar özüniň täze usulyny 1014-nji ýyllarda ulanyp başlapdyr diýen pikirler hem bar. Şondan göni 5 asyr geçenden soňra, ýagny 1514-nji ýylda Aýyň ýokary derejesi (kulminasiýasy) boýunça geografiki giňligi kesgitlemek usuly Ýewropada gaýtadan açylýar. Şol döwürde astronom Wernýer

[1] Абу Али ибн Сина и его естественные науки. Ташкент. 1981.

Klawdiý Ptolomeýiň “Almagest” eserine ýazan kommentariýsinde Abu Aly ibn Sinanyň usuluny peýdalanypdyr.

Akyldar Gün bilen Aýyň Ýere edýän täsiri hakynda-da gymmatly pikirleri öňe sürüpdir. Şonuň üçin “Danyşnamadan (Danişnama-ýi Alaiýýa)” birnäçe setiri getirmekçi bolýarys. Onda Ibn Sina: “Asmanyň we Aýyň hut özüniň hereketinden mese-mälim gelip çykýan ýagtylyk we güýç Aýyň miwäni bişmäge mejbur edýändiginden ybaratdyr. Özüniň şöhlesi bilen miwäniň mańzyny ulaldýar we deňiz daşgynyny döredýär” diýip yazypdyr.

Deňiz daşgynlarynyň Aýyň fazalary bilen baglanyşyklydygy şübhesizdir diýip akyldar hasap edýär. Ýene-de bir oňat zat, Aý ýagtylygyň janly organizmlere täsir edýändigi barada Ibn Sinanyň eden çaklamasy biziň günlerimizdäki ylmy eksperimentler tarapyndan tassyk bolýar. Meselem, amerikan biologlary gurallaryň üsti bilen doly Aý mahalynda kartoşkanyň pyntygynda hasyl toplamak Aýyň beýleki fazalary mahalyndakydan has çalt bolup geçýändigini anyklapdyrr. Olaryň pikirine görä, gök önümiň öýjükleri magnit meýdanyndaky üýtgemeleri has güýçli duýýar eken.[1]

Akyldar Yspyhanda obserwatoriýa gurdurypdyr. Köp ýyllaryň dowamynda-da öz elleri bilen döreden gurallary bilen asman ýagtylgyçlaryny öwrenipdir. Orta asyrlaryň alym – astronomlarynyň arasynda ilkinjileriň biri bolup Gün apogeýiniň süýşýändigini subut etmek oňa başardypdyr. Abu Aly ibn Sina iki çyzygyň kombinasiýasyndan ýagtylgyjyň beýikligini we azimutyny kesgitlemek üçin özboluşly gural hem ýasapdyr. Akyldar bu ýerde sadaja günüň beýikligini we gorizontal burçy ölçeýän gural bolan teodolidi oýlap tapan bolmagy hem mümkindir.

---

[1] Абу Али Ибн Сина. (К 1000 летию со дня рождения). Ташкент. 1980.

3. Tebigy ylymlara degişli işleri

Görnükli özbek alymy akademik A. S. Sadykow Abu Aly Ibn Sinanyň tebigat baradaky bilimlerini 8 topara bölüpdir. Olar: 1) materiýa, hereketiň formasy; 2) dünýäniň esasyny düzýän jisim; 3) tebigatdaky ösüşiň we üýtgeşmeleriň meseleleri; 4) tebigat hadysalary; 5) organiki däl dünýä; 6) ösümlik dünýäsi; 7) haýwanat dünýäsi; 8) adamyň jany.

Ibn Sinanyň tebigat hadysalary, geologiýa, mineralogiýa, meteorologiýa, biologiýa degişli pikirleri esasan onuň "Sagalma" kitabynda ýerleşdirilipdir. Bu kitaby okap otursaň, onda nähili ýagdaýda gar, ýagyş, jöwenek ýagýar, haýsy ýagdaýyň täsiri netijesinde ýere çyg düşýär – bu hadysalaryň hemmesine ylmy esasda jogap tapýarsyň. Mysal üçin, howanyň ýyly hem-de sowuk akymlary birleşen mahalynda ýel turýar, bulutlar doňan çagynda gar ýagýar. Ýagyş ýagyp duran wagty howa birnäme sowasa, üstüňden jöwenek guýup durandyr. Görüň akyldar özüniň ylmy netijelerini nähili sada hem-de ynandyryjy deliller bilen ýazypdyr.[1]

"Sagalnamada" botanika we zoologiýa ylymlaryna dedişli gyzykly maglumatlar bar. Kitabyň 7-nji babynda akyldar ösümlikleriň gelip çykyşy hem iýmitlenişi hakynda gürrüň edýär. Aneksagor, Empedokl hem Demokrit ýaly belli alymlar ösümliklerde paýhas düşbülik bar diýip hasap edipdirler. Ibn Sina bolsa bu pikir bilen ylalaşmandyr. Ol ösümlikleri erkek we ukraça bölüp, iki jynsyň hem häsiýetlerini öwrenýär. Alym ösümliklerde şireleriň aýlanyşy hakynda hem pikir aýdypdyr. Ibn Sina näme sebäpden ösümlikleriň käbiriniň köküniň çuňlugyna, käbiriniň bolsa giňligine(töweregine) gidýändigini hem düşündiripdir.[2]

Tohumlaryň ösüşiniň beýanlaryny, şireleriň ösümlikleriň ýokary bölegine çykyş ýollaryny ýazmak, ösümlikleriň aýry-aýry

---

[1] Аристотель. Метафизика. В кн.: Аристотель. Избранные сочинение. Москва, 1968.

[2] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

böleklerinin ösüşindäki aýratynlyklary görkezmek hem Ibn Sina başapdypdyr. Ösümlikleriň düýpleriniň funksiýalary, ýagdaýy, şahalaryň hem ýapraklaryň özlerini alyp barşy, ösüşi alymyň nazaryndan hem seljermeginden sypmandyr. Ibn Sinanyň botanika degişli gymmatly pikirleri, maslahatlary köpdir. Olaryň hemmesi hakynda ýazyp oturmagyň hajaty ýok. Emma onuň alym hökmünde mertebesini ýokary göterýän bir pursady nygtamak bolar. Ibn Sinanyň bu barlaglarynyň iň ähmiýetli tarapy, onuň botanikanyň meselerini filosofik nukdaýnazaryndan yzygiderli işläp düzendiginden ybaratdyr. Bu meselede ol özünden öňki alymlaryň köpüsinden ep-esli öňe saýlanypdyr diýsek, öte geçdigimiz bolmaz. Çünki ozalky yslam alymlary, düzgün boýunça, botaniki barlaglary üzlem-saplam, belli bir ulgamsyz hem dagynyk ýagdaýda alyp barypdyrlar.

Abu Aly Ibn Sinanyň zoologiýasynyň düýbünde Aristoteliň garaýyşlary ýatan bolsa-da, Merkezi Aziýanyň akyldary mugallymyndan köp öňe gidipdir. Şonuň üçin hem Ibn Sinanyň pikirleri häzirki zaman fiziologiýasyna has ýakyndyr.

Ibn Sinanyň ylmy mirasynyň köp bölegi arap alymlarynyň eline düşüpdir. Bu bolsa dünýäniň halklarynyň köpüsiniň Ibn Sinanyň mirasy bilen tanyş bolup bilmezligine sebäp bolupdyr. Beýik Filosofy öwrenýän häzirki zaman arap alymlarynyň köp sanlysy akyldaryň mirasyna ýüzleý garaýarlar, olarda çuňluk ýok. Olaryň birtopary Ibn Sinany häzirki zamanyň galypyna salmaga synanyşyk edýärler. Gynansak-da, hakyky Ibn Sina heniz hem doly öwrenilmeýär, onuň esasy eserleri golýazmalarda dürli ýurtlaryň kitaphanalarynda ýatyr. Araplar Ibn Sinanyň diline düşünýän bolsalar-da, onuň eserlerini öwrenmäge mümkinçilik tapyp bilmeýärler.[1]

Akyldar alhimiýa ylmy bilen ýörite meşgul bolmadyk bolsa-da, bu ugurda hem onuň käbir ylmy traktatlary bardyr.

---

[1]Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

Alhimikleri tankyt etmek, alhimiki ýol bilen matellaryň "görnüşini" üýtgedip bolmajakdygyny kesgitli aýtmak bilen akyldar himiýa ylmynyň ösmegine öz goşandygy goşupdyr. Onuň pikirine görä, alhimiýa tebigatdan yza galýar, onuň yzyndan ýetmekden ötri näçe jan etse-de, ýetip bilmeýär. Alhimikleriň özleriniň görnüşleri üýtgetmek baradaky işleriniň nähilidir bir hakyky üýtgeşiklik girizip bilmejekdigini bilmekleri gerekdir diýip, akyldar pikir edipdir. Gyzyl metaly ak reňke boýamak bilen olar meňzeş bir zat edip bilipdirler, ýagny ol kümüşe meňzär, sary reňke boýasalar, onda ol altyna meňzär... Emma bu metallaryň gurluşy üýtgemez diýip, beýik akyldar kesgitli belläpdir.



Abu Aly ibn Sinanyň metafizika degişli ylmy tarktaty.

Lukman Hekimiň himiýa ylmyna goşan goşandy hakynda ýagşy niýet bilen aýdan alymlar az däldir. XIX asyrda ýaşap geçen beýik fransuz himigi Bertello himiýa ylmynda akyldaryň uly hyzmatynyň bardygyny boýun alyp, onuň eserleriniň arassa himiýa degişli hadysalaryň birnäçesine düşünmäge mümkinçilik berýändigini, organiki himiýanyň taryhyndaky bir topar kemçiligi ýok etmäge kömek berendigini belleýär.

Abu Aly ibn Sinanyň tebigy ylymlara köp üns bermegi dünýäniň dürli hadysalaryna göz ýetirmäge oňa mümkinçilik berýär. Onuň tebigat bilimleri boýunça döreden ylmy işlerinde, şeýle hem naturfilosofiýada dünýäniň dürli hadysalary, ýagny daglaryň, jülgeleriň, derýalaryň emele gelmegini, ýer titremeleriň, çölleriň peýda bolmagyny, Aýdyň Günüň tutuluşyny, ýylylygyň, ýagtylygyň, älemgoşaryň, asman hadysalarynyň, dürli psihiki ýagdaýlaryň, keselleriň we beýlekileriň gelip çykyşyny tebigy ylymlaryň nukdaýnazaryndan düşündirilýär, olaryň obýektiw kanunalaýyk häsiýetleri açylyp görkezilýär. Şeýle bolandan soňra, akyldaryň naturfilosofiýasynda materializm agdyklyk edýär diýip, çekinmän aýdyp bolar.[1]

Beýik akyldar bu meselede has öňe gidipdir. Şunuň bilen baglanyşyklylykda akyldar ýylylygyň sebäplerini öwrenýär we olary açyp görkezýär. Olara: 1) termodinamiki hadysalary (ýylatma we sowatma); 2) sürtülme – ot; 3) ýagtylyk we ýakmak (otlamak). Bu pikirleriň şol wagtlar ylym we praktika üçin nähili uly ähmiýetiniň bolandygyny düşündirip durmagyň geregi ýok.

Bu pikirler beýik akyldaryň özüne-de bir topar täzelik açmaga hem-de girizmäge mümkinçilik beripdir. XIII – XVIII asyrlarda mehanikada giňden ýaýran “hereketiň sany”, “janly güýç”, “impuls” ýaly düşünjeler ilki bilen Abu Aly ibn Sina tarapyndan taýýarlanylypdyr. Bu ýerde başga bir guwandyryjy

---

[1] Воскобойников В. Лукман Хеким. Ашгабат, “Магарыф”, 1987.

zady, ýagny, bu meseleleriň üstünde kelle döwen alymlaryň sany sanardan köp bolupdyr. Rene Dekart, Gýugens, Leýbnis, Delambo, Tomson we beýleki alymlar hereketiň ölçegi problemasyna öz mynasyp goşandyny goşan Merkezi Aziýanyň beýik akyldaryna uly minnetdarlyk bildiren bolsalar gerek.

Ýük götermekde we beýleki ýere geçirmekde ulanylýan maşynlaryň we mehanizmleiň köp sanlysy hakynda gymmatly maglumatlary akyldaryň "Paýhas (akyl) ölçegi" atly traktatynda berilýär. Akyldar şu mehanizmleriň esasy düzüm bölegi blokdan, worotdan (iki sany ýük göteriji sada maşynlar), nurbatlardan we leňňerlerden (ryçag, tutuguç) ybaratdyr diýip belläpdir. Bu meselede-de ol özünden öň ýaşan akyldarlaryň gözgamadyk meselerini gozgaýar. Ylma belli bolmadyk täze kombinasiýalaryň birnäçesini girizýär. Merkezi Aziýada tä soňky wagtlara çenli ulanylyp gelnen mehanizmleriň işi şu prinsiplerde ýasalandyr. Bu ýerde jykyr, ýag çykarýan, pagtany arassalaýan, un üweýan juwazlary we beýlekileri göz öňüne getirmek bolar.

4. Saz we onuň teoriýasy bilen baglanyşykly işleri

Abu Aly Ibn Sinanyň saz hakyndaky traktatlary arap halifliginiň ylmy merkezlerine giňden ýaýrapdyr. Şol döwürde Merkezi Aziýanyň saz hakynda ylmy ýewropalylarynkydan has ýokarda durupdyr. Häzirki zaman iňlis alymy Farmer al-Faraby bilen Ibn Sinanyň saz hakyndaky traktatlaryna ýokary baha berip, olary "çöldäki oazisler" diýip atlandyrypdyr.[1]

Al-Faraby bilen Ibn Sina saz gurallary baradaky ylmyň hem esasyny goýupdyrlar. Ol soňra Günbatarda ösdürilipdir. Ibn Sina sazyň adamlara emosional taýdan örän güýçli täsir edýändigini bilipdir, ol hakynda ýazypdyr. Şonuň üçin hem ol çagalara saz terbiýesini bermäge niýetlenen oňat maslahatlary

[1] Бертельс Е. Э. Теория музыки в современной Персии. В кн.: Музыкальная этнография Л.: 1921.

beripdir. Gynansak-da, Ibn Sinanyň etikasy hem, estetikasy-da ýeterlik öwrenilmändir.

Abu Aly ibn Sinanyň dynç alýan pursady.

Aýdym – saz, bolmadyk ýerde edep hem bolup bilmez. Şonuň üçin hem, Merkezi Aziýanyň akyldarlary bu meseläni ýatdan çykarmandyrlar. Olar sazyň teoriýasyna-da, praktikasyna-da uly üns beripdirler. Meselem, Abu Nasr al-Faraby sazyň teoriýasyna uly goşant goşan akyldar. Şonuň bilen bir wagtyň özünde ol saz gurallaryny hem ýasapdyr, olary çalypdyr. Özem örän gowy çalýar eken. Beýik akyldar ibn Sina saz hakyndaky taglymaty onuň ýurdy hem zamanasy üçin ýokary intellektual joşgun bolupdyr. “Hut şol wagt Merkezi Aziýada saz ylmy diňe bir halyfatyň çäginde däl-de, eýsem, dünýä möçberinde-de birinji ýere

çykýar”. diýip görnükli rus alymy Ý. E. Bertels ýazýar. Gündogaryň ylmy pikiriniň gazananlary dünýä ylmynyň ösüşini, şol sanda-da saz hakdaky ylmyň ösüşüni köp asyrlar üçin kesgitläpdir.[1]

Merkezi Aziýanyň orta asyrlar saz gurallary.

Akyldar hem özünden öň ýaşap hem döredip giden gerçekler ýaly, sazçylyk ylmyna hem sungatyna mynasyp goşant goşupdyr. Ol ellin medeniýetiniň, şeýle hem öz döwrüne çenli Merkezi aziýaly alymlaryň gazananlaryny öwrenipdir. Çünki bu döwre çenli eýýäm grek alymlarynyň bir toparynyň saza degişli eserleri dari diline terjime ediliýär. Ýakup al-Kindiniň (800-874 ý), Abu Nasr al-Farabynyň bu meselä degişli pikirleri hem ylmy jemgyýetçiligine ýaýraýar. Terjime edilen eserleriň arasynda

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

Aristoteliň “Garmonika”, “Ritmika”, Ýewklidiň “Garmonika”, “Kanun”, Klawdiý Ptolomeýiň “Garmonika” ýaly eserlerinde saza degişli ajaýyp pikirleri jemleýän kitaplary bolupdyr. Şol wagtlar Merkezi aziýalylaryň özünlerinde-de aýdym-saz sungatynyň ösüp, belli bir derejä ýetendigi aklydarlara özleriniň gadymy grek mugallymlarynyň döredenlerini düşünmän (köre-körlük) bilen kabul etmezlige şert bolupdyr. Akyldarlar gadymy (elin) medeniýetiniň sazçylyk ylmynyň öňe süren her bir düzgünine, her bir pikirine uly hormat goýmak bilen ýapyşypdyrlar (çemeleşipdirler).

Ýewropa araplardan geçen saz guraly (lýuti).

Abu Aly ibn Sina hem edil Abu Nasr al-Faraby ýaly ýunan alymlarynyň her bir düzgüni, pikirini çintgäp-çintgäp öwrenipdir, gerek bolan wagty öz tejribesinde barlap hem görüpdir. Özlerinden öňki mirasy öwrenmäge edil şular ýaly çemeleşendigi hakynda beýik al-Farabynyň ýörite ýazan setirleri hem bar, Ol özüniň “Saz hakynda uly kitap” atly traktatyna girişde gadymy (antik) awtorlaryň eserlerini öwrenip, saz teoriýasynda hem birnäçe problemalaryň çözülişinde ýalňyşlyklary görendigini, şolaryň hem

öz işini döretmäge itergi berendigini belläpdir. Bu kitap al-Farabynyň saz baradaky düýpli barlag işi bolup, soňky asyrlaryň Gündogar hem Günbatar ýurtlarynyň sazçylyk bilen meşgul bolýanlary üçin teoretiki gollanma bolup hyzmat edipdir.[1]

Orta asyr arap saz guraly.

Sazyň teoriýasyna degişli alyp baran ylmy işlerinde beýik akyldar gadymy medeniýetiň gazananlaryna köp üns beren hem bolsa, özüniň meşhur mugallymlaryny äsgermezlik etmändir. Akyldar hem edil Abu Nasr al-Faraby ýaly, özboluşly pikirlenmegi hem sazyň teoriýasyna täzelikleri girizmegi başarypdyr. Beýik alym sazyň grekler tarapyndan döredilen teoriýasyna düýpli

[1] Низами Арузы Самарканды. Собрание редкостей или четыре беседы. Москва, 1963.

üýtgeşikler girizmeli, onuň köp düzgünini ösdürmeli, olaryň käbirinden bolsa el çekmeli diýen pikire gelipdir. Bu zerurlyga düşünen akyldar, ilki bilen, şol wagtlar dowam eden sazyň "hereketi" asman jisimleriniň hereketine baglydyr diýen astrologiki düşünjeden (konsepsiýadan) arany doly açypdyr.

Beýik lukmanyň pikirine görä, sazyň esasynda ýatan düşünjeler (prinsipler, düzgünler) beýleki ylymlardan, ýagny, tebigat ylmy bilen bagly bolan pikirleri matematikadan, beýlekileri bolsa fizika ylmyndan alnan. Akyldar fizikanyň kanunlaryna has-da köp üns berýär. Şonuň üçin hem, eger-de biz saz hadysalaryny düşündirmekçi bolsak, onda bu hadysany fizikanyň kanunlarynyň üsti bilen düşündirip bileris diýip belläpdir. Bu pikirden ýene-de bir netije çykarmak bolar, ýagny, akyldar tejribä, amaly usullara diýseň köp üns beripdir.

Beýik akyldar dürli saz gurallaryndan baş çykaryp bilipdir. Şonuň üçin hem şol gurallaryň gurluşy hakynda gymmatly pikirleri özünden soňkulara ýadygarlik galdyrypdyr.[1]

"Filosoflaryň şasynyň, soltanynyň" döwründe kakylyp çalynýan saz gurallarynyň arasynda mynasyp hasaplanylýanlar hökmünde deprek hem nagara ulanylypdyr. Beýik akyldar olar hakynda öz pikirini ýöredipdir. Emma agzalanlardan beýleki saz gurallary-da alymyň ünsünden düşmändir. Olaryň her biri hakynda bu ýerde gürrüň etmegiň geregi ýok bolsa gerek. Emma akyldaryň ylmy traktatlarynda lýutiýa köp üns berlendigini bellemek zerur. Munuň hem öz sebäbi bar. Şol wagtlarda saz gurallarynyň arasynda iň ýokary hormata mynasyp lýutiýa bolupdyr. Suratkeşler onuň suratyny çekse, şahyrlar şahyrana sözüň kömegi bilen onuň öwgüsini ýetiripdirler.

Lýutiýa araplaryň döreden saz guraly diýip pikir edýänler hem az bolmandyr. Abu Aly ibn Sina bu saz guralyna garaýşyny arap dilinde ýazan bolsa-da, arap halifliginiň agalyk eden

---

[1] Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации – С. П. Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации, М. – Л., 1948.

döwründe lýutiýa Ortaýer deňziniň ýurtlarynyň köp sanlysyna ýaýran bolsa-da, lýutiýa ýa-da “Ud (arapça)” araplar tarapyndan oýlanyp tapylan saz guraly däldir. Ol biziň eýýamymyzyň başlarynda Sogdiana sebitlerinde giňden ýaýran saz guraly hasaplanylýar. Şol ýerden gazylyp alnan arheologik tapyndylar gadymy sogdy lýutisiniň orta asyrlarda “Ud” diýip atlandyrylan saz guralynyň gös-göni esasyny tutýandygyny görkezýär. Şonuň üçin hem akyldar özüniň saza degişli traktatynda bu saz guralynyň yslamdan öňki Eýranda hem Merkezi Aziýada tutulan adyny tutupdyr, ýagny “barbat” diýip nygtapdyr.[1]



Figure 10.34 The arithmetic and harmonic division of the “octave” according to Ibn Sīnā (980–1037). Ibn Sīnā was the first music theorist to express both of these divisions in least terms. He also observed that although the intervals of these two divisions are identical, “their position has changed.” He therefore stated that by simply reversing the order of the intervals of an arithmetic division, one achieves a harmonic division.

Abu Aly ibn Sina görä, arifmetiki sanlar bilen “Oktaus” notasynyň arasyndaky arabaglanyşyk.

Gündogaryň aýdym-saz baradaky ylmynyň Günbatara täsiri ylymlaryň beýleki ugurlaryndakydan az bolmandyr. Bu ylmyň täsirini Ýewropa ýurtlaryna ýetirmekde Ispaniýa döwletiniň orny uly bolupdyr. Ol ýerde “arap medeniýeti” diýen merkezler döredilip, olar Gündogaryň ylmyny ýaýratmak bilen meşdul bolupdyrlar. Bu ýerde Kordowa uniwersitetindäki sazçylyk mekdebi hem uly hyzmatlary bitiripdir. Bu ýere dürli ýurtlardan gelen talyplar Gündogaryň saz teoretikleriniň eserlerini öwrenýän hem-de arap dilinden latyn diline terjime edýär ekenler. Olar ilki

[1] Абу Али Ибн Сина. (К 1000 летию со дня рождения). Ташкент. 1980.

bilen Ýewropada “Alfarabius” we “Awisenna” atlary bilen tanalýan Abu Nasr al-Farabyny we Abu Aly ibn Sinany terjime edipdirler. Bu beýik akyldarlaryň eserleri Ispaniýadan Fransiýa, Angliýa, Italiýa hem-de Germaniýa geçipdir.

Şol wagtlar Gündogar diňe bir aýdym-sazyň teoriýasy boýunça däl-de, eýsem, onuň amalyýeti (praktikasy) boýunça-da Ýewropa uly täsir edipdir. Dürli ýurtlarda aýlanyp ýören aýdymçylardyr sazandalar Gündogaryň saz gurallaryny, aýdymlaryny, tanslaryny Ýewropa alyp barypdyrlar. Alymlaryň pikirine görä, Merkezi Aziýadan, Eýrandan äkidilen saz gurallary köp ýagdaýda şol zamanda Ýewropa ýurtlarynda ulanylýanlardan kämil bolupdyr. Şeýle bolansoň saz gurallarynyň köpsanlysy, şol sanda lýutiýa, fleýta, arfa we ş.m. ýewropalylaryň saz sungatyna ornaşyp gidipdir.[1]

Beýik akyldaryň, dananyň aýdym-saz gurallary baradaky dürdäne pikirleri onuň ylmy ulgamynyň matematika bölüminde ýerleşen bolsa-da, olar edebiň esasy bölegi hasaplanylýar.

5. Dil we edebiýat bilen baglanyşykly ylmy traktatlary

Akyldaryň dile bagyşlanan kitaplary köp okamagy, Abu Mansura şu ugurdan hem öz pikirini aýdyp biljekdigini subut etmek islegi akyldary on tomluk “Lisan al-arap (Arap dili)” atly ýörite kitap ýazmaga iteripdir. Şular ýaly kitap hiç haçan we hiç kim tarapyndan ýazylmandyr. Akyldar aradan çykan wagtynda bu kitap arassa depdere göçürilmändi, ol garalama ýagdaýynda galýar. Soňra bolsa bu kitabyň üstünde işläp, tertibe salan bolmadygyny Abu Ubeýd Juzjany belläpdir.

Günleriň birinde akyldar hem görnükli dilçi alymlaryň biri Abu Mansur Jabaý emiriň ýanynda ekenler. Olar dil hakyndaky haýsydyr bir mesele hakda söhbetdeşlik gurýarmyşlar. Ibn Sina

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

hem gozgalýan mesele boýunça öz pikirini aýdypdyr. Akyldaryň bu pikiri bu ugurdan özüni beýik hünärmen hasaplaýan Abu Mansuryň göwnünden turmandyr. Şonuň üçin hem ol akyldaryň beýik lukman, filosof alymdygyny nygtamak bilen, dil meselelerinde edýän pikiriniň ynamly bolmagy üçin ýerlikli bolar ýaly biliminiň ýokdugyny Ibn Sinanyň ýüzüne aýdypdyr. Abu Mansuryň bu sözleri akyldaryň göwnüne degipdir. Ol üç ýyllap dile degişli bolan edebiýatlary höwes bilen çintgäp, ürç edip öwrenipdir. Ol özüne gerek bolan kitaplary Horasandan (Merwden, Nişapurdan, Gürgençden we beýleki şäherlerden) getirdipdir. Köp zähmet çekip, dil babatynda has-da kämilleşip, akyldar hiç bir adamyň ýetip bilmejek derejesine ýetipdir. Ibn Sina kadyslaryň üçüsini ýazyp, olarda dilde az ulanylýan sözleri peýdalanypdyr we üç sany hat ýazýar. Olaryň biri dilçi ibn Amidiň, beýlekisi ibn Sabidiň, üçünjisini bolsa Sabyhyň stilinde ýazylypdyr. Akyldar üç haty hem bir toma girizip, sahypalamagy buýrupdyr. Kitaby bolsa Abu Mansur Jabaýa görkezmegi emirden haýyş edipdir. Akyldar bu ýerde kitaby aw wagtynda sähradan tapdyk diýip aýtmagyny hem tabşyrypdyr. Abu Mansur oňa seredipdir, emma onda ýazylan zatlaryň bir toparyna akyl ýetirmek dilçi alyma kyn bolupdyr. Şol ýerde akyldar oňa düşünmegi kyn bolan pikirleriň dil barada ýazylan kitaplaryň niresinde bardygyny aýdypdyr. Abu Mansur şol hatlary beýik lukmanyň ýazandygyna dessine düşünip, özüniň eden hereketine utanyp, akyldardan ötünç soraýar.[1]

Gündogaryň beýleki halklary ýaly, türkmenler hem edebe köp üns beripdirler. Edep bermek - terbiýelemek manysyny alypdyr. Emma IX – X asyrlarda Merkezi Aziýada peýda bolan arap dilinde “edep” diýen ylmy edebiýaty, dili, etikany, gözelleigi öz içine alypdyr. Şol dşwürde dilden hem edebiýatdan ýazylan ylmy ylmy işleriň toplumyna “edep” diýipdirler. Edebiýet diýen söz hem edep sözünden gelip çykandyr. “Ebebiň” ylymlarynyň

---

[1] Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни”, Издательство литературы и искусство имени Гафура Гуляма. 1983.

ösmegini alymlaryň bir topary ýerli halklaryň arap dilli edebiýaty bilen baglanyşypdyrlar. Soňra edebi eserler pars – dari dillerinde-de köp ýazylyp başlapdyr. Beýik Abu Reýhan Birunynyň pikirine görä, pars dili şygyriýet äleminde arap dilinden hem amatly, poeziýada haýsysyny has oňat ulanyp boljak diýen sowallara hem jogap beripdir. Abu Nasr al-Faraby, Abu Aly ibn Sina we Abu Reýhan Biruny dil meselesine-de köp üns beripdirler. Akyldar arap fonetikasy hakynda ýörite 10 tomluk traktat hem ýazypdyr. Emma dil we edebiýat meseleleri "Sagalma kitabynyň", "Logika" bölüminde hemme tarapdan we çuňňur öwrenilipdir we işlenilipdir. Bu bölümiň uly bölegi diliň teoriýasyna degişli bolupdyr, çünki orta asyrlar logikasy akyl – paýhasa dahylly zatlaryň hemmesini öz içine alypdyr. Şeýle bolansoň pikir ýaýratmaly, ony durmuşa geçirmeli zatlaryň hemmesi, şol sanda-da söz oňa degişlidir. Logika bulary öwrenýärdi. "Mantyk (logika)" "nutk (söz)" bir kökden gelip çykypdyrlar. Şonuň üçin hem klassyk logika girýän mantyk hem grammatik kategoriýalaryň käbiri filosofik ylymlaryň toparyna hem degişlidir. Bu hakda Abu Nasyr al-Farabynyň-da ýazan pikirleri bardyr. "Ikinji mugallymyň" pikirine görä, logikanyň sintaksis bilen baglanyşygy bar. Ýöne olar bir-birinden tapawutlanýar: sintaksis haýsydyr bir halka degişli sözleriň kanunalaýyklygyny dilekdýän bolsa, logika ondan tapawutlylykda ähli halklaryň sözüni öz içine umumy kanunlary dikeldýär.[1]

Akyldaryň "Logikasynda" hut şu nukdaýnazardan örän çuň hem inçelik bilen diliň kanunalaýyklyklaryny beýän edipdir. Bu ylmy işde ol atlaryň birlik we köplük sanlarynyň kategoriýasyna, sözleriň düzümine, pikirlenme bilen sözlere, atlara, habarlara, işliklere hem-de grammatikanyň beýleki düşünjelerine seredipdir we olar hakda özüniň anyk pikirlerini aýdypdyr. Akyldar bu kitapy arap dilinde ýazandygy sebäpli, onuň derňewiniň esasy obýekti

---

[1] Бертельс Е. Э. Избранные труды. История литературы и культуры Ирана. М.: Наука, 1968.

arap dili bolupdyr. “Danyşnamada” bolsa Abu Aly ibn Sina esasan pars dilini derňäpdir. Bu ýagdaý filosof iki diliň hem grammatikasyny oňat bilipdir, olara teoretiki taýdan baha berip, adamzat jemgyýetiniň durmuşynda oýnaýan rollaryny açyp görkezipdir diýip ynamly aýtmaga esas berýär.[1]



Abu Aly ibn Sinanyň arap dilinde poeziýa görnüşli ýazylan medisina degişli eseri.

[1] Бертельс Е. Э. История персидско-таджикской литературы и культуры Ирана. М.: Наука, 1960.

“Filosoflaryň şasy” “Logika” eserinde ritorika, ýagny, owadan geplemäge köp üns berip, söz çuňlugynyň adamlara emosional täsiriniň meselelerini gozgaýar. Akyldar bu meselä özüniň “Danyşmannamasynda-da” seredip deçýär we ritorikanyň ähmiýetini gözrkeip bilipdir. Akyldaryň düşünişine görä, türkmenleriň “Ýagşy söz ýylany hininden çykarar” diýişleri ýaly, çeper sözüň üsti bilen hadysalaryň hakyky ähmiýetini ýokary göterip-de, aşak düşürip-de boljak. Bu ýerde akyldar sözleriň içki we daşky ähmiýetine, poeziýada we prozada sözüň roluna hem belli bir derejede üns beripdir. Kitapda akyldar soňky wagtlarda poeziýanyň durmuşynda örän peýdaly boljak meseleleriň hem uly toparyna seredipdir we olar hakda özboluşly, parasatly pikirleri aýdypdyr.

Abu Aly ibn Sina diliň gelip çykyşyny ylmy esasda düşündirmek üçin köp kelle döwüpdir. Ol adamyň gelip çykyşynda diliň edil zähmet ýaly bolmasa-da, onuň bäri ýanyndaky roly oýnandygyny nygtapdyr. Dil adamlaryň arasyndaky gatnaşygyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Adamyň aňyşyna görä, diňe dil arkaly bir adam beýleki bir ynsana ýüregindäkini aýtmaga mümkinçilik alýar.

Akyldar özüniň “Sagalma” ýa-da “Şypa” kitabynda diliň gelip çykyşy hakdaky oýlanmalarynda has öňe gidýär. Onuň düşünişine görä, dil, sesli söz zerurlygyň güýji arkaly adamlaryň bir-biri bilen gepleşmeginiň, aragatnaşyk serişdesine bolan isleg zerarly jemgyýetçilik önümçüligi prosesinde emele gelipdir. Akyldar hut jemgyýetçilik zähmetiň prosesinde adamlarda sesiň kömegi bilen pikirleri döretmek ukyby peýda bolýar diýip tassyk edipdir. Alym “Sagalmada” söz seslerinden sözleriň, sözlerden sözlemleriň we ş.m. döreýändigini belleýär. Onuň düşünşine görä, dil pikiriň aňlatmasydyr. Ine, şonuň üçin hem dili edep ylmyndan aýryp bolmaz. Geliň, indi bolsa akyldaryň bir şygryna ýüzleneliň.

Abu Aly ibn Sina aýdar...

Ýagşy däl, edenňe soň ýanyp köýmek,
Şindi ýalňyz dälkäň dünýeden doýmak,

Şerap sersaglar-a dost, serhoşlara duşmandyr,
Köp içilse-hä – Zäher, az içilse dermandyr,
Kadaly içseň berer jana lezzetdir şypa,
Aşa köp içseň welin, ol bimöçber zyýandyr.

Kän-kän düwünlerin çözdüm dünýäniň,
Bir ajal düwüni galdy çözülmän.

Ot düşeni üçin gül harmanyna,
Gülleň nemi damdy Zemin tebine,
Eý, saky, gola el gülgün şeraby,
Dök gyrmyzy ganyň gül gerdenine.

Syryň soralsa-da, saklagyn pynhan,
Kimse az gürlese, özüni gorar.
Syr, içde saklasaň, bolar ýesiriň,
Özüň ýesir borsuň, kylaýsaň äşgär.

Terk et sen bu närsäni, bar zatdan belentdir jan,
Jan kemalam ylymdandyr, ylymdandyr soly-sag.
Eger jan bir çüýşe bolsa, ylym onda şamçyrag.
Pähimli ynsany şol çyragda misli ýag!
Ol näçe nyrana ýansa, sen şonça sag-salamat,
Şol çyrag sönse, seniň-de söndügiňdir, bil şo çag!

Syryň ile ýaýma, edip sadalyk,
Her ýetene kylma dostlugňy äşgär!
Asly ryswa, iki ýüzlüler bilen,
Dosluk açma, onuň uly howpy bar!

Abraýym gaçmasyn diýseň sen eger,
Bek bil, pesleň bolmaýanyn howandar!
Abraý gaçaýsa-da ýörmegin aglap,
Gözýaş abraýyňa bolmaz howamdar!

Abu Aly ibn Sina edebiýatyň teoriýasyna bagyşlanan iki iş ýazýar. Ol bu problemadan ýazan ilkinji işini Ahmet ibn Abulla Aruzy diýen adama bagyş edipdir. Şol wagtlar akyldaryň bary ýogy 21 ýaşy bar eken. Bu kitabyň adyny dürlüçe tutupdyrlar: "Al-Maçmu", "Al-Hikmet al-Aruzuýa", "Hikmet ul-Aruzuýa" we ş.m. Soňky atlar "metric paýhaslylyk" diýlip terjime edilipdir.[1]

Ş. Şamuhammedow Eýran yslam resbuplikasynyň paýtagty Tähranda çap edilen işlere salgylanyp, akyldaryň käbir şözlerini alyp, okyjylara hödürleýär. Ol beýik aklydaryň: "Adamlara hiç haçan zyýan ýetirme", "hilelerden halas we ýagşy niýete ýugrulan hereket iň oňat hereketdir" diýen setirlerini göçürip alypdyr. Akyldaryň şu pikirleri, niýeti özüniň poeziýasynda berk orun tapypdyr. Ýazan eserlerinde adamyň bagty we saglygy ugrundaky göreş iň görnükli örny eýeläpdir.

Akyldaryň poeziýasynda, şonuň ýaly hem ylma, aýratyn hem lukmançylyga degişli işlerinde, adamyň güýjüne, onuň dünýäni özüçe üýtgedip biljekdigine bolan ynam uly. Akyldaryň medisinany saýlap alyp, adamlaryň saglygyny dikeldip, olaryň fiziki we ruhy taýdan gözel we sagdyn bolmagy ugrunda elinden gelenini edendigi hem köp zatdan habar beryär. Ol lukmançylygyň esasy wezipesi keselleriň öňüni almakdyr diýip düşünipdir. Şeýle bolansoň, halky mediki – sanitar taýdan terbiýemeli, çünki adamlaryň medisinanyň güýjüne we ähmiýetine düşünmekleri zerur. Bu wezipäni goşgynyň üsti bilen çözmegiň has netijeli boljakdygyna ynanan akyldar şygra ýüz tutupdyr. Şahyrana sözüň güýjüne we gudratyna örän oňat göz ýetiren akyldar gigiýenanyň we we lukmançylygyň esasy kanunlaryny şygyr formasynda

[1] Гафуров Б. Г. История таджикского народа. М.: 1955.

bermegiň hötdesunden abraý bilen gelipdir. Şular ýaly esere “Urjuza” diýip at beripdirler. Ibn Sinanyň nähoşlara derman almak üçin düzen reseptini hem şygyr bilen ýazan wagtlary seýrek bolmandyr. Akyldar “urjuza” formasynda eser ýazypdyr, lukmançylyk ugurdan ýygnan maglumatlaryny goşga geçiripdir.

Abu Aly ibn Sinanyň “Söýgi hakynda” traktatyndan bir parça.

Lukmançylykdan ýazylan “urjuzlaryň” biri hakynda il arasynda köp gürrüňler bar. Akyldaryň bu urjuzasy 1326 beýtden ýa-da 2654 setirden ybarat bolupdyr. Bu urjuzada lukmançylygyň

teoriýasyna degişli 705 beýt ýa-da 1410 setir niýetlenilipdir. Akykdaryň bu urjuzasy XVII asyrda latyn dilinde birnäçe gezek çap edilipdir.

Beýik akyldaryň goşgularynyň esasy ideýasy adamlara özlerinde adamkärçilikli we asylly sypatlary terbiýelemäge syrygýandygy üçin, ibn Sinanyň düşünüşine görä, asylly adam ýalan sözlemeli däl, bahyl hem hilegär bolmaly däldir. Adam tebigat tarapyndan özüne berlen mümkinçilikler bilen özünde iň oňat sypatlary, gylyklary kämilleşdirmäge çalyşýar.[1]

Abu Aly ibn Sinanyň şu hili pikirleri adamlara edep-ekram bermäge niýetlenendir. Bu ýerde alym dogabitdi paýhas (akyl) we söýgi hakynda-da söz açýar. Dogabitdi söýginiň täsiri bilen akyl (paýhas) kämilleşýär. Şonuň üçin hem öz ýüregiňde söýgini ösdürmeli hem-de kämilleşdirmeli. Akyldar özüniň "Söýgi hakynda" atly traktatynyň "Her bir aýratyn (indiwidual) substansiýada akýan söýginiň güýji hakynda" atly birinji bölüminde "Ýokary prinsip tarapyndan dolandyrylýan her bir predmetiň barlygy dogabitdi söýgi tarapyndan kesgitlenilýär" diýip belläpdir. "Söýgi hakdaky" traktatynda beýan eden prinsiplerini beýik akyldar goşgy arkaly hem düşündiripdir.

6. Geologiýa bilen baglanyşykly işleri

Tebigat bilimleriniň ençemesi boýunça Ibn Sinanyň örän gymmatly pikirleriň köpsanlysyny öňe sürendigini biz bilýäris. Alym şol döwürlerde fizika we himiýa ugrundan ullakan ylmy ähmiýeti bolan, şu wagta çenli öz aktuallygyny ýitirmedik peýdaly açyşlary edýär, olara täzelikleriň ençemesini girizýär. Ibn Sina tebigatyň we älemiň gizlin syrlaryna aralaşypdyr. Onuň ýagtylygyň we sesiň hereketiniň çaltlygy, energiýanyň we reňkiň geçişi, ýylylygyň sebäpleri, hereketiň saklanmagynyň beýanlary, suw,

---

[1] Салдадзе Л. Г. "Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни" издательство литературы и искусства имени Гафура Гуляма. 1983 г.

mineral suwlar we olaryň ähmiýeti hakynda orta atan pikirleri hem olaryň çözülişi göwnüňden turýar. Meselem, alym ýagtylyk bilen sesiň hereketiniň tizliginde tapawut bardygyna göz ýetirip bilipdir. Tupany görmek we eşitmek bolýar. Gök gürläp, ýyldyrym çakanda ýagtylyk bir wagtda görünse, ses başga bir wagtda eşidilýär. Ses howada hereket edip, soňra adamyň gulagyna ýetýär. Şeýle pikire gelmek bilen Ibn Sina materiýanyň hereketiniň iki formasynyň hereketiniň tapawudyny bilipdir.[1]



Musulman alymlarynyň himiki elementleri belgilemekde ulanan usullary.

Energiýa bilen reňkiň geçişi hakynda aýdanda bolsa, Abu Aly Ibn Sina özüniň "Danyşnamasynda" "jisimler bir-birine garşy iki ýol bilen hereket edýärler: 1) süýkenme (sürtülme) bilen, meselem, buz haýsydyr bir zat bilen galtaşsa, ony sowadýar, ol nämedir bir zat bilen galtaşsa, ony iterýär; 2) başga ýol bilen, meselem, gök ot öz garşysynda duran diwara gök reňki berende ýa-

[1] Абу Али ибн Сина и его естественные науки. Ташкент. 1981.

da adamlaryň ýüzi synlaýjynyň gözlerinde ýa-da aýnada yz galdyranda” diýip ýazypdyr. Alymyň bu aýdanlaryndan gelip çykýan netije: a) sürtülmäniň netijesi energiýany(ýylylygy) hem hereketiň sanyny ulanmak; b) ikinji ýagdaýda bolsa reňkiň birligini we şöhlelenmäniň ýüze çykmasyny görýäris.

Ibn Sina “Sagalma” we beýleki kitaplarynda geologiýa hem mineralogiýa özüniň garaýyşlaryny beýan edipdir. Ol bu ugurda-da bize gymmatly maglumatlary galdyryp gidipdir. Akyldar minerallaryň dört sany uly topara bölüpdir. Klaslara bölmegiň esasynda bolsa minerallary has düýpli sypatlaryny, birinji nobatda-da “substansiýanyň berkligini” goýupdyr. Daşlar ýa-da toprak minerallaryň birinji toparyna girizilipdir. Simaby hem öz içine alýan kükürtli we ýanýan maddalar üçünji; duzlar bolsa dördünji topar hasap edilipdir. Minerallaryň şu hili toparlara bölünişi has durnukly bolany üçin giçki orta asyrlarda-da Renessans zamanasynda-da Ýewropa mineralogiýasy tarapyndan kabul edilipdir, tä XIX asyra çenli minerallaryň toparlanyşynyň esasyny düzüpdir.

Abu Aly Ibn Sinanyň geologiýasy Aby Reýhan al-Birunynyňky bilen bilelikde yslam geologiýasynyň iň ýokary derejesi, çürbaşy hasap edilýär. Ol Ýer gabygynyň ewalýusiýasy hakyndaky teoriýasyny hem işläp düzüpdir. Alymlaryň pikirine görä, bu teoriýanyň deňi-taýy bolmandyr. Bu teoriýany Abu Reýhan Biruny-da halapdyr hem ösdüripdir.

Bu teoriýany öňe sürmek bilen Ibn Sinanyň maksady näme? Ol nämeleri göz öňünde tutupdyr? Akyldaryň pikirine laýyklykda, dünýäniň adamlar ýaşaýan böleklerinde gadym zamanlarda ýaşalmandyr, olar ilatsyz bolupdyr, çünki bu ýerler suwuň astynda ekeni. Abu Reýhan al-Birunynyň hem hut şu zeýilli pikirde bolandygyny biz bilýäris. Al-Biruny Müsüriň, Sudanyň, Arabystanyň çöllügi deňziň aşagynda bolup, soňra palçyk ýerden hem gum akgynlary gelipdir diýip hasap edipdir.

Ol ýeriň ýüzündäki jisimleriň bir-birine öwrülmegi yzygiderli dowam edýän hadysadyr diýip tassyklaýar. Mysal hökmünde bolsa Günüň ýylylygynyň hem-de guradýan toprak we

jandarlaryň jisimleriniň daşa öwrülýändigini alypdyr. Şol sebäplere görä, ýer titremesi, suwuň eroziýa döretmegi, ýel zerarly daglar, jülgeler, beýiklikler we peslikler emele gelýärler. Şu zeýilli zatlar tiz wagtda-da ýuwaş-ýuwaşdan, köp wagtyň dowamynda hem döräp biler.[1]



Dürli görnüşli himiki erginleri almakda ulanylýan gurluş.

Ibn Sina olaryň emele gelşinde iki faktoryň roluny aýratyn uly ähmiýet beripdir. Ol içki hem daşky faktor bar diýip hasaplapdyr. Akyldar ýer titremesi zerarly döreýänleri içki faktor bilen baglanyşdyrypdyr. Ýeliň hem suwuň täsirini bolsa ol daşky faktor diýip düşünipdir. Görnükli iňlis geology Çarlz Laýel (1797-1875) özüniň "Geologiýanyň esaslary" diýen işinde Ibn Sinanyň

[1] Бартольд В. В. Историко-географический обзор Ирана. Соч. т. VII 1971.

daglardyr jülgeleriň emele gelşi hakyndaky pikirlerini dogry hasap edipdir.

Daglaryň, daşlaryň, jülgeleriň emele gelşi hakynda pikir ýöreden mahaly alym köplenç tejribä daýanypdyr. Ol ilkinji bolup, çökündi toplanyşyny, çökündi dag jynslaryň kemala gelşini we olaryň ýataklaryny synlapdyr, öwrenipdir. “Sagalma” kitabynda daglaryň käbiriniň dürli gatlaklardan ybaratdygyny görmek bolar diýip Ibn Sina belleýär. Munuň beýle bolmagynyň sebäbi, Ibn Sinanyň aňyşyna görä, öz wagtynda palçyklar (toýun) gat-gat bolup, ilki bir gat, soňraky döwrüň dowamynda ýene-de bir gat peýda bolandyr. Şeýdibem olar emele gelipdir. Bu hakynda Ibn Sina şeýle ýazypdyr: “Daglar ilkibaşda ýumşak, soňra wagtyň geçmegi bilen palçyk ýerden... daşa öwrülýär”. Daşlar bolsa köplenç daglaryň döremegine getirýär. Edil şular ýaly pikiri XVII asyrda ýaşan daniýaly alym N. Stenoda hem belläpdir.[1]

Beýik dana Ýer, onuň gurluşy, düzümi bilen hem içgin meşgul bolupdyr. Onuň bu hakynda aýdan pikirleri hem üns bermäge mynasypdyr. “Danyşnamada” akyldar: “Ýer şarynyň ortasynda arassa ýer bolmaly... Şol ýeriň üstünde suwly ýer bolmaly, ýagny, toýun (palçyk) bolmaly. Onuň üstünde käte suw, käte-de toprak agdyklyk edýär” diýip ýazypdyr. Ibn Sinanyň Horasanda meteorit ýagşyny synlap, ol hakynda giňden ýazandygyny alymlar tassyk edýärler. Ol aýratyn hem daşyň gaçyşyny, togalanyşyny hem-de sowaýşyny ýazypdyr, onuň däne görnüşinde bolandygyny görkezipdir. Ibn Sina daşyň görnüşi, agramy hakynda maglumat beripdir, ol meteoridiň himiki düzümini hem seljermäge (analizlemäge) synanşyk edipdir.

---

[1] Абу Али Ибн Сина. (К 1000 летию со дня рождения). Ташкент. 1980.

ABU ALY IBN SINANYŇ DURMUŞ ÝOLY BILEN BAGLANYŞYKLY KÄBIR GADYMY ŞÄHERLER

1. Gadymy Buhara şäheri

Buhara X asyrda samanitler döwletiniň Gündogarda iň bir baý feodal şäherleriniň hasaplanylypdyr. Köpsanly senetçiler, küýzeçiler, gurluşykçylar, zergärler Buhara şäherini söwda-senetçiler merkezine öwrüpdirler.

Samanitler döwleti (819-999 ýý) – özüniň gülläp ösen döwrüni X asyryň birinji ýarymyndan alyp gaýdýar. Ol öz düzümine Mawerennahry, Horasany, Demirgazyk we Gündogar Eýrany alýar. Bu döwletiň wassal baglanyşygyna Horezm, Sidtan, Gürgen (Jurjan), Reşt, Gazna, Tabiristan (Mazenderan) ýaly şäherler giryär. Hojalyk gatnaşygynda Buhara şäheri Gündogarda ilkinji şäherleriň birine degişlidir. Oba hojalykda emeli suwaryş giňden ulanylypdyr. Bu ýerde bugdaý, tüwi (şaly), pagta, ýorunja, kenep ýaly ösümlükler ekilipdir. Köp meýdany bakja we üzümçülik meýdanlary eýeläpdir. Bu ýerde has güýçli derejede - demir we gürşun gazyp alypdyrlar, çoýundan materiallar taýýarlanypdyr.[1]

Buhara şäheri kerwen ýollary arkaly köpsanly döwletler bilen baglanyşyklydyr. Bagdatdan Pekine çenli aralykda beýik "Ýüpek ýoly" Buhara şäheriniň üstünden geçip, uzaklara dowam edipdir.

Buharadyr Horezmden nah, ýüpek matalar, halylar, ýüň, ok - ýaýlar, gaýyklar we beýleki önümler äkidilipdir. Kerwenleriň sany käbir ýagdaýlarda üç müňden bäş müňe çenli at we düýe ýüklerinden ybarat bolupdyr. Olar Kiçi Aziýadan Mongoliýa we Hytaýa tarap ugurlarda gidipdirler. Beýleki bir kerwen ýoly

---

[1] Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. I книга. Издание II, Ташкент. 1981.

Horezm bilen Hazar patyşalygyny birleşdiripdir. Ol öz gezeginde Urala we Wolga tarap gidipdir.

Ysmaýyl Samanynyň mawzoleýi (Buharanyň iň gadymy ýadygärligi).

Buharanyň Kalýan (Galýan) metjidi.

Buharada, Gürgençde, Gürgende we beýleki şäherlerde medeniýetiň we hojalygyň gülläp ösmegi Mawrennahr - Amyderýa bilen Syrderýa aralygynyň uzak wagtlaryň dowamynda daşyndan hiç wagt talaňçylyk edilmänligi bilen baglanyşyklydyr.

Buharanyň orta asyrlarda gurlan binasy.

Köpsanly döwletler: Eýran, Yrak, Siriýa, Hindistan, Hytaý, Wizantiýa, Kiýew Rusy bilen arabaglanyşyklaryň bolmagy dürli görnüşli maglumatlaryň massasyny getirýärdi. Bu bolsa ruhy gymmatlyklary çalyşmak we ösdürmek üçin gymmatly şetrleri döredipdir.

Gündogaryň halklarynda araplar basyp almanka hem baý we özboluşly ösen medeniýeti bolupdyr. Meselem, görnükli rus alymy S. P. Tolstowyň geçiren gazuw – agtaryş işleriniň netijesinde ösen ýokary medeniýetiň ojaklary tapylýar. Bu ojaklaryň biziň eramyzdan öňki döwürlere degişlidigi alymlar tarapyndan kesgitlenilýär. Bu bolsa Merkezi Aziýada ýaşan - baktriýler, horezmliler, sogdiýler, saklar we beýleki halklar tarapyndan döredilipdir.

Bahaweddin Nagyşbendiniň mawzoleýi.

Buhara şäheri has iri medeni merkez bolupdyr. Onda mekdepler, kitaphanalar, keselhanalar, köp sanly ajaýyp binalary bolupdyr. Olaryň biri Ibn Sinanyň döwründe gurlan Ismaýyl Samanynyň (892-907 ýý.) mawzoleýidir. Ol kub formasynda, diwarlary ajaýyp geometriki keşdeler bilen gurulýar. Bu keşdeler şu günki günde hem saklanyp galypdyr. Bu şäherde köpsanly sowatly adamlar – kanun çykaryjylar, alymlar, filosoflar, arhitektorlar, lukmanlar ýaşapdyr.

Buhara şaheriniň medeni dürmuşynda has ösen döwri X – XI asyrlar hasaplanylýar. Bu ýerde ady döwletiň çäginden daşarda meşhur bolan şahyrlar we alymlar ýaşapdyr. Olardan: Abu Hasr al-Faraby (873 – 950 ýý.), Rudaky, Dakyky (Dakiki), ajaýyp "Şanamany (Şahnamany)" döreden Ferdöwsi ýalylary bellemek bolar.

2. Gadymy Gürgenç şäheri

(Köneürgenç)**.** Gadymy Horezm döwletiniň paýtagty – Gürgenç şäheri (häzirki Köneürgenç şäheri) biziň eramymyzdan öňki I asyrda hytaý awtorlarynyň işlerinde Ýueszýan (Юецзянь) ady bilen ýatlanylýar. Bu şäher şol döwrüň iri ylmy we ykdysady merkezi hasaplanylypdyr. Aby Reýhan al-Biruny (973-1048 ýý.) özüniň ylmy işlerinde bu ýerde uly kitaphanalaryň bolandygyny belleýär. Gadymy Horezmiň kitaphanasynda mukaddes kitap Awesta hem bolupdyr (Internet ulgamyndan alnan maglumatlar).

Eýýäm IX asyryň başlarynda bu ýerden köp sanly tanymal alymlar we edebiýatçylar, döwlet işgärleri, aýratyn-da şu iki şäherden al-Horezmi lakamyny(nisbesini) göterýän beýik alymlar örän köp. Olara Merkezi Aziýanyň iri şäherleriniň ählisinde, Ýakyn Gündogar ýurtlarynda, şonuň ýaly-da arap halyfatynyň merkezi Bagdat şäherinde hem duş gelmek mümkin.

Gadymy Gürgençde kerwensaraýyň derwezesi.

Al-Makdisi gadymy Gürgenç dogrusynda täsin maglumatlar getirýär: “Bu şäher günbe-günden ösýär. Al-Mamun tarapyndan gurlan galanyň Hojaja girilgesinde ajaýyp owadan derweze gurlan. Bu derweze Horasan sebitiniň hiç bir şäherinde ýokdur. Emma onuň ogly Alynyň onuň öňünden gurduran derwezesi Buharanyň meýdanyndaky derwezä meňzeşdir” diýip belleýär.[1]

Halif al-Mamun Merkezi Aziýanyň meşhur alymlary bilen bilelikde Merw şäherinden gitmezinden öňürti, orta asyr arap taryhçysy an-Nadimiň (997-nji ýylda aradan çykan) berýän maglumatlarynda, täze paýtagta gelen dessine, Musa al-Horezmini özüniň “Bilimler hazynasyna” müdir belländigini belleýär. An-Nadimiň “Fihristini” iňlis dilene terjime eden we çap eden B. Dožd bu pikiri has anyk subutnama hökmünde tassyklaýar. Şu ylmy edarada Musa al-Horezmi ömrüniň soňky günlerine çenli gulluk edýär we özüniň ajaýyp, tanymal matematika we astronomiýa degişli bolan işlerini döredýär.

Orta asyrlarda ildeşlerimizden käbirleri özleriniň tanymal kitaphanalaryny döredipdirler. Olaryň arasyndan Muhammet ibn Mansur al-Horezmini ýatlamak bolar. Ol bu ýerde 1066-njy ýylda “Hazinat al-Kutub (Kitaplar hazynasyny)” döredýär. Kitaphanany Mansur al-Horezmi öz hasabyna gurýar, ol medresede ýerleşdirilipdir we Yrakda şuňa meňzeş edaralaryň ilkinjisi hasaplanypdyr,. Kitaphana ajaýyp kitaplaryň kölleksiýasyny özünde jemläpdir. Bu kitaphananyň gymmatly hazynasy Ibn Mundar al-Kazwini (1095-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan ýazylan Gurhanyň teswiridir. Bu kitap 300-400, belki, 700 tomdan ybarat bolupdyr. Görnükli alym M. A. Kasymynyň şaýatlyk etmegine görä bu kitaphana şu günki günde hem bar. Onuň Bagdat şäherininiň 3 mil (*3 x 1973 = 5919 m*) demirgazygynda, ylahyýetçi

---

[1] Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. I книга. Издание II, Ташкент. 1981.

alym-teolog Abu Hanyfyň (699-767 hijri ýyllarynda ýaşan) mazarynyň ýakynynda ýerleşýändigi bellenilýär.



Gadymy Gürgençdäki ýadygärlikler toplumy.

"Akademiýa" ady hem öz gözbaşyny abbasylaryň paýtagtyndan alyp gaýdýar. Müsüriň altynjy fatimli halif al-Hekim (996-1021 ýý.) 1005-nji ýylda öz akademiýasyny döredýär. Oňa şol döwrüň tanymal alymlary: "Döwrümiziň iň ajaýyp kitaphanasy" diýipdirler. Bu kitaphananyň baý kitap gorundan peýdalanýan her bir ynsan ýazuw materiallary, iýmit bilen üpjün edilip, talyp haky (stipendiýa) hem tölenipdir. Eger-de kimde-kim bilimini artdyrmak maksady bilen uzak wagtlap galmak isleýän bolsa, onda mugt ýaşaýyş jaýy hem berlipdir. Kitaphanalar diňe paýtagtda däl, eýsem çet ýerlerdäki medeni merkezlerinde hem döredilip başlanylýar.

Gürgenç X asyryň ahyrlarynda diňe bir birleşdirilen Horezm döwletiniň paýtagty bolman, eýsem iri halkara söwda merkezi hem bolupdyr. Bularyň ählisi musulman äleminde Köneürgenjiň ylmyň we sungatyň esasy merkezine öwrülmegine sebäp bolýar. Şol döwürlerde, musulman äleminde "Akademiýanyň" döredilmeginiň esasy sebäbi - gadymy Horezmde siwilizasiýanyň bolmagy, hem-de arap dilinin üsti bilen yslam ylmynyň we sungatynyň tebigy (organiki) birleşmesidir (Internet ulgamyndan alnan maglumatlar).[1]

Gürgenç "Akademiýasynda" ylym bilen baglanyşykly işler gaýnap-joşýardy, edil "oňa meňzeş edaralar" arap halyfatynyň Bagdat we Kair şäherlerinde hem döredilipdi. Horezm şasy Mamun II öz döreden "Akademiýasyna" Merkezi Aziýanyň dürli künjeklerinden alymlary çagyrýar. Olar bilen birlikde Abu Reýhan al-Birunyny hem çagyrýar. Horezm ýerlerini ýeke-täk döwlete birleşdirmek bilen baglanyşykly 995-nji ýylyň pajygaly wakasynda (bu ýerde Abu Reýhan al-Biruny afrigidler dinastiýasynyň tarapynda çykyş edýär), Köneürgenç emiri Mamun ibn Muhammediň (995-997 ýý.) goşuny ýeňýär. Beýik akyldar öz ýurduny taşlap Hazar deňziniň günorta-gündogar kenarynda ýerleşen Jurjaniýa şäherine (häzirki Gürgen şäherine) gitmäge mejbur bolýar. Ol bu ýerde 1010-njy ýyla çenli, ýagny, Mamun II özüniň ylmy merkezine çagyran döwrüne çenli işlemeli bolýar. Mamun II görnükli akyldar bilen bilelikde şol döwrüň akyldarlary Abu Nasr Ibn Yragy, Abu Aly ibn Sinany hem çagyrýar. Olar bilen bilelikde filosof Abu Sahl Masihi, alym we lukman Abul - Hasan Hammar we şol döwrüň beýleki ylmy işgärleri zähmet çekipdirler (Internet ulgamyndan alnan maglumat).

1010-njy ýyldan 1017-nji ýyla çenli aralykda, ýagny, Mahmut Gaznawy bu ýerleri basyp alýança, Abu Reýhan al-Biruny Gürgençden hiç ýere çykman işleýer we ýaşaýar. Mamun

---

[1] Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. I книга. Издание II, Ташкент. 1981.

“Akademiýasynyň” durmuşda “diňe bir uly rol oýnaman”, eýsem “bu edara Merkezi Aziýanyň dürli sebitlerinden ajaýyp alymlaryň ýygnanan ýeri bolupdyr. Beýik akyldar horezm şasynyň esasy maslahatçysy diýen ýaly derejä ýetýär”.[1]

Horezm şasy Mamun II “Akademiýasynyň” kitaphanasynda saklanylýan kitap baýlygy barada ylma hiç hili maglumat mälim däl. Emma Abu Reýhan al-Birunynyň, Abu Aly ibn Sinanyň we başga-da birnäçe görnükli alymlaryň beýik açyşlary amala aşyrmaklarynda kitap gorunda saklanylan ylmy işlerden (traktatlardan) peýdalanandyklary aýandyr. Mamun II “Akademiýasynyň” kitaphanasynda ýerli alymlaryň ylmy işlerinden başga-da, ähli musulman äleminiň we beýleki birnäçe ýurtlaryň alymlarynyň işleriniň saklanandygyna şübhelenmek bolmaz. Bu ylmy edarada şol döwrüň alymlaryna ylmyň gazananlarynyň ähli täzelikleri elýeterli bolupdyr. Diňe ýokarda bellenenler bilen çäklenmän Horezm şasy Mamun II alymlaryň işlemekleri, dynç almaklary we ýaşamaklary üçin ýokary derejedäki şertleri döredipdir. Bu işleri amala aşyrmakda golýazmalary göçürijiler özleriniň hormatlanýan zähmetleri bilen uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Şular ýaly golýazmalary göçürijiler orta asyrlaryň uly kitaphanalarynda (däbe görä ählisinde diýen ýaly) bolupdyr. Golýazmalary göçürijiler Mamunyň “Akademiýasynda” hem bolupdyr.

Abu Reýhan al-Biruny Reý(häzirki Tähran) şäherinden günbatarda hiç haçan bolmadyk hem bolsa, ol Bagdat we Basriý mekdepleriniň alymlarynyň işleri bilen Köneürgenjiň kitaphanasynda bar bolan maglumatlar arkaly oňat tanyş bolupdyr.

1017-nji ýylda Gürgenç türkmen–gaznaly döwletine birleşdirilenden soňra, alymlaryň bir bölegi dürli ýurtlara dargaýarlar. Abu Reýhan al-Biruny bolsa gaznalylaryň merkezi Gazna şäherine öz halypasy Abu Nasr ibn Yrak we beýlekiler bilen bileikde gelýär we ol ýerde özüniň ylmy barlaglaryny dowam

---

[1] Internet ulgamyndan alnan maglumatlar.

etdirýär. Mamunyň “Akademiýasyndaky” kitaphananyň kitaplarynyň bir bölegi hem şu ýere getirilýär. “Akademiýa” mongol-tatarlaryň çozuşyna çenli öz işini dowam etdiripdir. Onuň sudury Köneügenç şäherinde “Kyrk Molla” belentliginde häzir hem bildirýär (Internet ulgamyndan alnan maglumatlar).



Il-Arslanyň mawzoleýi.

Horezm şasy Alaeddin Tekeş ibn Il-Arslanyň hökümdarlyk eden döwri “dördünji we horezm şalarynyň iň ajaýyp döwri” diýlip bellenilýär. Tekeş ibn Il-Arslan “Horezm imperiýasyny hakyky esaslandyryjy” hasaplanýar. Horezm şasy Tekeş öz döwründe ylma

hemaýatkärlik eden iň beýik şahsyýetdir. Onuň ýurtda ylmy we medeniýeti ösdürmek maksady bilen amala aşyran işleri dürli çeşmelerde öz beýanyny tapýar. Hususan-da orta asyr taryhçy alymy Ibn al-Asir: “Ol örän okumyş we ylmyň dürli pudaklary boýunça bilimli hökümdar bolupdyr. Özüniň adalatlylygy, adamkärçiligi, dürli işlerde ynsanperwerligi bilen öz tabynlygyndaky ynsanlaryň arasynda uly hormatdan peýdalanypdyr” diýip belleýär.

Orta asyrlarda Gürgenç şäherinde bar bolan kitaphanalaryň sany, biziň ýokarda sananlarymyzdan has köp bolmagy mümkin.

Gürgenç kitaphanalary bilen bilelikde beýleki musulman döwletleriniň medeni merkezleri hem mongol - tatarlaryň çözuşlary netijesinde ýakylyp ýumrulýar we öwezini dolup bolmajak derejedäki ýitgä sezewar edilýär.

Köp asyrlar geçen hem bolsa adamzat jemgyýeti gadymy Köneürgenjiň beýik medeni miraslaryny ýadygärlik hökmünde saklap gelýär. 2005-nji ýylda ÝUNESKO tarapyndan Köneürgenç şäheriniň Bütin dünýäniň goralýan şäherleriniň sanawyna girizilmegi-de hut şonuň üçindir.

3. Gadymy Hemedan şäheri

Eýran çeşmeleriniň şaýatlyk etmegine görä, Hemedan barada ilkinji ýatlamalar assiriý patyşasy Tiglatpalasaryň (biziň eramyzdan öňki 13 asyra çenli dowam eden dinastiýa) döwründe Amadan şäheri görnüşinde ýazgy berilýär. Bu şäher Hagmatan ady bilen Ahmenitler dinastiýasynyň hökümdarynyň ýazgysynda ýatlanylýar (Internet ulgamyndan alnan maglumatlar).

Bu şäher Ekbatan ady bilen uzak ýyllaryň dowamynda bütin düýä belli bolupdyr diýlip Geredotuň işlerinde bellenilýär. Emma häzirki zaman ylmy barlagçylary Ekbatany häzirki Hemedan şäheri däl diýip belleýärler. Emma dünýä ylmyna tanymal eýranly arheolog Demergeniň Suzda geçiren gazuw-agtaryş işleriniň we ýörite şu mesele bilen baglanyşykly geçiren işleriniň netijesinde häzirki zaman Hamadany hökmünde

Gerodotuň ýatlaýan Ekbatan şäheridigini subut edýär (Internet ulgamyndan alnan maglumatlar).



Abu Aly ibn Sinanyň Eýranda Hemedan şäherindäki mazary.

Biraz soňrak Hemedan şäheri Sasanitler döwletiniň bölegi bolýar. Bu ýerde hökümdarlaryň ýarky dynç alyş köşkleri ýerleşipdir. 633-nji ýylda Hemedan şäheri araplar tarapyndan basylyp alynýar. Şaher Buidleriň hökümdarlyk eden döwründe güýçli weýran edilýär. IX asyrda seljuk türkmenleri halyfatyň paýtagtyny Bagdatdan Hemedana göçürýärler.

Hemedan şäheriniň üstünden Beýik Ýüpek ýoly geçýänligi bilen medeni we ykdysady taýdan ösmäge uly mümkinçilikleri alýar.



Abu Aly ibn Sinanyň mazarynyň üstünde galdyrylan binanyň içki bölegi.

ABU ALY IBN SINANYŇ YLMY MIRASYNYŇ ÖWRENILIŞI

Beýik akyldar Abu Aly ibn Sinanyň ylmy traktatlarynyň Gündogara we Günbatara ýaýramagynda onuň okuwçylarynyň, şägirtleriniň, terjimeçileriniň ýerine ýetiren işleri wajyp rol oýnaýar. Ilki bilen öz döwürlerinde ýaşap we döredip giden ylmy traktatlary hakynda söz açmak zerur diýip hasap edýäris. Bu ýerde akyldaryň söňky ömrüniň 25 ýyllyk durmuş ýoly bilen baglanyşykly bolan Abu Ubeýda Juzjanynyň bitiren ägirt uly işlerini bellemek gerek. Ol akyldaryň ýanynda bolup, onuň "Ömürnamasyny" ýazmakda uly ýardam berendigini biz ýokarda belläp geçipdik. Bulardan başga-da Abu Ubeýda Juzjany özüniň ýazan ylmy traktatlarynda-da, akyldaryň işlerine ýazan kommentariýlerinde-de öz mugallymyna, halypasyna diýseň ýokary baha berýar we onuň ajaýyp (genial) pikirlerini ýaýradypdyr.[1]

Bu ýerde akyldaryň döwürdeşi, köp sanly ylmy traktatlaryň awtory Abul Hasan Bahmanyýar ibn Marzbanynyň (takmynan, 1066-njy ýylda aradan çykan) bitiren işleri hem bellenmäge mynasypdyr. Ol "Bilimleri ele almak kitaby", "Logikada bezeg kitaby", "Gözelligiň (ajaýyplygyň) we bagtyň kitaby", "Saz hakyndaky kitap", "Metafizika ylmynyň dersi (predmeti)" we başga-da birnäçe eserleriň awtorydyr. Abul Hasan Bahmanyýar ibn Marzbany akyldaryň ylmy traktatlarynda berilýän ideýalardan ugur alyp filosofiýanyň köp sanly meselelerini üstünlikli çözüpdir. Meselem, Abul Hasan Bahmanyýar barlyk, akyl ýetirmegiň teoriýasy hem-de logika hakyndaky pikirlerinde beýik akyldaryň ideýalaryny doly ýaýradypdyr.

Beýik akyldaryň ýaşan döwründen bäri birnäçe asyrlar geçen hem bolsa, onuň filosofiýa ylmyna degişli bolan ylmy

---

[1]Сагадеев А. В. Ибн Сина (Авиценна). Второе издание, Москва, 1988.

mirasy köpsanly ylym barlagçylarynyň ünsüni özüne çekýär. Şu döwrüň içinde Abu Aly ibn Sinanyň bu işlerine köpsanly kommentariýler, düşündirişler ýazyldy. Şeýle-de Gündogarda we Günbatarda akyldaryň işlerine degişli bolan monografiýalar neşir edildi.

Abu Aly ibn Sinanyň dünýä meşhurlygyna eýe bolan "Lukmançylyk ylymynyň kanuny", "Sagalmagyň kitaby", "Halas bolmak kitaby", "Bilimler kitaby" we "Görkezmeler we maslahatlar" atly ylmy traktatlary dünýä ylmynda görnükli yzlary galdyrdylar.

Beýik akyldaryň 479 ylmy traktatyndan biziň günlerimize jemi 240 sanysy gelip ýetipdir. Olaryň 150 sanysy filosofiýa ylmyna degişli bolan kitaplar, 50-si medisina, galan 40 sany traktaty ylymlaryň dürli ugurlaryna degişlidir. Emma gynansak-da akyldaryň käbir ugurlara degişli bolan ylmy traktatlary heniz hem ýeterlik derejede öwrenilen däldir.

Abu Aly ibn Sinanyň filosofiýa ylmyna degişli bolan traktatlary käbiri üstünlüklere eýe bolan hem bolsa, onuň käbir eserleri entek hem çuňňur öwrenmegi talap edýär. Olar özünde filosofiýa, logika degişli bolan jedelli meseleleriň köp sanlysyny saklaýar we häzirki zaman ylym baralagçylaryny haýran galdyrýar. Akyldaryň ýazan ylmy eserleriniň möçberi dogrusynda häzirki zaman alymlary ýeke-täk pikirde däldirler.

Şular ýaly filosofiki eserleriň biri hem Abu Aly ibn Sinanyň "Gündogar filosofiýasydyr (al-Hikma al-maşrikiýa)". Bu eseriň beýik akyldara degişlidigi diňe bir abraýly ylmy çeşmeler subut etmän, eýsem onuň özüniň köpsanly ýazgylary şaýatlyk edýär.

Abu Aly ibn Sinanyň ylmy-filosofiki pikirlerini dowam etdiriji hökmünde Gündogaryň ýene-de bir beýik akyldary Omar Haýýamy bellemek bolar. Ol 1079-njy ýylda Abu Aly ibn Sinanyň filosofiki "Hutba" atly eserini "Ýüzlenme" ady bilen arap dilinden pars diline terjime edýär.

Orta asyrlarda ýaşan beýik akyldaryň ylmy traktatlary gadymy Gruziýada hem uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Ibn Sinanyň

medisina degişli bolan pikirleri (ideýalary) we garaýyşlary gadymy gruzin teoretik we amaly (praktiki) medisinasynda **Sina – ekimo** ady bilen meşhur bolupdyr.

Beýik akyldaryň ylmy mirasyna Ýewropada uly ähmiýet berlipdir. Netije-de bolsa, "awisennezirlenen awgustiançylyk" topary döräpdir. Munuň başyny akyldaryň filosofiýasy bilen ruhlanan XII asyrda ýaşan Ioannyň "Jan hakynda" atly traktaty başlapdyr. Aýratyn hem ibn Sinanyň Awgustiniň neoplatonizmi bilen meňzeş neoplatoniki pikirleriniň (ideýalarynyň) täsiri örän uly bolupdyr.

XIII asyrda Günbataryň köp alymlaryň, syýasy işgärleri beýik akyldaryň pikirleriniň (ideýalarynyň) täsirinde bolýarlar. Olardan: Wilgelm Owernskiý, Aleksandr Galskiý, Robert Grosset, Jon Pepham ýalylary bellemek bolar. Rojer Bekon hem akyldaryň filosofiýa, lukmançylyk, tebigat bilimlerine degişli bolan eserlerini uly höwes bilen okapdyr we öwrenipdir. Akyldaryň Rena Dekarda eden täsiri has hem uludyr. Rene Dekardyň "Men pikirlenýärin, diýmek men ýaşaýaryn" diýen ýaly pikirlerdir garaýyşlary beýik akyldarda hem bolupdyr. Emma bu pikirler beýik akyldarda takmynan 630 ýyl öň peýda bolupdyr. Rojer Bekonyň syýasy pikirleriniň (ideýalarynyň) orta asyr filosofiýasynyň işläp düzen halyflyk hakyndaky teoriýasyna doly laýyk gelýändigini hem bellemek zerurdyr.[1]

Ýakyn Gündogaryň akyldarlarynyň, şol sanda Abu Aly ibn Sinanyň ylmy traktatlarynyň Ýewropada Gaýtadan döreýiş (rennesans) pikirleriniň (ideýalarynyň) döremegine oňaýly täsir edýär. Bu barada görnükli rus alymy I. N. Golonişewiň aýdan sözleri has-da wajypdyr. Ol: "X-XIII asyrlarda Ýakyn Gündogar Ýewropada diňe bir Aristotele, Klawdiý Ptolomeýe, Klawdiý Galene kommentariý (düşündiriş) bermän, eýsem arap dili Merkezi Aziýa, Eýran alymlarynyň

---

[1] Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

özboluşly ylmy eserlerini hem berdi... XII asyra çenli döwürde Ýewropa diňe bir Wizantiýanyň bäsdeşlik edip biljek arap-grek ylmynyň çet gyrasy bolupdy” diýmek bilen Gündogar alymlarynyň ylmy işleriniň Ýewropa eden täsirini belläpdir.

Ýewropada neşir ediji stanoklaryň oýlanyp tapylmagy bilen akyldaryň işleri ähli sowatly Ýewropanyň ygtyýarynda bolupdyr. Onuň eserleri Londona, Pariže, Kýolne, Kremona we Ýewropanyň beýleki şäherlerinde giňden ýaýrapdyr. Mysal hökmünde, akyldaryň “Sagalma” kitaby, eýýäm XII asyrda arapçadan latyn diline terjime edilýär. Bu traktaty Kordowaly ibn Dawyt ýokary hilli terjime edipdir. Bu ylmy traktat ýene-de bir gezek Pariž şäherinde XIV asyrda terjime edilýär. Terjimäni görnükli alym Awandawit ibn Jabir ýerine ýetiripdir. Bu eseriň yzýany bilen aklydaryň “Halas bolma”, “Lukmançylyk (Medisina) poemasy” ýaly eserleri hem arapçadan latyn diline terjime edilýär we şol döwrüň ylmy diline geçirilipdir. 1495-nji ýylyň 26-nji martynda Wenesiýada beýik akyldaryň “Metafizika” atly traktaty neşir edilýär.

Rus alymy A. N. Şamin 1501-nji ýyldan 1550-nji ýyla çenli wagt aralygynda Abu Aly ibn Sinanyň ylmy traktatlarynyň 30-dan köpräginiň neşir edilendigi baradaky subutnamalary öz işinde habar berýär. Şu neşir edilen ylmy traktatlaryň ortaça tiražy 15000 nusgalyk bolupdyr. Şol döwürler Günbatar Ýewropanyň ilaty 2500000-dan gowrak bolupdyr. Bu ýerde ýönekeýje arifmetiki hasaplamany geçirmek bilen akyldaryň bir kitabyna 1500 adam düşýändigini görmek bolar.

Abu Aly ibn Sinanyň filosofiki ylmy mirasynyň arasynda has bir abraýly orny onuň uly bolmadyk “Kesgitlemeler baradaky” traktaty eýeleýär. Bu traktatyň fransuz dilindäki terjimesi M. Guaýan tarapyndan terjime edilýär. Ol hem bu eseri özüniň beýik akyldaryň filosofiki adalgalarynyň sözlügini düzmekde peýdalanýar. Eýran alymy Mahdi Fuladwand bu traktaty pars diline terjime edýär we ony arap dilli nusgasy bilen bilelikde neşir edýär. Bu traktatyň çeh dilindäki terjimesi oriýentalist Ýarmil Stepkow tarapyndan ýerine ýetirilýär. Zabihulla Safanyň we Jorj

Şahata Kanawatiniň bellemeklerine, “Kesgitlemeler baradaky” traktatyň golýazmasy Tähranda, Meşhetde, Stambulda, Berlinde, Leýdende, Biritaniýanyň Kaýirdäki muzeýinde saklanýandygyny habar berýärler.

Şu traktatyň fragmenti şular ýaly on sany filosofiki adalgalary: “kesgitleme”, “ýazgy bermek”, “paýhas”, “ilkinji materiýa”, “substrat”, “materiýa”, “substansiýa” ýalylar A. D. Şaripow we H. Janmatowa tarapyndan rus diline terjime edilýär.[1]

Beýik akyldaryň ylmy eserleriniň terjime edilişi dogrusynda dürli maglumatlar görkezilýär. Meselem, fransuz alymy K. Žerar beýik akyldaryň diňe bir lukmançylyga degişli bolan 80-den gowrak ylmy trarktatlarynyň Ýewropa ýurtlarynyň dürli dillerine terjime edilendigini ýazýar. Berilýän sanlaryň takyk bolmazlygy hem mümkin. Emma bir zat welin has takykdyr. Bu hem Abu Aly ibn Sinanyň işleri örän köp möçberde terjime edilipdir we ähli halk tarapyndan öwrenilipdir. Akyldaryň ideýalary hem-de pikirleri ýyldyrym çaltlygynda dünýäniň ähli künjegine ýaýrapdyr. Akyldaryň ylmy traktatlary ýokarda görkezilen alymlardan başga-da Wilýam Okkama (Okkoma), R. Maretona, Siger Barbantskiý ýaly öz döwrüniň görnükli alymlaryna hem täsir edipdir.

Beýik akyldaryň ady lukmançylyk boýunça maslahatçy hem-de halypa hökmünde XV asyrda italýan söýgi hakyndaky nowellasynda duş gelýär. Latyn dilinde Abu Aly ibn Sinanyň ylmy tarktatlarynyň ilki bilen peýda bolan ýeri Ispaniýa bolanlygyndan, beýik lukman hekm ispaniýaly diýen rowaýat hem halk arasynda ýaýrapdyr.

Häzirki zaman suratkeşleri beýik lukmanyň, filosofiýanyň soltanynyň suratyny gutarnykly hasap etmeýärler. Öňki SSSR döwletlerinde Abu Aly ibn Sinanyň 20-ä ýakyn görnüşi, emma dünýä boýunça beýik akyldaryň 40-a ýakyn portretleri bolsa-da,

---

[1] Кадыров А. А. Саипов У. Т. “Великие ученые – медики средневековья” издательство “Медицина” УЗ ССР. 1988 г.

logikanyň şasynyň hakyky keşbini dikeltmek ugrundaky gözleg entek öz işini dowam edýär.

Şu günki günde ýurdumyzda beýik akyldar Abu Aly ibn Sinanyň ylmy- medeni mirasyny öwrenmäge uly üns berilýär. Bu ugurda Merkezi Aziýanyň, aýratyn hem Özbegistanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň alymlary uly işeri alyp barýarlar. Daşary ýurtlarda hem beýik akyldaryň ylmy işlerini höwes bilen öwrenýänler örän köp. Abu Aly ibn Sinanyň ylmy işlerini arap, musulman ýurtlarynda hem has giňden öwrenýärler we olara özleriçe baha berýärler.

Beýik akyldaryň ylmy mirasynyň aglaba bölegi arap alymlarynyň elinde bolupdyr. Bu bolsa onuň eserleriniň (traktatlarynyň) okyjylar tarapyndan öwrenilmegini belli derejede kynlaşdyrypdyr. Şol döwürde filosofiýany öwrenýän arap alymlarynyň köp sanlysy beýik akyldaryň filosofiki mirasyna ýüzleý seredilipdir. Olaryň hiç biri hem akyldaryň filosofiki ylmy mirasyny çuňlaý öwrenmändirler.Olaryň käbiri Abu Aly ibn Sinany häzirki zamanyň filosofiki galypyna saljak bolup synanyşyk edipdirler. Emma gynansak-da beýik akyldaryň filosofiki eserleri entek hem çuň öwrenilmegini talap edýär. Onuň esasy ylmy filosofiki tarktatlary golýazma görnüşinde dürli ýurtlaryň kitaphanalarynda saklanylýar. Araplar beýik akyldaryň diline düşünýän hem bolsalar-da, onuň eserlerini doly öwrenmäge wagt tapyp bilenoklar.[1]

Akyldaryň filosofiki ylmy traktatlary hakyndaky pikirler Hüseýin Muruwwanyň, Gaýyp Gaýzanynyň traktatlarynda hem duş gelýär. Olar akyldaryň filosofiki eserlerini ylmy analiziň täzeçe usullaryny ulanyp, orta asyr filosofiýanyň taryhyny, şonuň bilen birlikde Abu Nasr al-Farabynyň, Abu Aly ibn Sinanyň, Ibn Rüşdäniň ylmy eserlerini, tä XIV asyra çenli aralykdaky beýik

---

[1] Nursähet Baýramsähedow. “Gündogaryň beýik danalary”. Aşgabat. “Magaryf” neşirýaty. 1992.

alymlaryň eden işlerini derňäp, köp mukdardaky materiallary (maglumatlary) özleşdirýärler.

Nyzamy Aruzy al-Samarkandy eýýam XII asyrda “Lukmançylyk ylmynyň kanunlarynyň” ähmiýetine düşünipdir hem-de oňa örän ýokary baha beripdir. Onuň pikirine görä, medisinanyň esasy meselelerini bilmek üçin “Kanunyň” diňe birinji kitabyny özleşdirmek ýeterlikdir. Ol Gippokrat bilen Galen direläýse, bu kitaba mynasyp baha bererdiler diýip düşündiripdir. Al-Samarkandy: “Beýik akyldaryň “Medisinanyň kanunlary” bilen tanyşandan soňra, galan medisina kitaplaryny okamak artykmaçlyk eder” diýipdir. Medisinanyň ösüşiniň täze döwri “Kanunyň” peýda bolmagyndan başlanýar diýilmegi hem şunuň üçindir.

NETIJE

Biz bu kitapda Gündogaryň beýik akyldary Abu Aly ibn Sinanyň durmuş ýoly we ylmy mirasy dogrusynda gysgaça hem bolsa anyk maglumatlary türkmen okyjylayna ýetirmekçi bolduk.

Abu Aly ibn Sinanyň durmuş ýoly we ýerine ýetiren ylmy mirasy barada türkmen dilinde ilkinji kitap "Gündogaryň beýik danalary" ady bilen 1992-nji ýylda Türkmenistanyň "Magaryf" neşirýaty tarapyndan 10000 tiraž bilen çapdan çykypdyr. Kitap filosofiýa ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy Nursähet Baýramsähedow tarapyndan ýazylypdyr. Bu kitap öz mazmunyna Gündogaryň (Merkezi Aziýanyň) beýik danalary (akyldary) Muhammet Musa al-Horezmi (783-850 ý.), Abu Nasr al-Faraby (873/74-950 ý.), Abu Reýhan al-Biruny (973-1048 ý.), Abu Aly ibn Sina (980-1037 ý.) we Omar Haýýam (1048 – 1131 ý.) ýaly beýik akyldarlaryny alypdyr.

Biz "Abu Aly ibn Sinanyň ömri we ylmy mirasy" atly kitaby ýazmakda ýokarda görkezilen kitabyň maglumatlaryndan peýdalandyk. Kitabyň köp sanly materiallaryny Internet ulgamynda berilýän materiallaryň esasynda ýazdyk. Kitapdan ähli suratlar şu ulgamda berilýän materiallaryň esasynda alyndy.

Biz bu kitapda Abu Aly ibn Sinanyň durmuş ýoluna degişli bolan taryhy maglumatlary, onuň ady bilen baglanyşykly rowaýatlary getirmegi maksat edindik. Bu bolsa türkmen okyjylaryny belli bir derejede ruhlandyrsa gerek. Akyldaryň durmuş ýoly orän täsindir. Ol ömrüniň ilkinji, ýaşlyk döwrüni Buhara şäherinde, soňra Güngençde, Hemedanda, Gürgende, iki ýylyň dowamynda Nusaýda, biraz wagtyň dowamynda Dehistanda, soňra ýene-de Hemedanda, ömrüniň galan 13 ýylyny bolsa Yspyhan şäherinde geçirýär. Beýik akyldar bu şäherleriň käbirinde döwlet ýolbaşçysy hökmünde işlän bolsa, başga bir ýerde zyndana taşlanýar.

Abu Aly ibn Sina orta asyrlar Gündogarynyň, Günbataryň mifiki keşpli alymydyr. Degişlilikde ol öz ideýalaryny üç

taraplaýyn (lukman, filosof, logik) aňladypdyr. Ol öz döwrüne çenli bar bolan bilimleriň ählisini sintezirleýär. Bu bolsa ýazan ylmy traktatlarynda esas hökmünde alynýar. Ibn Sina bu üç granly piramidanyň çür depesi hasaplanylýar.

Akyldaryň ýazan ylmy traktatlary, açyşlary diňe XX asyryň başlarynda duýlup ugralýar we onuň eserleriniň ýokary derejede wajyplygy boýun alynýar.

Biz beýik akyldaryň amala aşyran işlerine dürlüçe seredip bileris. Emma onuň işleriniň köpsanlysy dünýä ylymlarynyň gelejekde ösmegi üçin görnükli itergi berýär.

Beýik lukmanyň durmuşynyň birden gowy bolmagy, birdenkä-de pese düşmegi, onuň döredijilikli ylmy işlerine täsir edip bilmeýär. Ol elmydama adamzadyň saglygy ugrundaky göreşlerinde gijesini-gündizini bilmändir.

Beýik adamlaryň köpüsine şan-şöhrat ölenden soň gelýän bolsa, beýik akyldar entek ýaşap ýören wagtlary özüne degişli bolan rowaýatlary eşidipdir.

Işleriniň käbiri düýbünden ýitýär, köpsanlysy bolsa alymlar, şägirtleri, okuwçylary, işini dowam etdirijiler tarapyndan ýatdan dikeldilýär. Bu bolsa köp sanly ýalňyşlyklaryň, düzedilmeleriň, üstüni doldurmalaryň bolmagy bilen baglanyşykly, hakykatdan has daşda bolýan wagtlary hem bolupdyr.

Bu ýerde biz Abu Aly ibn Sinanyň orta asyrlaryň ajaýyp (unikal) hadysasydygyny belläsimiz gelýär. Emma onuň kimdigini: filosofmy, şahyrmy, geologmy, tebigatçymy, lukmanmy, sazandamy, matematikmi, akyldarmy - taryhda bu beýik adamyň (alymyň, akyldaryň, dananyň) bahasyny goý, her bir okyjynyň özi kesgitlesin.

Sözümizi jemläp aýdanda, Merkezi Aziýanyň beýik akyldary Abu Aly ibn Sina özüniň gysga ömrüniň dowamynda adamzat jemgyýeti üçin bahasyna ýetip bolmajak ylmy-medeni miras galdyrýar. Onuň ylmy we medeni mirasyny uludan-kiçä hemmäniň öwrenmegini we bilmegini wajyp hasap edýäris.

EDEBIÝAT:

Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008

Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.

Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze Galkynyş eýýamy. Aşgabat, 2008.

Nursähet Baýramsähedow. "Gündogaryň beýik danalary". Aşgabat. "Magaryf" neşirýaty. 1992.

Internet ulgamynyň materiallary.

Абу Али ибн Сина и его естественные науки. Ташкент. 1981.

Абу Али Ибн Сина. (К 1000 летию со дня рождения). Ташкент. 1980.

Абу Али Ибн Сина. "Жизнеописание". В книге Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. I книга. Издание II, Ташкент. 1981.

Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. IV книга. Издание II, Ташкент. 1960.

Абу Али Ибн Сина. Канон врачебной науки. III книга. Издание II, Ташкент. 1979.

Абу-л-фазл Бейхаки. История Масуда. М.: 1969.

Асмус Б. Ф. Лекции по истории логики (Авиценна, Р. Бекон, Гоббс, Декарт, Паскаль). М.: 2007.

Аристотель. Метафизика. В кн.: Аристотель. Избранные сочинения. М.: 1968.

Аль-Фарабы. Логические трактаты. Алма-Ата, 1975.

Бартельс Б., Брентьес С. Ибн Сина (Авиценна). Киев, 1984.

Бартольд В. В. Сочинение. Том 1. М.: 1963.

Бартольд В. В. Историко-географический обзор Ирана. Соч. т. VII 1971.

Бертельс Е. Э. Избранные труды. История литературы и культуры Ирана. М.: Наука, 1968.

Булгаков П. Г. Жизнь и труды Бируни. Ташкент, 1972.

Бертельс Е. Э. История персидско-таджикской литературы и культуры Ирана. М.: Наука, 1960.

Бертельс Е. Э. Теория музыки в современной Персии. В кн.: Музыкальная этнография Л.: 1921.

Бертельс Е. Предисловие к книге “Кабус - намэ”, М.: 1958.

Воскобойников В. Лукман Хеким. Ашгабат, “Магарыф”, 1987.

Гафуров Б. Г. История таджикского народа. М.: 1955.

Гафуров Б. Г., Касымжанов А. Х. Аль-Фарабы в истории культуры. М.: 1975.

Григорян С.Н. Из истории философии Средней Азии и Ирана. VII-XII вв. М.: 1960.

Грюнебаум Фон Г. Э. Классический ислам. М.: 1986.

Диноршоев М. Натурфилософия Ибн Сины. Душенбе. 1985.

Кадыров А. А. Саипов У. Т. “Великие ученые – медики средневековья” издательство “Медицина” УЗ ССР. 1988 г.

Касим Г. Ибн Сина. Тегеран. 1981.

Каримов, Классификация наук по Ибн Сине – У. И. Каримов, Классификация наук по Ибн Сине, Материалы первой всесоюзной конференции востоковедов в Ташкенте, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1958, стр. 986-990.

Каримов, Тайна тайн - У. И. Каримов, Неизвестное сочинение ар-Рази “Книга тайны тайн”, Ташкент, Изд-во АН УзССР, 1957.

Крачковский И. Ю. Очерки по истории русской арабистики. М.-Л.: 1950.

Салдадзе Л. Г. Ибн Сина (Авиценна). Ташкент. 1985.

Салдадзе Л. Г. “Ибн Сина (Авиценна) – страницы великой жизни”, Издательство литературы и искусство имени Гафура Гуляма. 1983 г.

Чарыев Г. О. Авиценна и Ренессанс. В кн.: Торжество разума. Душанбе. 1988.

Петров Б. Д. Очерки из истории отечественной медицины. М.: 1966.

Лейц Г. Очерки средневекового материализма. М.: 1962.

Лей Г. Очерк истории средневекавого материализма. М.: 1962.

Матвиевская Г. П., Розенфольд Б. А. Математики и астрономы мусульманского средневековья и их труды (VIII-XIV вв.). Книга 2. Математики и астрономый время жизни которых известно. Издательство “Наука”, Москва 1983.

Мец Адам. Мусулманский Ренассанс. М.: 1966.

Низами Арузы Самарканды. Собрание редкостей или четыре беседы. М.: 1963.

Тождество разума. Душанбе. 1988.

Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации – С. П. Толстов, По следам древнехорезмийской цивилизации, М. – Л., 1948.

Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

Ибн Сина. Даныш-намэ. Сталинабад. 1957.

Избранные произведение мыслителей стран Ближнего и Среднего Востока. М.: 1961.

Ибн Сина. Данышнаме. Сталинабад. 1957.

Ибн Сина. Об образовании гор и минералов (фрагменты из “Книги исцеления”) Избр. произведения мыслителей стран Ближнего и Среднего Востока. М.: 1961.

Из философского наследия народов Востока. Ташкент. 1972.

Рожанская М. М. Механика на средневекавом Востоке. М.: 1976.

Сайфуллаев Н.М. Ибн Сина – логик – новатор. В кн.: Торжество Разума. Душанбе. 1988.

Свободомыслие и атеизм в древности, средние века и в эпоху Возрождения. М.: 1986.

Семенов А. А. Абу Али Ибн Сина (Авиценна) Сталинабад. 1953.

Сагадеев А. В. Ибн Сина (Авиценна). М.: 1985.

Сагадеев А. В. Ибн Сина (Авиценна). Второе издание, М.: 1988.

Серебряков С. Б. Трактат Ибн Сина (Авиценна) о любви. Тбилиси, 1975.

Хайруллаев М. Фараби-эпоха и учение. Издательство “Узбекистан” Ташкент-1975.

Хромов А. Л. Ибн Сина. Книга о душе – в кн.: Ибн Сина. Избранные философские произведение. М.: 1980.

Шахиди Мунира. Ибн Сина и Данте. Душенбе, 1986.

Якубовский, Ибн Сина – Я. Ю. Ибн Сина в кн.: Ибн Сина, Материалы научной сессии АН Уз ССР, посвященной 1000 летнему юбилею Ибн Сины, Ташкент, 1953, стр.5-29.

Якубовский А. Ю. Развалины Ургенча “Известия” Государственный Академии истории материальной культуры. Л.: 1930.

MAZMUNY:

GIRIŞ.....6
IBN SINANYŇ DURMUŞ ÝOLY.....9
ABU ALY IBN SINANYŇ DURMUŞY BARADA HALK ARASYNDA GALAN ROWAÝATLAR 34
ABU ALY IBN SINANYŇ LUKMANCYLYK YLMYNA DEGIŞLI YLMY IŞLERI
1. Abu Aly ibn Sinanyň medisina degişli ylmy işleri.....55
2. Gippokratyň ömri we döredijiligi.....77
3. Klawdiý Galeniň ömri we döredijiligi.....84
4. Abu Bekr Muhammet Zakiriýa ar-Razy.....87
5. Lukman Hekimiň käbir emleri.....95

ABU ALY IBN SINANYŇ FILOSOFIÝA DEGIŞLI TRAKTATLARY
1. Ibn Sinanyň filosofiýa degişli ylmy işleri.....97
2. Aristoteliň ömri we döredijiligi.....110
3. Abu Nasr al-Faraby we onuň gysgaça durmuş ýoly.....114
4. Ibn Rüşdäniň ömri we döredijiligi.....118

ABU ALY IBN SINANYŇ LOGIKA YLMYNA DEGIŞLI IŞLERI…….....120
ABU ALY IBN SINANYŇ BEÝLEKI YLYMLAR BILEN BAGLANYŞYKLY IŞLERI
1. Matematika bilen baglanyşykly ylmy işleri.....135
2. Akyldaryň astronomiýa bilen baglanyşykly işleri.....136
3. Tebigy ylymlara degişli işleri 141
4. Saz we onuň teoriýasy bilen baglanyşykly işleri.....145
5. Dil we edebiýat bilen baglanyşykly ylmy traktatlary.....152
6. Geologiýa bilen baglanyşykly işleri.....160

ABU ALY IBN SINANYŇ DURMUŞ ÝOLY BILEN BAGLANYŞYKLY KÄBIR GADYMY ŞÄHERLER
1. Gadymy Buhara şäheri.....165
2. Gadymy Gürgenç şäheri.....169
3. Gadymy Hemedan şäheri.....175